**Annaýew A.G., Allanurowa A.G.**

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI

**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby**

**Aşgabat – 2010**

**Annaýew Ata Geldiýewiç, Allanurowa Akjeren Gulgeldiýewna**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Okuw kitapda döwür bilen aýakdaş ösýän Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ylmy esaslary, onuň düzüm gurluşy we aýratynlygy, amala aýyrylýan özgertmeleriň strategiýasy we taktikalary, şeýle hem döwletiň maliýe-büjet syýasaty, sebitleriň durmuş-ykdysady ýagdaýy beýan edilýär.

Olardan başga hem kitapda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş döwürleri, geljekki ösüşler bilen bagly ýurdumyzyň mümkinçiliklerini häsiýetlendirýän maglumatlar berilýär.

Kitap Türkmenistanyň Bilim Ministrligi tarapyndan tassyklanan okuw maksatnamasyna laýyklykda taýýarlandy.

Kitap ýokary okuw mekdepleriň talyplary, mugallymlary, şeýle hem ylmy işgärler, hünärmenler üçin niýetlenýär.

## Giriş

Ykdysadyýet we döwür, ykdysadyýet we jemgyýet ýaly düşünjeler elmydama dürli görnüşli gatnaşyklarda hereket edýär. Islendik gatnaşyklarda ykdysadyýet uly zerurlyk hökmünde adamzat jemgyýetiniň durmuşynyň mazmunynda esasy orun tutuýar, sebäbi ykdysadyýet durmuşyň öňe tarap gitmegine itergi beriji güýçdir. Diýmek, ykdysadyýet hem durmuşy, hem döwri kesgitleýär. Başgaça, ykdysadyýetsiz ýaşap bolmaýar. Ýöne ykdysadyýetiň gurluşynyň sazlaşykly bolmagyny gazanmak, ony netijeli işletmek möhüm mesele hasap edilýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynda ýüze çykýan durmuş – ykdysady meseleleriň oňyn çözülmegine döwlet tarapyndan ýardam berilýär we durmuşa ornaşdyrylýar. Şonuň üçin hem islendik döwlet gurluşynyň möhüm bölegini ykdysadyýet düzýär.

Garaşsyzlygy gazanan her bir ýurtda hökmany suratda çylşyrymly düýpli iki mesele netijeli çözgüdi talap edýär. Olaryň biri jemgiýetçilik gurluşyny saýlamak bolsa, ikinjisi ykdysady özgerişlerdir. Ýurt boýunça ösüş we syýasy durnuklylyk hut şu meseleleriň çözgütleriniň kesgitlenilişine baglydyr. Ykdysadyýetiň kämil, sazlaşykly hem çeýe ösüşi üpjün edýän milli nusgasynyň jemgiýetiň islegini kanagatlandyrmagy şeýle hem döwletiň makroykdysady ugry bilen utgaşykly bolmagy asudalyga itergi berýär.

Şeýlelik bilen, ykdysadyýet durmuş diýen manyny aňladyp, ol jemgiýetiň ýaşaýyş derejesini ölçeýän ylymdyr. Ykdysadyýetde aýratynlyklaryň ýa-da meňzeşligiň döwürler boýunça ýüze çykmagy adaty ýagdaýdyr. Umumy adamzadyň eşretli durmuşyny, adalatly jemgiýeti gurmakda dünýä döwletleriniň her haýsynda ykdysadyýet özboluşly orun tutýar. Her bir ýurt kesgitlän maksasadyna laýyk özüne mahsus ýoly saýlap alýar. Göz öňünde tutulan tebigy – taryhy, tebigy baýlyklar, geosyýasy faktorlar ilatyň intellektual derejesine,

senagatyň we ähli ykdysadyýetiň ösüşine, halkara gatnaşyklara täsir edýär. Bu bola, öz nobatynda, döwletiň kuwwatynyň artmagyna, ilatyň ýaşaýşynyň gowulaşmagyna alyp barýar.

Garaşsyz Türkmenistanda ykdysadyýet döwlet gurluşygynyň möhüm düzüm bölegidir. Döwlet garaşsyzlygy, ykdysady taýdan özbaşdaklyk, bütin dünýäde hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi Türkmenistanyň ähli taraplaýyn ösüş ýoluna düşmegine giň ýol açdy.

Täze Galkynyşyň we beýik özgertmeleriň zamanasynda ykdysadyýetiň ösüşi ýurtdaky özgerişleriň many-mazmunyny aňladýar. Diňe täzelikleri ornaşdyrmak we özgertmeleri geçirmek ykdysady babatda ösüş aňlatmaýar. Ilkinji nobatda ösüşiň maksadynyň mazmunyna akyl ýetirmek, düşünmek zerur. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň milli nusgasynda geçirilýän özgertmeler öz beýanyny tapdy, mili nusganyň özgertmeleriň baş maksady adamyň abadançylygydyr, onuň ruhy we akyl (intellektual) taýdan ösüşidir.

Durmuş üpjünçiligim ylym we bilim, saglygy goramak, ýangyç-energetika toplumy, ulag we aragatnaşyk, gurluşyk, medenýet, kanunçylyk, maliýe ulgam we beýleki pudaklar boýunça işler ösen dünýäniň talaplarynyň derejesinde alynyp barylýar.

Baş wezipe – Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan nusgalyk derejä götermek, ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmekdir.

Baş wezipäni amala aşyrmak esasy wezipeleriň ýerine ýetirilişine baglydyr, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- türkmeniň taryhy gymmatlyklaryny nazara almak bilen döwletimiziň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak;
- ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak;
- jemgiýetimizi ruhy taýdan has-da kämilleşdirmek bilimi, ylmy we medenýeti, sporty yzygiderli ösdürmek;
- halkara hyzmatdaşlygyna işjeň goşulyşmak.

Täze galkynyşynyň eýýämynda düýpli özgertmeleri işjeňlik bilen ýerine ýetirmek üçin, ilkinji nobatda ilatyň hünär

ussatlygynyň, biliminiň we medenýetiniň ösen dünýäniň derejesinde bolmagyna zerurlyk döredýär. Şonuň üçin hem, ykdysadyýetde bazar mehanizmini herekete getirmek, hukuk gatnaşyklaryny halkara kadalaryna laýyk alyp barmak we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek ýaly ugurlara aýratyn üns berilýär.

Durmuş üpjünçiligini, ylym-bilim ulgamy, saglygy goramak, medeniýet we sport, syýahatçylyk barada kararlar kabul edildi we durmuşa geçirilýär.

“Awaza” milli syýahatçylyk zolagy, Türkmenistan – Hytaý, Türkmenistan-Gazagystan – Russiýa gaz geçirijisi, Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demir ýol geçelgesi, diňe ýurdumyzyň däl, eýsem sebitiň, hatda beýleki dünýä ýurtlarynyň hem bähbitlerinden ugur alýar. Olar ýurdumyzyň amatly geografiki taýdan ýerleşdirilişi ýerlikli peýdalanylýandygyny görkezýär. Şeýle transmilli ulag ulgamy ygtybarly halkara gatnaşyklaryny üpjün eder.

Garaşsyzlyk ýyllarynda biziň ýurdumyzda döwrebap ulag we aragatnaşyk ulgamy döredilýär, Tejen-Sarahs-Maşat, Aşgabat-Garagym-Daşoguz, Tükmenabat-Aşgabat demir ýollary we awtomobil ýollary guruldy. Olar daşary ykdysady gatnaşykalary ösdürmäge uly mümkinçilik berýär.

Türkmenistan maksatly tapgyrlar boýunça ösýär: durnukly ykdysady ösüş, dünýä ýurtlary bilen ykdysady hyzmatdaşlyk, goşulyşmak arkaly ägirt uly taslamalary amala aşyrmak, dünýä ýurtlarynyň hatarynda öňdeligi eýelemek, ilatyň ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak, täze obalary, şäherleri gurmak we ş.m. ugurlar boýunça netijeli işler durmuşa geçiilýär.

Döwür bilen aýakdaş ösýän Türkmenistanyň ykdysady we durmuş derejesini ylmy taýdan öwrenmek milli ykdysadyýetiniň geçen we häzirki döwürdäki derejesine baha bermäge, şeýle hem, geljekki ösüşleriň ýoluny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzda geçirýän beýik özgertmeleriniň şertlerinde has-da

derwaýysdyr. Şu babatda ýurdumyzy geljekde hem uly üstünliklere alyp barýan ukyply ýaş hünärmenleri taýýarlamak wajyp meselä öwrülýär. Olar diňe ökde hünärmenler bolman, milli ykdysadyýetiň ösüşinde ýüze çykýan meseleleri netijeli gözlegi we şoňa baglylykda ilatyň durmuş-ýaşaýyş derejeleri yzygiderli ýokarlandyrmagyň ugurlaryny anyklamagy başarmalydyrlar.

Alymlaryň bellemegine görä globallaşmagyň geriminiň giňelmegi bilen milli we dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde köp zatlar üýtgeýär, aragatnaşyk has-da ýygjamlaşýar. Dünýä ýurtlarynyň arasynda maýa goýumlaryň möçberi ulanýar, alyşyp-çalşylýan maglumatlar köpelýär, işçi güýçleriniň migrasiýasy ösýär. Öndürilýän harytlaryň we ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, hili çalt üýtgeýär. Transmilli korporasiýalaryň sany we täsiri ösýär. Şeýle ýagdaýda milli ykdysadyýetiň mazmunyna düşünmek aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýar. Bu ýerde gürrüň okuw kitaby barada däl-de, her bir adamy raýata öwürýän bilimleriň toplumy barada barýar. Häzirki zaman dünýäsiniň özboluşlygyny diňe glaballaşmak kesgitlemeýär, oňa hil taýdan täze jemgyýetiň emele gelip başlamagy hem täsir edýär. Oňa gatyşyk jemgyýet hem diýilýär. Ol geçiş döwrüni aňlatmaýar, ol hil babatda düýüpden täze jemgyýetiň görnüşidir.

Bu jemgyýete eýeçiligiň dürli we utgaşdyrylan görnüşleri häsiýetlidir, olaryň her haýsy beýlekiden oňat bolmasa-da ulanyşda öz ornuny tapýar.

Dürli ýurtlardaky şu görnüşleriniň gerimi milli ykdysadyýetiň ähli faktorlaryny şekillendirýärler. Gatyşyk jemgyýetde hojalygyň köp düýpli görnüşleri, dürli düzüm gurluşly raýat jemgiýeti hereket edýär, synplaryň we ilatyň durmuş taýdan gatlaklarynyň arasyndaky tapawut aradan aýrylýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ykdysadyýetine şu aýratynlyklar degişlidir:

1. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly ýokary ösüş depginleri, durmuş goraglygy üpjün etmäge gönükdirilmegi. Ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-ň möçberi boýunça dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna goşulmaga çalyşýar.
2. Häzirki döwürde ýurdumyzda ylym-bilim intelektual ösüş ruhy we beden taýdan jemgyýet ileri tutulýar. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň geljegi ylmy köp talap edýän önümçilige degişlidir. Ylmyň – bilimiň ileri tutulýan döwründe jemgiýetiň ösüşiniň aýgytlaýjy faktory ylmy we bilimi mundan bu ýana hem ösdürmek,saglygy goraýan, medeni, sungat we sport edaralaryň kuwwatly aýlamyny, döretmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda milli ykdysadyýetiň netijeli işlemegi köp derejede adam maýasynyň hil derejesine baglydyr. Uzakmöhletli strategiýada adam maýasyna gönükduirilýän serişdeler netijeli diýip hasap edilýär. Türkmenistanyň döwleti geljek döwürdäki syýasatynda bu ugurlara berilýän ünsi güýçlendirmegi möhüm wezipe diýip hasap edilýär. Bu bolsa döwletiň uzakmöhletli strategiýasy hökmünde çykyş edýär.
3. Häzirki döwrüň çylşyrymlaşýan ýagdaýynda giňgerimli, ynamly we ygtybarly halkara gatnaşyklaryň ähmiýeti ulanylýar. Neşekeşlige we beýleki zyýanly endiklere göreşi göreş döwletiň işiniň möhüm ugruna öwrülýär. Hakyky bäsdeşligiň şertlerinde döwletiň haýsy aladalarynyň biri obasenagat toplumyny ösdürmek we azyk howpsyzlygyny üpjün etmek bilen çäklenmän, azyk bolçylygyny döretmekden ybaratdyr. Energiýa şeýle hem çig mal, daşky gurşawyň, maglumat howupsyzlyklaryna möhüm üns berilýär.
4. häzirki döwürde milli ykdysadyýetiň ösüşi daşary ýurt maýalaryna islegi artdyrýar. Şeýle ýagdaý hemme ýurtlar üçin kanunalaýyklykdyr. Şu işde esasy üns göni maýa goýumlara berilýär. Göni maýa goýumlar-bu iş bilen üpjünçiligini gowylandyrmak, zähmet hakyny ýokarlandyrmak, girdejini almak, bazary harytlar we hyzmatlar bilen ýeterlik derejede üpjün etmek.

Milli ykdysadyýeti ösdürmegiň mümkinçilikleri hojalygy herekete getirýän güýçler, ýagny mehanizm arkaly durmuşa geçirilýär. Hut şonuň üçin hem hojalyk mehanizmi ykdysadyýetiň öňe gitmegine itergi beriji güýç diýip hasap edilýär. Hojalyk mehanizmi ykdysadyýeti sazlaşykly alyp barmaga ýardam berýän göni we gytaklaýyn usullaryň toplumyny aňladýar. Ýagny oňa eýeçiligiň dürli görnüşleriniň goraglygy, maliýe-karz we salgytlar ulgamy, monopoliýa garşy göreş we bäsdeşligi ösdürmek syýasaty, bahalar we girdejiler syýasaty, geljekki ýagdaýlary çaklamak we başgalar. Hojalyk mehaniziminiň toplumy durnukly, emma ömürlik bolmaly däldir. Durmuş elmydama täzelenilişe, özgermelere, gaýtadan täzeçe gurmaga talap bildirýär.

Milli ykdysadyýete diňe okuw dersi däl-de has giň garalanda, oonda ol ýurdumyzy ösdürmegiň uzakmöhletli strategiýasyny işläp taýýarlamagyň başlangyç nokady hökmünde çykyş edýär. Biziň geljegimiz hut şunuň ýaly strategiýa baglydyr.

Ýurdumyzyň ykdysady gurluşynyň hereketi barada düşünjäni döretmek, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň nusgasyny we strategiýasyny, ýagny baş ugruny kesgitlemek milli ykdysadyýet dersini öwretmegiň maksadydyr.

Milli ykdysadyýet adalga hökmünde ylmy dersi we öwrenilýän predmeti aňladýar.

Milli ykdysadyýetiň predmeti ýurdumyzyň ykdysady ösüşine täsir edýän öndüriji güýçleriniň, önümçilik ykdysady gatnaşyklaryň, hojalygy ýöretmegiň durmuş-medeni däp-dessurlaryň we gymmatlyklaryň jemi hökmünde kesgitlemek bolar.

Milli ykdysadyýet önümçiligiň şertlerini, onuň netijelerini özara baglanyşdyryp bütewi hojalyk gurluş hökmünde emele gelýär, ol ýurduň bütewi hem ýeke-täk ykdysady ulgamydyr. Emma şeýle bütewilik birden döremeýändigi mälimdir. Milli ykdysadyýet bütewi ulgam

hökmünde öndüriji güýçleriň belli bir ösen derejesinde emele gelýär. Ýagny zähmet bölünişiginiň ýeterlik derejesinde önümçilik gatnaşyklarynyň zähmeti netijesinde olaryň özaralarynda öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş we sarp etmek ýaly toplum işleriň yzygiderli amala aşyrylmagyny üpjün etmekdir. Hut şeýle toplumy işler ýurdyň ykdysadyýetini bütewi hojalyk ulgamyna öwürýär. Ol bolsa milli ykdysadyýetiň predmeti hökmünde çykyş edýär. Milli ykdysadyýetiň bütewiligine nazarda tutmak bilen şu ders makro, mezo we mikroykdysady gatnaşyklary öwrenmäge esas döredýär. Hojalyk işleriniň netijelerine diňe ykdysady resurslar täsir etmeýär, ykdysady däl faktorlar hem belli orun tutýarlar. Hut şonuň üçin hem bu ders beýleki dersler bilen özara gatnaşykdyr. Milli ykdysadyýet ylmy we okuw dersi, hökmünde çatyrymly düşünleri, usullary, ýurdyň ykdysadyýetiniň ösmegine täsir edýän faktorlary öz içine alýar. Bu ýurdyň geografiki ýerleşişine, demografiki, etnografiki, politologiýa we ş.m. faktorlara, şertlere we meselelere degişlidir. Milli ykdysadyýet “ykdysady nazarýet” dersinden tapawutlykda özara hereketdäki dürli bazarlaryň standart ýörelgesinde we döwletiň ykdysady syýasatynda öz ünsüni jemleýär.bu ders ýurdyň ykdysadyýetini, emele gelen hakyky şertlerde, ösdürmek üçn nazary esaslaryň ulanylýan ugurlaryny, olaryň durmuşa geçirilişini beýan edýär. Milli ykdysadyýet ýurduň umumy we ýörite aýratynlyklaryny nazarda tutup, ykdysadyýetiň ösüşiniň milli nusgasyny beýan edýär.

Milli ykdysadyýeti öwrenmegiň usulýeti ähli ykdysady dersler üçin umumy we ýörite ýörelgeleri, çemeleşmeleri we usullary özüne birleşdirýär. Her ýurt ýaşaýyş üçin zerur şertleri ulanyp, belli bir durmuş – ykdysady ulagamyň çäklerinde ösýär. Olaryň arasynda üç toplum meseleleri tapawutlandyrmak mümkin: ýurdyň ösüşine täsir edýän tebigy faktorlar; önümçilik-ykdysady binýat we durmuş – medeni däp-dessurlar, ýörelgeler. Ähli ýurtlar şu şertleriň dürli

derejelerine we utgaşmalaryna eýe bolup, ösüşiň esasy ugryny tapmaga çalyşýarlar, esasy ugur-bu serişdeleri has netijeli ulanmaga we kesgitlenen maksady durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär.

## Milli ykdysadyýetleriň görnüşleri

- ykdysadyýetiň toparlara bölünişi;
- bazar ykdysadyýetiniň nusgalary;
- ykdysadyýete globallaşmagyň täsiri.

Netijeli ykdysady syýasy, ykdysadyýetiň mundan buýana ösüşini çaklamak ykdysadyýeti herekete getirýän güýçleriň, ýagny hojalyk mehaniziminiň, logikasyna, yzygiderligine düşünmegi talap edýär. Şu nukdaý nazardan her bir ýurt özüne masus hojalyk mehanizimini we ösüşiniň has netijeli ugruny saýlap almaga çalyşýar.

Ösüşiň netijeli ugruny kesgitlemäge dünýä ýurtlarynyň tejribesi ýardam berýär. Dünýä boýunça synag edilen ykdysadyýetiň nusgalarynyň ýörite aýratynlyklary ýüze çykarylýar. Çünki her bir ykdysady nusganyň mümkinçilikleri çäklendirilen. Dünýä alymlarynyň teklip etmewgi bilen çäklendirilen mümkinçilikleri jemi içerki önümiň umumy we onuň jan başyna düşýän möçberi ýaly görkezijiler arkaly aýan etmek bolýar. Çünki şu özara bagly iki görkeziji öndüriji güýçleriň ösen derejesini häsiýetlendirýär.

BMG-ň teklibi boýunça dünýä ýurtlary ykdysadyýetiň ösüp ýeten derejeleri boýunça üç topara bölünýär:

- bazar ykdysadyýetine esaslanýan ösen ýurtlar;
- bazar ykdysadyýetine esaslanýan ös-ýän ýurtlar;
- merkezleşdirilen – buýruk beriji ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlar.

BMG-nyň düzümine girýän senagat taýdan ösen we girdejileriniň derejeleri ýokary ýurtlar ykdysady hyzmatdaşlyk

we ösüş  Guramasyna birleşdiler. Olaryň arasynda girdejiniň has ýokary derejesini gazanýan ýedi ýurt – ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Kanada, Italýa – uly üstünliklere eýe bolýar, soňra oňa Russiýa hem gatnaşyp, bu topar “uly sekizlige” öwrüldi. Şeýle hem bu topara Turkiýe, Meksika, Çehiýa, Wengriýa we Günorta Koreýa girizildi. Şu sanalan ýurtlar beýleki ösen her bir ýurda görä, JIÖ-ni köp öndürýär.

Ösýän ýurtlar – Aziýanyň we Afrikanyň, Latyn Amerikanyň 132 döwleti girdejileriniň kiçi we orta derejeleri häsiýetlidir. Olar dünýä boýunça JIÖ-ň 40% töweregini öndürýärler, olaryň eksporty dünýä möçberiniň 26%-e barabardyr.

Bazar ykdysadyýetiniň geçýän ýurtlar 28 döwletden ybaratdyr. Olary sebitler boýunça iki topara bölýärler. Birinji topara Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ýurtlary, ikinji topara – GDA-nyň ýurtlary we Mongoliýa girýär. Hytaýyň özgertmeleri işjeň amala aşyrýandygyna we senagaty ösdürmegine garamazdan, ol ösýän ýurtlaryň toparyna girýär. Bu ýurtlar  dünýä boýunça JIÖ-ň 5% - i öndürýärle, olaryň eksport dünýä möçberiniň 3%-ne barabardyr.

Türkmenistan bazar ykdasadyýetine geçýän ýurtlara degişlidir.

Başga bir görkeziji – “Ilatyň jan başyna düşýän girdejiniň derejesi” – Bütindünýä banky ulanylýar. Bu bank ähli ýurtlaryjan başyna düşýän girdeji boýunça toparlara bölýärler hem-debu görkezijini ösüşde yza galýan ýurtlara halkara kömegini bermek üçin peýdalanýar. Şu usulnama boýunça dünýä ýurtlary dört topara bölünýär (200ý.):

- pes girdejili ýurtlar;
- girdejileri orta derjedän pes ýurtlar;
- girdejileri orta derejeden ýokary ýurtlar,
- ýokary girdejili ýurtlar.

Türkmenistan XXI-nji asyrda üçünji topars, ýagny girdejisi orta derejeden ýokardaky ýurtlaryň hataryna girýär.

Dünýä bazarynda milli ykdysadyýetleri açyklyk derejesi boýunça, Bütindünýä banky bäş topara bölýär. Milli ykdysadyýet açyk we ýapyk görnüşi bolup biler, JIÖ-de eksport boýunça tutýan paýy 10%-den az ýurtlar aşakgy topara ykdysadyýeti ýapyk ýurtlara, 35%-den köp ýurtlar ýokary topara ykdysadyýeti açyk – ýurtlara degişli edilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlar Türkmenistany hem goşmak bilen, örän açyk ykdysadyýete degişlidir, bu ýurtlarda eksportyň paýy JIÖ-de uludyr. Türkmenistanda bu görkeziji 50% -den hem gowrakdyr.

Milli ykdysadyýetleriň başgada bir näçe toparlaräa bölýärler. Olaryň arasynda özboluşly durmuş – ykdysady şertlerini ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşyny, bäsdeşlikde artykmaçly, däp-dessurlary we peýdalanylýan strategiýanyň görnüşlerini nazarda tutýan ykdysadyýetiň nusgalary uly gyzyklanma döredýär. Şu ugurda bazar ykdysadyýetiniň nusgalary ähmiýetli orun tutýarlar.

Ösen ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň nusgalary senagat taýdan ösen, maglumatlar jemgiýeti adyny alan täze siwilizasiýa ugur alan ýurtlarda ulanylýar. Milli ykdysadyýetiniň şu nusgasy dünýä ilatynyň 15.6%-ne degişlidir. Emma ol ýer ýüzündäki harytlaryň we hyzmatlaryň esasy öndürijisi we sarp edijisi bolup çykyş edýär, dünýä boýunça JIÖ-ň 50% -den gowragyny öndürýär we onuň üçin dünýä ýurtlarynyň resurslarynyň esasy bölegini peýdalanýar. Ylmy barlag we synag-konstruktorlar işlerine bütün dünýä boýunça sarp edelýän harajatlaryň 95%-i şu ykdysady nusgany peýdalanýan ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Milli ykdysadyýetiň şu paýyna düşýär. Milli ykdysadyýetiň şu nusgasynyň häsiýetli aýaratynlykary:

- intensiw görnüşli önümçilik;
- köpçülikleýin iri önümçilik, ol barha giňelýän maglumatlar we kommunikasion (ýagny ragatnaşyklar) giňişlige esaslanýar. Bu giňişlik bolsa, öz nobatynda, kompýuter we

täze tehnologiýalara, şeýle-de, globallaşýan maliýe – bank aýlymlaryna daýanýar;

- tehniki ösüşiniň resurslaryny tygşytlýan görnüşi;
- içerki bazarlarda harytlaryň gereginden artyk bolmagy. Şeýle ýagdaý hil boýunça bäsdeşligiň öňe çykmagyna we önümçiligiň diňe standart däl-de, tapawutlandyrylan islegleri kanagatlandyrmagyna şertleri döredýär;
- sarp edşde maddy däl hyzmatlarynyň paýynyň artmagy;
- standart däl çözgütleri kabul etmäge ukyply, ýokary derejedäki hünärli işgärleriň zähmetine bildirilýän talabyň güýçlenmegi;
- adam maýasyny ösdürmäge harajatlaryň ösmegi, ýagny adam maýasyna gönükdirýän serişdeler, maddy önümçilige garaňda, has çalt ösýär;
- hojalygy ösdürmekde täze ileri tutulýan we çäklendirilýän ugurlar;
- hojalykda senagatyň ösüşi ekologiýa baglylykda alnyp barylýar;
- durmuş faktorlarynyň ähmiýetiniň barha ulanylmagy.

Ösen ýurtlar durmuş ugurly edaralary pugtalandyrmaga ilatyň alýan girdejileriniň aratapawudyny azaltmaga ymtylýarlar. Şunuň ýaly maksatlar üçin ösen ýurtlar JIÖ-ň 20-den 30%-e çenli bölegini sarp edýärler, Türkmenistan ösen ýurtlaryň hatarynda durnukly orun tutmaga çalyşýar. Şonuň üçin hem biziň ýurdumyza olaryň ösüşleriniň esaslaryny öwrenmek belli bir ähmiýete eýe bolýar. Şu düşünjeleri özleşdirmäge ýardam berýär:

- ylmy-tehniki ösüşiň depginlerine we has ýokary derejede ösen ykdysadyýeti kadalaşdyryjy çärelerine esaslanyp, geljekki ösüşleriň ugurlary anyklanylýar;
- hojalykdaky ýörelgeleriň netijeligi kesgitlenilýär. Çünki bu ýörelgeler köp derejede ösen ýurtlaryň içerki bazaryna, onuň teklip edýän tehnologiýasyna we kapitalyna baglydyr;

- ýurduň daşky ykdysady we içerki bazardaky üstünligi getirýän gatnaşyklary öňünden kesgitlemäge mümkinçilik açylýar.

Ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetleriniň nusgalaryny XIX, XX we XXI asyrlarda syýasy garaşsyzlygy alan 125 döwlet girýär. Bu ýurtlarda bütindünýäniň ilatynyň 77.9% ýaşaýar. Olaryň paýyna dünýä boýunça öndürilen önümleriň 37%-i, dünýä ýurtlaryna eksportynyň 20%-i düşýär. Bu ýurtlara aşakdaky sanalan alamatlar degişlidir:

- oba hojalyk önümçiliginiň we çigmaly gazyp alýan senagatyň agdyklyk etmegi;
- önümçiligiň tehniki binýadynyň yza galyklygy;
- ykdysadyýetiň dürli düzümi gurluşynyň bolmagy;
- ilatyň hünärlik derejesiniň peseligi;
- ýurdyň maýalarynyň ýeterlik bolmzlygy;
- ilatyň girdejisiniň azlygy, şonuň netijesinde ilatyň süýşürintgi serişdelerini azlygy we içki bazaryň sygymynyň kiçiligi;
- maýa goýularyň kiçi derejesi;
- önümçiligiň gowşak ösmegi netijesinde iş bilen üpjünçiliginiň pes derejesi.

Ykdysady ösüşiň güýçlerini hereketlendirmäge şu durmuş bilen bagly ýagdaýlar (ykdysady däl faktorlar) ünsi özüne çekýär:

- ykdysady ösüşiň täsirini gowşadýan ilatyň ösüşiniň ýokary depgini;
- ilatda bazar mentalitetiniň ýoklygy;
- parahorlygyň we korrupsiýanyň barlygy.

Ösýän ýurtlaryň hataryna Türkmenistan hem girýär, emma ol özüniň durnukly ösüş depginleri, önümçiligiň we gumanitar ulgamynyň edaralarynyň täze döwrebap görnüşlerini döretmäge, olary iň täze tehnologiýalarwe enjamlar bilen üpjün etmek, bilimi, ylmy, intellektual ösüşi ýaýbaňlandyrmak boýunça ösen ýurtlaryň derejesinde orun tutmaga çalyşýar. Türkmenistan garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden, durmuş

ugurly, ewalýusion häsiýetli ykdysady özgertmeleri maksatlaýyn tapgyrlar boýunça geçirmegi, bazary kadalaşdyrmakda döwletiň öňdebaryjy orny, ykdysadyýetiň köp gurluşygy hoşniýetli halkara gatnaşyklar hem-de ilatyň döwlet syýasatyny tutuşlygyna agzybirlik bilen goldamaga işjeň gatnaşmagy Türkmenistany dünýäniň köp ýurtlaryndan tapawutlandyrýar.

Ýokary depginli ýa-da çaltlandyrylan ösüşiň nusgasy milli harytlaryň bäsdeşlige ukyplygyny üpjün etmekde we şonuň bilen birlikde tehnologiýany ulanmakda okgunly böwsüşi herekete getirýän güýçleri beýan edýär. Şu nusga ösen ýurtlaryň yzyndan çalt ýetmegi maksat edinýär. Ol hereket edýän önümçiligi giňeltmäge esaslanýan ösüşiň ýoluny netijesi pes diýip hasap edýär.

Ýokary depginli ösüşiň nusgasy hereket edýän ykdysadyýeti düzüm gurluş we senagat taýdan uzakmöhletli strategiýa boýunça özgertmeleri nazarda tutýar.

Oňa mysal hökmünde, ikinji jahan urşundan soňky ýyllardaky Ýaponiýany we häzirki döwürdäki Hytaýy mysal getirmek bolar.

Çaltlandyrylan ösüi saýlap alan ýurtlar senagaty gysga wagtda döwrebaplaşdyryp kämilleşdirmegi, degişli tehnologiýa bilen üpjün bolmagy üçin birinji meseläni çäzmeli bolýarlar. Ýagny önümçiligi täze tehnologiýa bilen üpjün etmek üçin resurs ýetmezçiligini bilen bagly meseläni çözgüdine zerurlyk döreýär. Dünýä tejribesi çözgüdiniň üç görnüşini salgy berýär: lisenziýany satyn almak, enjamlary satyn almak, daşary ýurt maýalaryny peýdalanmak.

Ýaponiýa lisenziýalary ulanýardy. Ösüşiň şu görnüşi, ösen ýurtlardaky ýaly, önümçiligi döretmäge mümkinçilik berýär. Halkara bazarda bäsdeşlerden öňürti täze önümi (görnüşi ýa-da hili boýunça) teklip etmäge ýagdaý döreýär we bäsdeşlikde öňe çykylýar.

Hytaý ýetmezçilik edýän tehnologiýany başga ýol bilen-daşary ýurt maýalaryny gönümel önümçilige çekmek arkaly

çözdi. Daşary ýurtlary Hytaý ýurdyna maliýe serişdeleri belen birlikde tehnologiýalary, täzelenilişi we bazar menejetjeli bolde, ol içerki bazary gysga wagtda giňeldi, içerki bazarda isleg köpeldi we ýurdy senagat taýdan özgertmekde täze derejä çykardy. Häzirki wagtda Hytaýda daşary ýurt maýalaryny gönümel önümçilige çekmek täze döwri başdan geçirýär, şu ugurda işjeňlik ýokarlanýar.

Çaltlandyrylan ösüşiňnusgasy bilen batly ikinji mesele adam maýasyna we milli ylma goýuşlary gönükdirilmegi zerurlyk özleşdirmek üçin gerek. Olarsyz enjamlar netjeli işlemeýär. Çünki satyn alnan tehnologiýa ahlak taýdan könelýär. Adam maýasy bolsa gelejekki ösüşlere kuwwatly itergi beriji güýç hökmünde çykyş edýär. Bilimi bilen täze döredijilik ykdysadyýeti döwrebap ösdürmegiň başlangyjydyr.

Şu nusgany ulanmak bilen bagly üçünji mesele ýurdyň çäkli serişdelerini ýurdyň çäkli ösüşegetirýän kiçeňräk, emma möhüm meseleleleriň çözgütlerini tapmakdan ybaratdyr.

Şu wezipeleri jemläp ýerine ýewtirýän döwlet guramalary işjeň hereket edip, onuň amatly çözgütlerini gözleýärler. Bazar bäsdeşlik edýän hojalyklaryň diňe hususy bähbitlerini durmuşa geçirýär, döwlet bolsa ykdysady ösüşiň gündelik ýörelgesini ýurdyň uzakmöhletli strategiki maksatlary pugta baglanşdyrýar.

Häzirk döwürde Günorta-Gündogar Aziýynyň ýurtlary senagat taýdan bokary depginli batly orun tutdylar. Olar bäsdeşlige ukyply önümleriň köpçülikleýin önmçiligini ýola goýdylar, özleriniň arzan işçi güýçleriniň bazarlarynyň artykmaçlygyny ýerlikli ulanýarlar.

Ýaponiýa hem öň şeýle strategiýa eýerýärdi. Soňra bu ýurdyň ýaşaýşyny häsiýetlendirýän ölçeg görkezijiler – standartlar-ýokarlandy, işçi güýji gymmatlady we Ýaponiýa dünýä bazarynda tutýan ornuny pugtalandyrmak üçin başga artykmaçlyklary saýlap başlady. Ýaponiýa tehniki ösüş ugurda öňdeligi eýelemäge ugur alyp, başga strategiýalary ulanmaga başlady. Bu bolsa onuň çaltlandyrylan ösüşiň nusgasyndan

geçip bäsdeşlerinden has öňe gidenligini aňladýar. Ýaponiýa häzirki wagtda ösüşiň innowasion nusgasyna tarap ugur aldy.

Çaltlandyrylan ösüşiň nusgasy hakykatdan hem çäkli. Emma şu nusganyň ýoly bilen gitmek öz hususy tehnologiýalaryny işläp taýýarlamaga we özleşdirmäge geçmek üçin mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistan çaltlandyrylan ösüşiň nusgasynyň köp taraplaryny ykdysady ösüşi gazanmak üçin ulanýar. Olaryň käbir ugurlary:

- ösüşiň uzakmöhletli strategiýa bilen özara baglygy. Diňe bazaryň özboluşly akymyna esaslanmak mümkin däl. Ykdysady ösüşi strategiýa esaslanyp öňe gitmek oňa maksada okgunly hereket etmäge, täze tehnologiýalary çaltlyk bilen özleşdirmäge ýol açýar;
- ykdysady ösüşe täsir edýän uzakmöhletli faktorlaryň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin döwlet syýasatynyň düzüm gurluşy kämilleşýär;
- bili-ylym ulgamyny Türkmenistanda ileri tutmak we olary ösdürmek üçin degişli maliýe serişdelerini gönükdirmek.

Dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýetlerine global üýtgeşmeler belli bir derejede täsir edýärler. Ýurtlaryň bir topary bäsdeşlik boýunça artykmaçlyklaryndan peýdalanyp öz girdejilerini artdyrýarlar. Beýlekiler bolsa ýitgi çekýärler.

Dünýäniň ähli ýurtlary üstünlige alyp barýan milli ýoly gözleýärler. Globallaşmagyň bildirilýän täsiriniň grşysyna belli bir çäreler taýýarlanyldy.

Ykdysady ösüşi innowasiýa tarap gönükdirmek. Şu ugry ulanmak üçin her bir ýurt halkara zähmet bölünişiginde öz ornuny tapmalydyr we dünýä bazaryna täze ýa-da hili ýokarlandyrylan harydy çykarmaga ukyply bolmadyr. Täzelenilişi ornaşdyrmaga girişýän ýurt dünýä bazarynda özüne durnukly orny we ýokary girdejileri üpjün edýär. Şeýle ýagdaý bu ýurduň milli pulynyň we ykdysady ösüşiniň durnukly bolmagyna ýardam berýär.

Glaballaşmagyň şertlerinde ýurduň ösüşinde hut innowasion nusganyň ýokary netije berýändigine ösen ýurtlaryň aglabasy düşündiler we şu ugur boýunça hereket edýärler.

Ösüşiň şeýle ýoly degişli resurslara – ýokary hünärli işgärlere, ylmy merkezlere we ösen önümçilige – esaslanýar. Türkmenistan bilim we ylym ileri tutulýar. Daşary ýurt maýalarynyň döwrebap obýektlere gönümel çekilmegi ösüşi üstünlikli alyp barmaga mümkinçilik berýär.

Milli önümçilikde diwersifikasiýany özleşdirmek. Dünýä bazaryna harytlary eksport edýän ýurtlar bir taraplaýyn ösüşiň netijesiniň uly däldigine oňat düşünýärler. Gazylyp çykarylýan çig malyň senagat taýdan işlenilmegini, ýola goýulmagy girdejini artdyrmaga mümkinçilik berýär. Ondan hem başga çatyrymly önümçiligiň özleşdirilmegi ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga ýol açýar, şol bir wagtda hünärli işgärlere we ylmy – tehnikiösüşiň gazanan netijelerini ulanmaga talap güýçlenýär. Dürli ugurlar boýunça köp görnüşli önümleri bolan bazar durnukly iş bilen üpjünçilige kämek eder. Diwersifikasiýalaşdyrmak önümçiligiň we şonuň üsti bilen tutuş ykdysadyýetiň dünýä bazarynyň nyrhlaryna durnuklylygyny üpjün edýär. XXI asyryň birinji on ýylyndaky ykdysady-maliýe-çökgünlik Türkmenistanyň durnuklylygyny subut etdi. Milli bazaryň diwersifikasiýasy Türkmenistana dünýä bazarynda ýüze çykýan howplara garşy durmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak özara bagly üç ugur boýunça alnyp barylýar. Birinjisi, ykdysadyýetini pudaklar we önümleriň görnüşlerini özgertmegi nazarda tutýar. Olaryň hataryna himiýa we nebit gaz himiýasy, gurluşyk materillary senagatlary, obasenagat toplum pudaklary girýär. Ikinjisi, ykdysadyýetiň eksport kuwwatyny dürli ugurlary gönükdirmegi nazarda tutýar. Üçünjisi ýurdumyzyň tebigy gazyna dünýä bazaryna köp ugurlar boýunça çykarmak bilen

baglanşyklydyr. Şeýle ýagdaý ýurdumyza öz uglewodorod serişdelerini dünýä bazarynda amatly bahalardan ýerleşdirmäge we onuň eksportyna bökdençlikleriň döremezligine ygtybarly mümkinçilik emele gelýär.

Daşary ýurt maýalaryny ýurduň ykdysadyýetine çekmek boýunça döwlet syýasaty diwersifikasiýanyň guraly hökmünde ulanylýar. Şu syýasat daşary ýurt maýadarlaryny ýerli öndürijiler bilen bilelikde işlerine itergi berýär we diwersifikasiýa ýoly bilen öňe gitmäge işjeňligi ýokarlandyrýar. Bilelikde işlemek ýerli haryt öndürijiler üçin bazaryň durnukly bolmagy üçin şert döredýär, olaryň çökgünli ýagdaýa duçar bolmak howpy kiçelýär, çünki tejribeli daşary ýurt maýadarlary olary özleriniň belet, ygtybarly ösüş ýoly bilen alyp barýarlar.

Täze Galkynyşyň zamanasynda daşary ýurt maýalarynyň ýurdymyzyň ykdysadyýetine çekilmegi ykdysadyýetiň durnukly ösüşini, döwlet maksatnamalarynyň we maýa goýum taslamalarynyň, jemgiýetiň isleglerininiň we telekeçileriň bähbitleriniň şeýle hem özgertmeleriň dolandyryjylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilýär. Türkmenistanda 2009-njy ýylda ähli maýa goýumlaryň üçden biri daşary ýurtlara degişlidir.

Diňe öz hususy bähbitlerini nazarda tutýan daşary ýurt maliýe maýalardan goranmak. Şunuň ýaly häsiýetli maýalar dünýä ykdysadyýetiniň ösüşinde durnuksyz ýagdaýlary döredýärler. Şu ýagdaýdan çykalga hökmünde ýurda daşary ýurt maýalarynyň gelmegini çäklendirmek ýa-da, bes etmek ýaly çäreleri durmuşa geçirmek maslahat berilýär.

## Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmegiň mümkinçilikleri

- ykdysady mümkinçilikler barada umumy düşünje;
- tebigy resurslar;
- dolandyryşyň mümkinçiligi.

Ýurduň ykdysady mümkinçiligi (ýa-da potensialy) jemgiýetiň harytlary öndürmäge, hyzmatlary ýerine ýetirmäge ukyplygyny we ilatyň isleglerini kanagatlandyrmak, raýatlaryň durmuşlarynyň hilini gowylandyrmak maksady bilen giňeldilen üznüksiz önümçiligi üpjün etmäge aňladýar.

Jemgiýetçilik önümçiligi bu önümçilik resurslaryny önüme (talap edilýän möçberde hil derejede) özgerdýän prosessleri häsiýetlendirýär. Ol jemgiýetçilik önümçiliginiň ýagdaýyny kesgitleýän özara hereket edýän resurslaryň barlygyna we ulanylyşyna ýokary derejede baglydyr, resurslaryň görnüşleri:

- esasy kapital;
- tebigy resurslar;
- dolandyryşyň guramaçylygy;
- innowasiýa mümkinçilikleri.

Resurslaryň ilkinji üç görnüşleri bilelikde milli baýlyk diýen düşünjäni emele getirýärler. Olar önümçiligiň mümkinçiliginiň başlangyç resurslaryny kesgitleýärler.

Häzirki döwürde ykdysady ösüşiň depgini we hili derejede ylmyň ösüşine we innowasion özgertmelere esaslanyp, önümçilik artdyrmasyny üpjün edýär. Şu ýer-de ylmy köp talap edýän harytlary öndürmäge, hyzmatlary ýerine ýetirmäge, önümçiligiň resurslary tygşytlamagyna gowylandyrmaga aýratyn üns berilýär.

Harytlary öndürmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça ýurduň mümkinçiliklerini milli baýlyk kesgitleýär.

Milli baýlyk geçen nesilleriň alyp baran işleriniň netijesidir we şol bir wagtda hem häzirki döwrüň nesilleriniň

önümçilik işleriniň esasyny düzýär. Ol zat eýesine ykdysady peýdany almaga mümkinçilik berýän ykdysady obýektleriň gymmatydyr. Milli baýlyk ýurtda toplanan maddy we maddy däl gymmatlyklaryň, önümçilik we ilatyň sarp edýän altyn walýutaly ätiýaçlyklaryň, başga ýurtlaryň bergileriniň (başga ýurtlara bergini aýyrmak bilen) we ýurdyň daşary ýurtlardaky emläginiň gymmat görnüşlerdäki jemidir.

BMG-niň usulnamasy boýunça baýlyga maliýe we maliýe däl aktiwler girýar.

Maliýe däl aktiwler öndürilen we öndürilmedik görnüşlere bölünýär.

Malioýe däl öndürilen aktiwler önümçilik işiniň netijesinde döredilýärler, olara esasy kapital, maddy dolanyşyk serişdeleriň ätiýaçlyklarywe gymmatlyklar degişlidir.

Maliýe däl öndürilmedeik aktiwler önümçiligiň netijesinde emele gelmeýär. Olara maddy öndürilmedik aktiwler (ýer, tebigy resurslar) we maddy däl öndürilmedik aktiwler girýär, bu aktiwler hukuk we hasaba alyş amallarynyň netijesinde ýüze çykýar (mysal üçin, işiň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga hukuk).

Maliýe aktiwleri –bu aktiwlere, kada bolşy ýaly, başga hojalyk subýektleriniň maliýe borçlary garşy durýar. Mysal üçin, berlen karz ony beren gurama üçin aktiw we ony alan üçin borçnama hasap edilýär. Aktiwler we borçlaryň arasyndaky tapawut milli baýlygyň düzümine girýän hususy kapitalyň san gymmatyny häsiýetlendiriýär.

Ilatyň şahsy emlägi aýratyn nazarda tutulýar. Onuň düzümine ýaşaýyş we önümçilige degişli bolmadyk binalar, hyzmat üçin uzak möhletli peýdalanylýan harytlar we sap etmage niýetlenen ätiýaçlyklar girýär. Olara awtomaşynlar, sowadyjylar, ýuwujymaşynlar, telewizorlar, kompýuter we öý hojalygyndaky beýleki maddy aktiwler degişlidir.

Milli baýlygy kesgitlemek üçin aktiwleriň we passiwleriň balansy düzülýär. Olarda ýurdyň maliýe däl we maliýe

aktiwleriniň gymmaty we olaryň maliýe borçlary kesgitli möhlete görkezilýär.

Milli baýlygyň barlygy we netijeligi JIÖ-ň ýurt boýunça we bir adama düşýän öndürilen ululygyny, ony artdyrmasyny,, şu faktorlaryň ilatyň ýaşaýyş derejesine hem hiline täsirini kesgitleýär.

XXI asyrda adam durmuşynda düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär. Olar ylmyň we täze tehnologiýanyň ösüşine, adam maýasynyň täze hiline, jemgyýetiň durmuş taýdan düzüm gurluşynyň üýtgemegine dörän mümkinçilikleri önümçilik faktorlary bilen utgaşdyryp ýerlikli peýdalanmagyna önümi öndürmekde resurslaryň sarp edilişini azaldylmagyan esaslanýar. Şu täze ýagdaýlar täze jemgyýetiň emele gelmegine şert döredýär, onda adam maýasy ykdysady ösüşiň baş faktoryna öwrülýär.

Adam maýasy – bu girdeýji almagy üpjün edýän adamynyň tebigy ukyplarynyň, orta we ýörüte biliminiň, tejribe ussatlygynyň, bilimiň, döredijilik mümkinçilikleriniň ruhy we beden taýdan saglygynyň jemidir.

Oňa milli baýlygyň möhüm bölegi hökmünde garalýar. Şu dörän ýagdaý degişlilikde adam maýasyny özüne birleşdirýän milli baýlygyň kategoriýa hökmünde täze giňeldilen ýörelgesi emele gelýär. Adam maýasyny döretmäge işiň esasy ugurlary bolup bilim-ylym ulgamy, saglygy goramak medenýet, sport we ýaşaýşy gönümel üpjün edýän beýleki ugurlar gatnaşýarlar. Milli baýlygy düzüji bölek hökmünde adam maýasyna baha bermek işgäri taýýarlamaga harajatlary kesgitlek ýoly bilen amala aşyrylýar, harajatlar terbiýe, bilim, hünäre eýe bolmak, özbaşdak bilim almak we ş.m. görnüşlerden ybaratdyr, häzirki döwrüň şertlerinde işgäri taýýarlamak üçin 25 ýyl töweregi talap edilýär.

Türkmenistanyň döwlet syýasaty ilatyň tutuşlygyna sowatly bolmagyna gönükdirilen. Orta hünärmen okuw mekdeplerinde, olaryň sany 19, 4276 adam okaýar, olaryň sany 2008/2009 20 sany ýokary okuw mekdebinde hünärmenler

taýýarlanylýar. Mekdeplerde okuwlar dünýä standartlary boýunça geçirilýär 2008-nji ýyldan Türkmenistanyň ylymlar Akadamiýasy işleýär, aspiranturalarda, dokmotoranturalarda dürli ugurlar boýunça alymlar taýýarlanylýar.

2009-njy ýylda ylym – bilim we beýleki görnüşli sosial hyzmatlar üçin çykdajylaryň möçberi 157.4% ösdi, olar umumy çykdaýjylaryň (maýagoýumlaryndan başga) 75 göterimene barabardyr. 2009-njy ýylda Türkmenistanyň JIÖ-ň 47562.9mln manada ilatyň jan başyna düşýän JIÖ 15müň dollar töweregi boldy. Türkmenistanyň ilatynyň ömrüniň uzaklygy 72 ýaş töwregi.

Ýokarda getirlen üç görkezijiniň sazlaşykly ösmegi netijesinde adam mümkinçilikleriniň ösüş indeksi 0.879-a çenli artar, diýip 2010-njy ýylda garaşylýar. Şu görkeziji boýunça Türkmenistan ösen ýurtlaryň derejesine ýakynlaşar.

Diýmek Türkmenistanda adam maýasy jemgiýetiň durmuş taýdan hil derejesiniň ýokarlanmagyna alyp barýar. Ýagny adama diňe önümçiligiň faktory hökmünde garalmaýar, oňa jemgyýetiň hem sypatlary (uk ynlyk, isleg, ruhy durmuş we ş.m.) hem mahsusdyr. Osüşiň maksady-adamdyr, jmgiýetiň öňegitmegidir, ykdysadyýet maksada ýetmehiň serişdesidir.

Tebigy baýlyklaryň (resurslaryň) ähligörnüşleri milli baýlygyň düzüme tebigy kapital, hökmüde girýär. Oňa ýer, peýdaly magdanlar, tebigy biologiki we suw serişdeleridir.

Tebygy resurslara natural ýa-da bazar gymmaty görnüşleri boýunça baha berilýär. Tebigy resurslarynyň dürli görnüşli we köp möçberde ösüşiň oňatly faktorydyr.

Tebigy resurslaryň esasy görnüşi ýer we suw serişdeleridir.

Türkmenistanyň umumy ýer meýdany 491.21müň kw.km ýa-da 49.1mln gektara barabardyr. Ýer üstüniň takmynan 85%-i düzlük, galan 15% - daglyk we belentlik ýerlerdir. Tekizlik böleginde dünýäniň iň uly çöli Garagum ýerleşýär, onuň meýdany 350müň kw.km bolup çöllük günbataradan

gündogara çenli 800 km-e demirgazykdan günorta çenli 450km uzulýar.

Umumy ýer meýdanynyň oba hojalygyna ýaramlysy 40.2mln gektar, onuň 38.5mln gektar öri meýdanlardyr. Türkmenistanyň bir ýaşaýjysyna oba hojalygyna ýaramly ýeriň 7.6 gektary düşýär.

Türkmenistanyň suw serişdeleriniň derýalar, çaýlar, köller, käriz suwlary we ýerasty suwlara emem getirýärler. Ýurdyň peýdalanylýan işjeň suw resurslarynyň ortaça göwrümi 33850,ln kub metr bolup, onuň 88% Amyderýanyň paýyna düşýär. Halk hojalygynda gös-göni peýdalanylýan suwlara işjeň resurslar diýilýär.

Amyderýa, Murgap, Tejen we Etrek derýalary esasy suw çeşmeleri bolup durýar, şolardan Amyderýanyň umumy akymyndan Türkmenistanyň paýyna ýylda ortaça 22.15kmkub suw düşýär. Galan bar bolan derýalar, kiçi derýalar diýlip atlandyrylyşy ýaly hojalyk-durmuş maksatlary üçin ulanylýar we olar pes akymy bilen häsiýetlenýärler.

Türkmenistanyň ähli welaýatlarynyň, (Daşoguz welaýatyndan başgalarynyň) suwa bolan islegini kanagatlandyrmakda Garagum derýasy möhüm ornyeýeleýär. Ol dünýäde iň iri gidrotehniki desga bolup, onuň uzynlygy 1100km. Ýetýär. Garagum derýasy ýurduň ähli iri senagat şäherlerini-Aşgabady, Maryny, Balkanabady, Türkmenbaşyny suw bilen üpjün edýär. Garagum derýasynyň ortaça ýyllyk suw bilen üpjün edýär. Garagum derýasynyň ortaça ýyllyk suw akymy 11km kub suwa barabardyr, onuň bu möçberi Amyderýadan başga ähli derýalaryň akymynyň jeminden 3-4 esse köpdür. Türkmenistanyň durmuşynda öndüriji güýçleriň ösüşindäki iň iri ösgerişikler Garagum derýasynyň tebigaty özgertmegi bilen baglayşyklydyr. Bu derýa Amyderýa, Murgap we Tejen derýalaryna birikmek bilen bütewi suw ulgamyny döretdi.

Garagum derýasynyň suw akymynyň gurluşynda umumy sygymy 2000mln.metr kub bolan suw howdanlary guruldy.

Olaryň esasy ähmiýetiekinleriň gögeriş döwründe suwy peýdalanmak üçin derýanyň gyşdaky akymyny toplamakdan ybaratdyr. Suw howdany şäherleri, güýçli gurak ýerleri suw bilen üpjün etmek üçin hem hyzmat edýär. Türkmenistanda 15 sany emeli suw howdanyň bar, olaryň umumy sygymy 3km$^3$gowrakdyr.

Türkmenistanda sarp edilýän suwlaryň 90%-den gowragy ýerleri suwarmak, suwlulandyrmak we oba hojalygynyň suw üpjünçiligi üçin peýdalanylýar.

Ýerüsti suw serişdeleriniň ätiýaçlygy, aýratyn hem Türkmenistanyň şäherlerini we ilatly nokatlaryny oňat hilli agyz suwy bilen üpjün etmek üçin suwly ýerasty çeşmeler hyzmat edip bilerler. Türkmenistanyň Prezidentiň "Türkmenistanyň ilatly nokatlarynyň suw üpjünçiligi üçin ýerasty süýji suwlary peýdalanmagy giňeltmek boýunça çäreler hakynda" karary ýerasty suwlary peýdalanmak bilen ilatly nokatlaryň suw üpjünçilik desgasynyň taslamasy, gurluşygy we ulanylyşy boýunça işleri çaltlandyrmagy göz öňünde tutýar. Ýerasty süýji suwlaryň ätiýaçlyklaryny maksadalaýyk peýdalanmak Türkmenistanyň ilatyny ýokary hilli agyz suwy bilen üpjün etmek meselesini çözmäge mümkinçilik berer.

Asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyz ähli eşretleriň çeşmesi bolan suwdan tygşytly peýdalanmak bilen, ýerden bol hasyl almagyň ýollaryny gözläpdirler. Taryhy maglumatlara görä, türkmen taryhynda gadymy zamanlarda uly suw desgalary hem bina edilipdir. Alymlaryň tassyklaýşy ýaly, mundan bäş müö ýyl ozal Ahal topragynda ak bugdaýyň ösdürilip ýetişdirilmeginde, taryhy ýadygärlikleriň töwereginde uly suw desgalarynyň, joýalaryň, suwarymly ýerleriň yzgarynyň mese-mälim bildirp durmagy-da muny doly tassyklaýar. Murgabyň kenarlarynda, könürgençde, Maryda, Änewde, Maşat-Misserianda suwarymly ýaplarynyň yzlary saklanyp galypdyr. Jenakeş pederlerimizden miras galan zähmetsöýerlik, boz ýere yhlas siňdirmek ýaly edähetler ähli nesillere nusgadyr.

“Altyn asyr” Türkmen köli ýurdumyzyň demirgazyk-günbatarynda, Amyderýanyň köne akyş ugrundaky çöketlikde ýerleşip, ekin meýdanlardan syzyp çykýan şor suwlaryny öz haabyna ýygnaýan ägirt uly suw howdanydyr. Ol iki sany goldan ybarat bolup, birinjisi Baş şor suw akabasydyr. Jemi uzynlygy 720 kliometr bolan bu akaba gözbaşyny Lebap welaýatynyň Baş çepkenarşor suw akabasyndan alyp gaýdaýar hem-de Lebap welaýaty boýunça 160 Ahal welaýaty boýunça 363, Daşoguz welaýaty boýunça, 17 Balkan welaýaty boýunça 54 kliometrlik ýol geçip, Garagum çöketligine, ýagny, Türkmen kölüne ugur alýar. Türkmen kölüniň ikinji –Daşoguz golunyň hem umumy uzynlygy 381 kilometre barabar.ş ol öz gözbaşyny “Köllük” döwletara şor suw akabasyndan alyp gaýdýar.

Türkmen halky her ýyl ajaýyp toýy “Suw damjasy – altyn dänäsi baýramynyň toýuny toýlaýarlar”,ol suwa bolan sarpany, ony tygşytly ulanmagy aňladýar.

Daşoguz welaýatynyň az suwly etraplarynyň ýerlerini suwlandyrk, meselesini çözülmegine täze Türkmen derýasynyň gurluşygy ýardam berer. Tejen derýasynyň suw akymynyň ugrundaky “Dostluk” suw howdany täze gidrotehniki desga hökmünde 60 müň gektardan gowrak täze ýeri suwarmaga, ýurduň elektro-energetiki desgalarynyň kuwwatlylygyny artdyrmaga, sil akymlarynyň öňüni almaga ýardam ýerçär onuň gurluşygyny Türkmenistan bilen birlikde Eýran Respublikasy alyp baryldy.

Ýurduň suw hojalygyny ösdürmek bilen baglanyşykly bu we beýleki taslamalaryň üstünlikli mala aşyrylmagy ýerleriň melioratiw ýagdaýyny mundan beýläkde gowulandyrmaga, olaryň bereketligini we hasyllylygyny ýokarlandyrmaga düýpli şert döreder, bu bolsa öz nobatynda azyk maksatnamasyny üstünlikli berjaý etmegiň girewi bolup durar.

Türkmenistanda agyz suwynyň hilini we onuň üpjün edilişini gowylandyrmak boýunça çäreler durmuşa geçirilýär. Ilaty agaz suw bilen üpjün edýän desgalar ýurdumyzyň ähli

künjeklerde işleýär we ilaty arassa suw bilen bolelin üpjün edýär. Hazar deňziniň ýakasyndaky obalarda we şäherlerde suw süýjediji desgalar ýaşaýjylarynyň islegini doly derejede kanagatlandyrýar. Döwrebap suw süýjediji desgalar Esenguly etrabynda, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda we beýleki ilatly nokatlarda işleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: “Türkmenistanda jemgiýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr” diýip bellenilýär. Ýurdumyzda “Döwlet adama üçindir” diýen ýörelge şundan ugur alyp ilatyň kadaly ösüşini üpjün etmek, olaryňdurmuş şertlerini, maddy hal ýagdaýyna ruhy derejesini mundan beýläk gowylandyrmaga ugur alýar.

Türkmenistanyň ilaty, onuň zähmet resurslar bölegi ykdysady ösüşiň baş grafiki şertler we olaryň durmuşa geçirilişini häsiýetlendirýän görkezijiler ykdysadyýetiň ösüş ugruny kesgitlemäge, önümleriň we hyzmatlaryň sarp edijiliginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Zähmet resurslary diňe ykdysady nygmatlary öndürmekde däl, olary sarp etmekde hem uly ähmiýete eýedir. Şunuň üçin zähmet resurslarynyň ösüş depgini, olary sany zähmete ukyply ilatyň ösüş depgini bilen baglydyr. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ilatyň umumy sany bilen birlikde ýokary depginlerde zähmete ukyply ýaşdaky ilatyň sany hem artdy. Şol bir wagtda ilatyň düzüm gurluşy hem özgerdi (Tablissa 1.)

**Tablisa 1.**

**Türkmenistanyň ilatynyň ýaş toparlary boýunç düzümi.**

| Ýaş toparlar | Ilatyň jemine %-de | | |
|---|---|---|---|
| | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Zähmete ukyply ýaşdakylardan kiçi ýaşdakylar | **40.5** | **30.7** | **33.9** |
| Zähmete ukyply ýaşdakylar | **53.5** | **59.5** | **60.3** |
| Zähmete ukyply ýaşlardan uly ýaşdakylar | **6.0** | **5.7** | **5.5** |

Türkmenistanda demografiki syýasat döwlet tarapyndan ilatyň kadaly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilýär, ol toplum çäreleri öz içine alýar. Türkmenistanda ilatyň durmuş derejesi ýyl saýyn gowylanýar. Täze Galkynyşyň zamanasynda her ýylda zähmet we talyp haklar kömek pullar ortaça 10% artýar, işleýän ýaş enelere çagasy 3 ýaşyna ýetýänçä dekret rugsady berilýär. 2007-nji ýylda kabul edilen “Durmuş üpjünçiligi hakynda ” Türkmenistnyň Bitewi kanuny uly çäreleri nazarda tutýar. Ilatyň sanynyň artmagyna höweslandiriji çäreler, elýeterli luykmançylyk hyzmatlar, çagalaryň we eneleriň saglygyny goramak, döwrebap çagalar baglary, mekdepler beden we ruhy taýdan sagdyn nesli terbiýeläp ýetişdirijä ähli şertler bar.

Eger-de 1991-nji ýylda ilatyň zähmete ukyply ýaşdakylarynyň paýy 50% bolan bolsa. Häzirki wagtda bu görkeziji10%-den hem geçdi. Beýik özgertmeleriň gisga wagtda durmuşa geçirmegi bilen ýurdymyz syýasy, durmuş-geçirilmegi we medeni taýdan ösen ýurtlaryň hataryna ýakynlaşýar, şu şertlerde zähmet resurslarynyň hataryna ýaşlaryň uly akymynyň goşulmagy wajyp zähmete eýe boldy. Garaşsyzlyk ýyllary içinde zähmet resurslarynyň düzüminde ýaşlaryň sany (16-dan 25 ýaşa çenli) 30%-den gowrak köpeldi.

Ýurdumyzda ykdysady ösüş ilatyň durmuşynyň gowulanmagyna gönümel täsiredýär. Maksatnamalar dürli ugurlar boýynça, hereket edip, ýurdumyzy tututşlygyna gurşaýarlar. Olaryň arasynda “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni döwür üçin Bam ugry” Milli Maksatnama, “Türkmenistanyň obalaryň, şäherçelriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş ýaşaýyş şertlerini özgertmekboýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Miili Maksatnamasy” ilatyň durmuş derejesine, onuň ömrüniň dowamlylygynyň artmagyna, çagalaryň we uly ýaşdaky çagalaryň sagdyn bolmagyna örän uly täsir edýär.

Türkmenistan ilkinji bolup GDA-nyňýuretlarynyň arasynda 1995-nji ýylda ilat ýazuwyny geçirýär. Onuň maglumatlary boýunça ýurmumyzda maşgalanyň soňy 5.3 adama barabardyr, şol sanda şäherde, Türkmenistan ilatynyň köneliş derejesi boýunça GDA ýurtlarynyň arasynda öňdäki orunlarynyň birini eýeleýär. Öň belläp geçirimiz ýaly, kadaly ilat ösüşini üpjün edýän, şertleriň iň möhümi ilatyň hereket etmegidir, oňa ýokarda ady tutulan Mili Maksatnama üstünlikli durmuşa geçirilmegidir. Ýurda eýeçiligiň durmuş görnüşleri kanuny esasda işleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda kiçi we orta telekeçiligiň, gatyşyk hem beýleki göwlete degişli bolmadyk käranalarda işleýänleriniň sany 2 esseden gowrak artdy. Döwlet emlägini kärenesine bermek, esasy hem, obalarda, şäherçelerde giň ýaýrawa eýe boldy.

## Türkmenistanyň çig mal resurslary

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin çig mal resurslaryň ähmiýeti uly. Ykdysadyýetiň iri üç toplumy-ýangyç-energetika, himiýa we gurluşyk-gönümel mineral çig maly gazyp almaga, gaýtadan işlemäge hem sarp etmäge esaslanýar, başgalary (mysal üçin oba hojalyk) onuň gaýtadan işlenilip taýýarlanan önümlerini giňden peýdalanýar.

Türkmenistanyň territoriýasynda ýangyç, metal, metal däl we gidromineral peýdaly gazylyp alynýan magdanlaryň ýataklary bar, olar ýurdumyzyň ykdysady potensialynyň (mümkinçiliginiň) çig mal binýadyny düzýärler. Häzirki nebitiň we gazyň 145 ýatagy, gaty gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň 155 ýatagy işlenilýär.

Türkmenistanyň territoriýasynda uglewodorod çig malynyň umumy resurslary 21 trln $m^3$ gaz we 6,8 mlrd.m nebit boýunça baha berilýär. Nebitiň esasy ýataklary we gelejegi uly meýdanlar ýurdumyzyň günbatar böleginde ýerleşýär. Ýurdumyzda kömrüň ýataklary Tüwegyrda we Uly Balkanda bar, Tüwergyr ýatagynyň senagat gory 40,76 mln.t., şu ýeriň gelejekdäki resurslary-800 mln.t. barabar bolar diýip çak edilýär.

Türkmenistanda dürli metallaryň (demir, marganes, titan, molibden, mis, alýuminiý, gurşun, sink, gymmat bahaly metallar we başgalar) alamatlaryna köp görnüşde duş gelinýär, geljekde olaryň senagat taýdan özleşdirmäge ýaramly ýataklarynyň hem açylmagy mümkin. Häzirki wagtda polimetallaryň we selestiniň senagat gerimili ýataklary mälimdir. Köýtendagyň günbatar eňňidinde uly bolmadyk, emma gurşuna we sinke baý germaniý bilen gatyşyk garyndyly magdanyň ýatagynyň üsti açyldy. Senagat taýdan gazylyp alynan döwürde (1943-1967ýý) bu ýerde 500 t. töweregi gurşun alyndy.

Gowurdak-Köýtendeg töwerekde selestiniň dünýä derejesinde möçberi uly-Aryk we Sakyrtilen – iki ýatak ýüze çykaryldy (GDA ýurtlarynyň gorlarynyň 80%-i). Ýurdumyzyň gündogaryndaky (Çarşaňňy etrabynda) kükürdiň uly möçberdäki gorlary bar. Olaryň arasynda Gowurdak ýatagy irileriň biridir. Olaryň ýataklarynyň gorlary 17403 müň t.

Günbatar Türkmenistanda bentonitiň ýataklary (Oglanlyda) öňden mälimdir. Bentonitleriň hili ýokary we önümçiligiň köp pudaklarynda uly islegden peýdalanýar.

Bentonitiň senagat gorlary 15500 müň tonna diýip hasap edilýär.

Farfor we faýans önümçiligi üçin kaolin esasy çig mal görnüşde ulanylýar. Kaolinlere Tüwergyrda (Gyzylgaýa ýatagy we başgalar), olar syrçaly we aýna önümçiliginde ulanylýar. Gumgatyşykly kaoliniň senagat gorlary 29607 müň t. Häzirki wagtda Pöwrize jülgesinde kaolini baýlaşdyrýan fabrika guruldy.

Ozokeritiň esasy ýataklary ýurdumyzyň günbatar böleginde ýerleşýär, ozokerit nebitden alynýan mineral çigmal, ol örän gymmatly we seýrek duş gelýän peýdaly gazylyp alynýan magdanlara degişlidir. Ozokerit we ondan işlenip alynýan serezin senagatyň birnäçe pudaklarynda ulanylýar: elektrotehnikada, kagyz agajy gaýtadan işleýän, lak-reňk, maşyngurluşyk senagat pudaklarynda, şeýle hem kosmetikada we medesinada. Dünýäde ozokeritiň ýataklary seýrek duş gelýär, mälimleri hem senagat taýdan işlenilen. Üç ýatagyň (Dagajyk, Gorab we Aýmenmaşat) umumy gorlary 195,1 müň t. barabardyr, ýagny TDA ýurtlarynyň gorlarynyň 40,4% deňdir.

Mermer oniksi-Kubadagda (Gaýly ýatagy, onuň gory 13819 t), merkezi Köpetdagda we Uly Balkanda, Gowurdak-Köýtendag sebitinde (Garlyk ýatagynyň senagat gorlary 407,8 t. çak edilýän resurslaryň möçberi 2035 t.)

Mineral reňkler Çelekende, Hazarýaka çöketliginde, Uly Balkanda, Tüwergyrda, Günbatar Köpetdagda, Gowurdak-Köýtendag sebitinde bar. Olaryň arasynda Bakja çeşme obýekti senagat derejesine geçirildi, onuň magdan senagat gory 77,8 müň t. Türkmenistanyň territoriýasy mineral duzlarynyň ýataklaryna örän baýdyr, olaryň birnäçesi boýunça ýurdumyz dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. Nahar duzunyň iri ýataklary ýurdumyzyň günorta-gündogar böleginde, Gowurdak-Köýtendag sebitinde jemlenendir. Gowurdakda nahar duzunyň gory 1970387 müň t., Köýtendagda 19671 müň t., Uzynlykda 986,8 müň t. barabardyr, nahar duzunyň başga-da onlarça

ýataklary bar. Ýokardaky üç ýatak tehniki we azyk duzuny almak üçin ulanylýar. Şeýle hem Külli ýatagynyň nahar duzunyň gorlary uludyr. Bu duzy azyk üçin hem-de himiýa senagatynda ulanmak bolýar, olaryň gory 37770 müň t, goryň möçberi ýylda 600-700 müň t. çenli çig maly gazyp almaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň territoriýasynda dünýä derejesinde üç sany iri kaliý duzlarynyň ýataklary (Garlyk, Garabil, Gowurdak) bellidir.

Dünýä boýunça natriý sulfatynyň iri ýatagy garabogaz kölüdir. Bu ýerdäki kärhana hili örän ýokary çig maly çykarýar, kärhana natriýsulfat bilen öňki Soýuzyň isleginiň 50%-i kanagatlandyrýar. Esasy önümden başga bişofit, epsomit, deňiz duzy hem alynýar.

Hek daşynyň ýataklaryndan himiýa senagaty üçin karbonat çig maly alynýar. Çigmalyň düzüminde magneziýa az bolup, hekiň paýy köp hem-de himiki düzümi we fiziki häsiýetleri boýunça durnukly bolmalydyr. Hek daşyna şunuň ýaly bildirilýän talaplara ýurdumyzyň gündogaryndaky Gowurdak we Karajumalak ýataklar laýyk gelýär. Şu iki ýatagyň barlag edilen gorlary 310,4 mln. tonnadyr. Karbonat çig maly esasan sodany we kalsiý karbidini öndürmek üçin ulanylýar. Olardan hem başga, ol hlory, hlorly kalsiny, hlorly heki we başgalary öndürmekde peýdalanylýar.

Ýurdumyzda iodbromly suwlaryň dört Ýataklary-Çeleken, Boýadag, Balkanabat-Monjukly we Gograndag-Karadaşly-mälimdir, olaryň jemi senagat gorlary 4054 müň $m^3$/gije-gündüzde, bu bolsa GDA ýurtlarynyň gorlarynyň 43,5%-ne deňdir. Şu kärhanalarda geçen asyryň 80-nji ýyllarynda 850 t. ýod we 7780 t. brom ýylda çykarylýardy. Türkmenistan umumy Soýuz möçberinde ýoduň 60%-ni we bromyň 25%-i öndürýärdi.

Gurluşyk materiallarynyň mineral-çigmaly üçin 128 ýatak bar: gurluşyk çägesi boýunça 12, çäge-çagyl garyndysy-30, keramzit-6, kerpiç üçin toýun-36, gurluşyk üçin daş-22,

diwar daşy-6, örtük üçin daş-6, aýna üçin çigmal-4, sement üçin çig mal-3 we gips-3. Barlag geçirilen ýataklar boýunça ähli çigmalyň umumy gorlary 1393044 müň m$^3$.

Bar bolan çig mal binýat, senagat, raýat, suwhojalyk we ýol gurluşygy üçin zerur önümleriň hem gurnamalaryň döwrebap görnüşlerini öndürmäge mümkinçilik berýär. Bu sement, gips, hek, aýna we aýna önümleri, tebigy daşdan we syrçadan örtükler, diwar materiallary, magdan däl materiallar (çagyl, çäge, daş) we başgalar.

## Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş döwürleri

- döwürleriň aýratynlyklary;
- maksatly we tapgyrlaýyn döwürler.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş döwri alymlaryň bellemegine, görä dörde bölünýär: Türkmenistanyň Russiýa birikdirlmeginden öňki döwür, Russiýa birikdirlen döwri, SSSR-iň düzümindäki döwri, Garaşsyzlyk ýyllaryndaky döwri.

Gadymy döwürde Türkmenistanda ilat ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik, ylym-bilim, medeniýet we sungat bilen meşgullanypdyrlar. Türkmenler sap gymmatlyklary döredip, dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine uly goşant goşupdyrlar. Müňýyllyklaryň dowamynda ruhy baýlyklar döredilipdir. Taryhy döwürde Köpetdagyň eteginde gadymy Jeýtun oturumly ekarançylyk medenýeti başlangyjjyny =u ýerden alypdyr. Onuň aýrylmaz bölegi hem Änew medenýetidir.

Ylmy-taryhy we arheologiýa barlaglary giçiren alymlar Pampelli, Hibert Türkmenistanyň hakykatdan hem Ak bugdaýyň watanydygyny, şeýle hem türkmenlerde hat-ýazuw işleri üçin öz elipbiýsiniň bolandygyny subut edipdirler. Günorta türkmenistanda Altypdepe siwilizasiýasynyň, şeýle hem Günorta-Günbatar Türkmenistanda Dehistanyň gadymy medenýetiniň, Murgabyň boýunda ekarançylyk, Gündogar

Türkmenistanda Amul medenýetiniň, Amyderýanyň aşak akymynda täze Bagýap medenýetiniň maldarçylygyň ekerançylygyň bolany mälimdir.

Türkmenlerde natural we ýarym natural hojalyk bolupdyr, şol bir wagtda hem haryt önümçiligi we söwda ösüp başlapdyr. Türkmen hojalygy esasan oba hojalygy, senetçilik, söwda bilen meşgullanypdyr. Maldarçylykda goýun, düýä atlar bakylypdyr. Suwarymly we düme ekerançylygynda esasan jöwen, bugdaý, dary, şaly, arpa, ýurunja, gawun, kädi, gowaça, künji ýaly ekinler, üzüm ýaly miweli baglar ekilipdir.

Senetçiligiň esasy görnüşleri tarada mata dokamak, haly we onuň önümlerini dokamak, göl-deri eýlemek, metal eretmek we ondan oba hojalyk hem ýarag esbaplaryny ýasamak, zergärçilik we ş.m.

Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýolunyň geçýän ugrunda ýerleşen köp şäherleri, obalary Orta ýer deňziniň töweregindäki ýurtlar bilen söwda edipdirler Merw, Nusaý, ürgenç ylmyň, medenýetiniň we söwdanyň iri merkezleri bolupdyr. Biziň ýurdumyza daşary ýurtlardan dürli harytlar getirilipdir, baý täjirler bolupdyr.

Türkmenistanyň döwri 1881-1924ýý aralygy öz içine alýar. Şu döwürde Zakaspiý demirýoly gurulýar, onuň ugrunda täze stansiýalar, şäherler we şäherçeler döreýär. 1882-nji ýylda işe girizilen Gyzylarbat (häzirki wagtda Serdar) parowaz-wagon bejerýän ussahana iri senagat kärhanasy hasap edilýärdi. 1905-nji ýylda ussahanada bir müňden gowrak işçi işläpdir. Hazar deňziniň ýakasynda we Balkanda nebit, duz gazyp alýan senagat kärhanalary işläp başlapdyr.

Türkmenbaşy şäherinde we onuň töwereginde hek daşlary, granit we beýleki gurluşyk materiallary öndürilipdir. Tebigy baýlyklary özleşdirmäge daşary ýurtly senagatçylar hem gatnaşypdyr. Çelekende nebiti senagat taýdan işläp, çykarmaga doganlar Nobeller, Gajinskiý, Iwankow ýaly gurply daşary ýurtly maýadarlar nebit ýataklaryny wagtlaýyn satyn alypdyrlar. Magdan kärhanalarynyň iň irisi Çelekendäki nebit

önümçiligi bolupdyr, 1913-nji ýylda bu ýer-de 130müň tonna nebit öndürilipdir.

Russiýanyň dokma senagatyny çig mal bilen üpjün etmek üçin Türkmenistanda pagtaçylyk ösüşe eýe bolýar, onuň esasy ekilýän ýeri Mary, Tejen sebitleri bolupdyr.

Sowet döwründe ýurdumyz ähliumumy sowatlyk, medeni dereje miras galdy. Başga ugurda ösüş yza galýardy, ýurdumyz çig mal öndürip ony daşary çykarýan ülkä öwrülipdi. Türkmenistanda 110sany senagat kärhanalary işleýärdi, olar hem döwrüň talabyndan yza galýan enjamlar bilen üpjün edilipdi, öndürilýän önümleriň hem şoňa görä hili pesdi.

SSSR-ň düzümindäki döwrüň diňe soňky 20 ýylynyň içinde ýurdumyzdan nebitiň 66.6mln tonna, gazyň 1.3 trln kuba metri, pagtanyň 7.5mln tonna daşara çykaryldy. 1990-nji ýyla çenli ýurdumyzda ýetişdirilýän pagtanyň 3% ýerinde senagat taýdan işlenilýärdi. Diňe pagtadan işlenilýärdi. Diňe pagtadan gazdan we nebitden umumysoýuz gaznasyna ýylda 15 mlrd dollar girdeji berýärdi. Durmuş görkezijileri boýunça ýurdumyz beýleki respublikalaryň arasynda iň soňky orny eýeleýärdi.

Garaşsyzlygy alan Türkmenistana şunuň ýaly miras galypdy.

Türkmenistan garaşsyzlygyň ilkinji gününden milli we durmuş-ykdysady taýdan ösdrmegiň maksatnamalary taýýarlap, durmuşa geçirmäge başlady. Şu işde türkmen halkynyň öňdebaryjy däp dessurlaryndan, milli gymmatlyklaryndan we ýörelgelerinden, demografiýa, geografiýa, faktorlardan tebigy baýlyklardan ugur alyndy. Olar ýurdumyzyň ykdysadyýetini beýleki ugurlar bilen döwrebap ösdürmäge we halkara ykdysady gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berdi.

Türkmenistan “On ýyl abadançylyk” atly maksatnamany geçip döwrüniň ykdysadyýeti hökmünde durmuşa ornaşdyrdy, Maksatnama garaşsyz ykdysadyýetiň binýadyny goýdy. Bu

Maksatnamanyň örän wajyp ugurlary Türkmenistanyň Prezidentiniň “Galla”, “Täze oba”, “Bilim”, “Saglyk”, :1000 gün: ýaly pudaklaýyn maksatnamalarda öz beýany tapdy we ösdürildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň şol döwürdäki tpgyrlar milli nusgasy özgertmeleri tapgyrlar boýunça häsiýeti ykdysadyýeti dolandyrmakda döwletiň öňdebaryjy orny, ykdysadyýetde eýeçiligiň köp görnüşligi, ilatyň durmuş ýaşaýyş derejesiniň döwlet tarapyndan güýçli goldaw berişmegi ýaly esasy düzümlerden ybaratdyr.

Türkmenistanyň ykdysdaýetindäki özgertmeleriň kanunçylyk binýady hem döredildi. Döwlet tarapyndan yglan edilen goýum syýasaty ýurdumyza daşary ýurt maýasyny çekmäge mümkinçilik berdi. Maliýe ulgamy we degişli döwlet syýasaty işläp başlady.

Ykdysady özgertmeler eýsem içerki önümiň ösüşine aýdyň görünýär. 1991-2001ýý JIÖ-ň möçberi 128% maýa goýumlar 12.9 esse ilatyň sany 141% artdy. Şol bir wagtda hem bölek satuw haryt dolanyşyga 2.1 esse, nebitiň çykarylyşy 1.8 esse, gazyp çykarylyşy 2 esse, un-2.1 esse, baugdaý 9.8 esse pagta 156% ösdi. Elektroenergetika, nebitgaz toplumy, agrosenagat toplumy (gant şugundyry, şeker, ösümlik ýaglary we ş.m.), derman senagaty, poligrafiýa pudagy, dokma senagaty, un üweýän senagat täzeden döredildi. Şeýle hem haly, bedew atlar, türkmen itleri, düýedarçylyk ösüşe eýe boldy.

Uzynlygy 132km Tejen-Sarahs-Maşat, şeýle uzynlygy 203km Türkmenabat-Atamyrat täze demir ýollary guruldy. Uzynlygy 530km Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýoluň gurluşygyna girişip. Uzynlygy 135km Körpede-Turtguýygazgeçiriji 1998-nji ýylda ulanmaga berildi. Türkmenistanyň nebiti gaýtadan işleýän zawodyna 1.5mlrd dollar maýa goýuldy we özgertmeler durmuşa geçirilmäge başlady.

Oba hojalygynda jemi önüm 2 esse ardy. Azyk howpsuzlygy üpjün etmäge “Gallamaksatnama” gönükdirilýär.

Iri şahly mallar döwrebap baş sany 2 esse köpelde düýeler 28% atlar 45 artdy.

Türkmenistan dünýäniň 60 ýurdy bilen söwda – ykdysady gatnaşyklary ýola goýdy. 2001-nji ýylda eksport iberilen harytlar 3mlrd dollara barabar boldy. 1991-2001-nji ýylda eksport 154% import 225% artdy. 1991-nji ýylda importyň düzüminde maşylaryň we enjamlaryň paýy 5% bolan bolsa, 2001-nji ýylda bu görkeziji 50% - çenli köpeldi.

Halkara turizmi ýola goýuldy. 60 ýurtdan turistler tarihy ýadygärliklere, belli Beýik Ýüpek ýolunyň geçen ýerine syýahata geldiler.

1994-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet haryt çigmaly döredildi, ýurdyň harytlaryny dünýä bazarlaryna çykarmaga ýardam berildi, bu ugurda Gümrük gullugynyň goşandyny hem bellemek gerek.

Hususy eýeçilik azyk howpsyzlyk goşant goşdy, telekeçili goldamaga döwlet tarapyndan karz pul serişdeler berildi. Döwlet eýeçiliginiň belli bir bölegi hususylaşdyryldy. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde daşary ýurt maýadarlary bilen gatnaşyklara giň ýol açyldy.

Netijede ýurtda 1999-njy ýylda jemi içerki önümiň öndürilişiniň ösüş depginbi geçen ýyla garaňda 12% ýokarlandy, 1991-2000ýý. Ösüş depgini 128% barabar boldy, ykdysadyýete goýulýan maýalaryň möçberi, şu döwürde, 12,9 esse köpeldi. Azyk howpsyzlygy gazanyldy, bugdaýyň öndürilişi şu döwürde 9.8 esse, süýt 2,7 esse, mallaryň we guşlaryň baş sany 2 esseden hem gowrak artdy, daşlary söwda dolanyşygynyň eksportyň tutýan paýy 56,9% -e deň boldy, eksport harytlarynyň möçýeri 154 göterim boldy. JIÖ-ň düzüminde senagatyň paýy – 33,8%, oba hojalygyňky 26,4, hyzmatlar toplumyňky – 29%-den gowrak boldy. Ýurtda ykdysady ösüşler ilaty durmuş taýdan garamagyň giň ulgamy bilen birlikde alnyp baryldy. Milli ykdysadyýetde durnukly ýokary ösüş gazanyldy, şu görkeziji boýunça Türkmenistan dünýä ýurtlarynyň arasynda öňdeligi eýeledi.

Şeýlelik bilen geçen ýyllaryň içinde ykdysady garaşsyzlygyň pugtalanmagy milli ykdysadyýeti mundan buýana ösdürmek üçin berk binýät döredildi. XXI asyrda öz milli ýolumyzy dowam edip, Türkmenistanyň Prezidentiniň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady ýöretmeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry Milli Maksatnamasy" işlenilip taýýarlanyldy we 2000-nji ýyldan durmuşa ornaşdyrylyp başlandy, 2003-nji ýylda bolsa täze mümkinçilikler nazarda tutulyp "Türkmenistany ykdysady syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli Maksatnamasy iş ýüzünde geçirmäge girişildi. Ýurtda durnukly asuda ýagdaý ilaty durmuş taýdan goramak boýunça toplumlaýyn çäreleriň pugtalandyrmaga şertleriň emele gelmegi, halkara gatnaşyklaryň geriminiň yzygiderli giňelmegi, uzak möhletli iri taslamalary durmuşa geçirmäge mümkinçilikleriň açylmagy we başga-da amatly ýagdaýlar 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamanyň durmuşa geçirmegine zerurlyk döretdi.

Häzirki döwürde täze Galkynyşyň we beýik özgermeleriň zamanasynda, Türkmenistanda durmuş ugurly bazar ykdysadyýetiniň ulgamy kemala gelýär. Şu babatda ilatyň durmuş ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga ykdysady ösüş wajyp ähmiýete eýe bolýar. Durmuş taýdan ýokary depginli ösüş ýokary depginli ykdysady ösüşi talap edýär.

Ýurduň ykdysady ösüşiniň jmlýji görkezijisi jemi içerki önümiň (JIÖ) ýokary depginli ösüşi ilatyň ösüşi bilen baglanşyklydyr. Ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-ň möçberini ýokarlandyrmak, onuň ösüş depginiň ilatyň sanynyň artýan depgininden has ýokary bolmagy nazarda tutulýar.

Ýurdumyzyň tebigy serişdelerini rejeli we toplumlaýyn özleşdirmek, senagat taýdan gaýtadan işlemek we taýýar önümleri dünýä bazarlaryna amatly nwerhlar bilen çykarmak babatda köp sanly tutumly başlangyçlar öňe sürülýär. Mysal üçin "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda iri taslamalaryň tapgyrlar boýunça iňe girizilmegi, Türkmenistanyň, Eýranyň

we Gazagystanyň bilelikde durmuşa geçirilýän “Demirgazyk - Günorta” demirýol geçelgesiniň iri taslamasy we başgalar.

Ýurdumyzyň startegiki ösüşinde daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge uly üns berilýär. Onuň üçin ýeterlik şertler döredilýär: ýurdumyzda durnukly asudalyk saklanylýar, ýokary depgili ykdysady ösüş gazanylýar, milli puluň hümmeti durnukaşdy şeýle hem onuň denominasiýasy ulanyşda amatly ýagdaýlary döretdi. Mysal üçin, 2009-njy ýylda JIÖ-ň ösüş depgini, geçen ýyla garaňda, 106,1 göterim boldy. 2009-njy ýylda maýa goýumlaryň umumy möçberiniň üçden bir bölegi daşary ýurt maýadarlarynyň paýyna düşýär. Şeýle hem ýurdumyzda bilim ulgamynyň ileri tutulmagy, ekologiýa babatda iň täze ösen we eologiýa taýdan arassa tehnologiýalaryň önümçiligi ornaşdyrmagy hem daşary ýurtlarda uly gyzyklanma döredýär. Daşary ykdysady gatnaşyklarda ýurdumyzda halkara standartlaryna laýyk gelýän kanunçylyk binýadynyň döredilmegi, ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň öňdebaryjy orny eýelemegi özüne çekiji faktor lardyr.

Türkmenistanyň uzak möhletli startegiýasynda nebitgaz toplumy ähmiýetli orun tutýar. Emma şonuň bilen birlikde milli ykdysadyýet diňe şu topluma bagly däldir, ykdysady diwersifikasiýa beýleki önümçilik pudaklarynyň ähmiýetli ýokarlandyrýar. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň döwlet býužedeniň girdejiler bölegini emele getirmekde 50 mlrd kub metr tebigy gazyň ýerleşdirilmegi göz öňünde tutulan bolsa, bu görkeziji 2010-njy ýylyň býužetinde 18 mlrd kub metre barabar boldy, çünki başga-da önümçilik pudaklar gatnaşdyryldy. Günorta Ýolöten – Osman gaz ýatagyny Hazar deňziniň türkmen böleginde ýene-de iki blogyň özleşdirilip başlanmagy ykdysady ösüşe itergi berer. Türkmenistanyň ýangyçlaryny dünýä bazarlaryna çykarmak üçin köpugurly döretmek barada başlangyç bilen çykyş edýär, ýurdumyzyň bu gymmatly çig malyň dünýä gorlarynyň üçden bir bölegine eýedigi mälimdir.

Türkmenistan öz baýlyklaryny tutuş adamzadyň hyzmatyna goýmaga taýýar.

Türkmenistan geografiki taýdan iki kontinentiň Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda amatly ýerleşýär. Hut şunuň özi hem Türkmenistana uly möçberli transkontinental demir we gara ýollary, howa we deňiz gatnawy baradaky taslamalary öňe sürmäge mümkinçilik berýär. Ýagny harytlary amatly nyrhlardan dünýä bazarlaryna çykarmaga, hem-de daşary ýurtlaryň ýüklerini üstaşyrgeçirmek bilen uly möçberlerde gyzyl pul gazanmaga mümkinçilik emele gelýär.

Türkmenistan ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmaga, ýagny pudaklaryň we önümleriň, hyzmatlaryň görnüşleriniň köp bolmagyna aýratyn üns berilýär. Milli innowasiýa ulgamyny döredip, ykdysadyýetde thnologiki böküşi üpjün etmek, telekeçiligi ösdürmek üçin döwlet goldawyny bermek, ykdysadyýetiň hususy bölegini ösdürmek, ylmy köp talap edýän we ösen tehnologiýaly eksporta gönükdirilen önümçilikleri döretmäge höweslendirmek boýunça çäreler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň daşary ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge mümkinçilikleri uly. Ýurdumyzyň töleg balansy aktiw ýagdaýda, ýagny eksport importdan ýokary bolup, daşary söwda balansynyň oňun tapawudy uly möçbere eýe bolýar. 2008-nji ýylda daşary söwdanyň oňyn tapawudy 6150,8mln dollara deň boldy. Bu ýagdaý ýurdumyzyň ykdysadyýetine maýa goýumlary uly möçberlerde çekmäge mümkinçilik berýär. 2009-njy ýylda maýa goýumlaryň möçberi 22,1 mlrd manat boldy, munuň özi, geçen ýyldakydan 2 esse köpdür. Importyň 75 göterimini önümçilik – tehniki maksatly önümlerde, ýagny olaryň köp bölegi maýa goýumlaryny özleşdirmek üçin ulanylýar. Ýurdumyzyň içerki bazarlarynda nyrhlaryň durnukly ýagdaýda saklanylmagy üpjün edildi 2009-njy ýylda bu görkeziji 2008-nji ýyldakydan pes derejede boldy. Munuň özi ilatymyzyň sarp ediş isleginiň artmagyna, milli

manadymyzyň hümmetiniň pugtalanmagyna getirdi. Netijede ilatyň durmuş-ýaşaýyş şertleri gowulanýar.

Ýokary depginli ösüşi üpjün etmek üçin ykdysadyýetiň pudaklaýyn we önümleýin düzümi özgerýär, obasenagat toplumy, himiýa we nebit himiýasy, gurluşyk toplymy, ulag we aragatnaşyk pudaklarynyň önümçilikleri, ylmy köp talap edýän tehnikalar bilen enjamlaşdyrylýar.

Döwlet bužediniň girdejileriniň ýokary depginli ösüşini gazanmaga mümkinçilik döreýär, bužet ulgamynda işleýän işgärleriň durmuş derejeleri durnukly ýokarlanýar.

Türkmenistanda daşary ykdysady senagat dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply nebitgaz, dokma we beýleki harytlary çykarýar. Şolar bilen birlikde himiýa we nebithimiýa senagatynyň, obasenagat toplumynyň we beýleki senagat pudaklarynyň daşary bazarlarda orun tutmagy üçin şertler döredilýär. “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy depginde ösmegine, Günorta – Günbatar Türkmenistanyň gülläp ösmegine badalga berýär.

Türkmenistanyň strategiýasy durmuş ugurlydyr. Ýurdumyzyň ähli serişdeleri adam kapitalyna, intellektual taýdan ösüşe gönükdirilýär. Ýagny ýurdumyzda ylym, bilim, saglygy goraýyş, medenýet we sport ulgamlaryň ösüşine aýratyn üns berilýär, olar ileri tutulýar. Belläp geçilişi ýaly, ykdysadyýetiň pudaklarynda milli hünärmenler ösen tehnologiýalary we ylmy täzeçilikleri (innowasiýalardan baş çykarmaga ukyply bolmagy üçin zerur şertler bar).

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde makroykdysady görkezijiler sazlaşykly ösdürilýär. Ilat üçin harytlary öndürýän kärhanalarda hususyýetçiligi, döwrebap enjamlar we tehnologiýalar bilen üpjün edilen ýokary öndürijilikli önümçiligi, döretmek arkaly, ýaýbaňlandyrmak amatly hasap edilýär. Çünki şeýle çemeleşmek dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply harytlary çykarmaga mümkinçilik berýär. Ahal welaýatynyň Baharly etrabyndaky hususy

eýeçiligi degişli “Guş toplumy” kärhanasy döwlet tarapyndan karzlaşdyryldy, oňa mysal hökmünde garamak bolar.

Täze Galkynyşyň zamanasynda beýik özgertmeler maliýe we karz ulgamyny hem gurşap alýar: döwlet býužet we salgyt syýasatlarynyň yzygiderligi gazanylýar, has ygtybarly we ýokary netijeli karz ulgamy döredilýär, milli manat daşary ýurt puluna erkin çalşylýar, bank ulgamy kämilleşýär, täjirçilik banklarynyň işjeňligi ýokarlanýar we başgalar.

Täze döwürde Türkmenistanda bütin ýurt boýunça uzakmöhletli Milli Maksatnama bilen birlikde oba etraplarynyň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça Milli Maksatnama hereket edýär. Bu Milli Maksatnama ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň sebitleri boýunça gyradeň ösüşi gazanmaga gönükdirilendir, ol diňe bir sebit boýunça däl, eýsem bütin dünýä boýunça tapawutlanýan maksatnamalaryň hataryna girýär.

Milli maksatnama boýunça umumy möçberi 14.5 mlrd manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek nazarda tutulýar, durmuş ulgamy we inženerçilik infrastrukturasynyň 15 ugru ösüşe eýe bolar.

Saglygy goraýyş ulgamy boýunça her etrapda iki sany saglyk öýüniň we hassahananyň işini doly möçberde ýola goýmak, ýerlerde lukmançylyk ambulatoriýalyny, tiz kömek gullugyny döredp, olary ýokary hünärli lukmanlar, şeýle hem maşynlar we enjamlar bilen üpjün etmek ýaly çäreler amala aşyrylýar.

Umumy bilim ulgamy boýunça oba etraplarynda 161.5 müň orunlyk 328 mekdep gurular, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň 428-si gurlup, olary 61.5müň çaga gatnamaga mümkinçilik dörär.

Medeni taryhy milli gymmatlyklar we däp-dessurlar esasynda obalar düýpli özgerýär hil boýunça nusgalyk 215 oba medenýet öýleri gurlar. Häzirki döwürde oba ýerlerinde çagalar baglary, mekdepler, kitaphanalar medenýet öýleri işleýär, olaryň durky abatlanýar, täzeleri gurulýar.

Bedenterbiýe we sport ulgamy giňden ýaýbaňlanar, uly möçberli işler ýerine ýetiriler, 75.5 müň orunlyk 212 sport mekdepleri we 180 sport desgalary gurular.

Oba ýerlerinde suw üpjünçiliginiň hilini gowulandyrmak, suwy tygşytlamak, ýokanç keselleriň döremeginiň howupsyzlygyny üpjün etmek üçin 22.9 müň km suw geçirijileri gurlar, oba hojalyk önümçiligi üçin 2774 guýu gurlar, 52 mln manada barabar gurluşyk işleri alnyp barlar.

Oba ýerleriniň içerki ýollaryny düýpli abatlamak, etrabyň ilatly nokatlarynyň arasyndaky ýollary döwrebaplaşdyrmak, wajyp önümçilik obýektlerine (däne ammarlaryna, mallarçylyk toplumlaryna, önümçilik brigadalaryna) barýan ýollarda abatlaşdyryş işlerini geçirmek we täze ýollary gurmak göz öňünde tutulýar, 23.8 müň km barabar owtomobil ýollary çekiller.

Oba ýerlerini gazlaşdyrmak dowam edýär, uzynlygy 12.8 müň km barabar gaz geçirijiler bina edilýär, uzakda ýerleşýän, az ilatly obalar ballonly suwuklandyrylan gaz bilen bökdençsiz üpjün ediler.

Milli Maksatnamada oba ilatyny, daýhan hojalyklaryny we beýleki haryt öndürijileri üpjün etmek üçin degişli desgalaryň durky abatlanar we täzelener, 24.4 müň km barabar elektrik geçirijileri gurlar. Netijede elektrik bilen üpjünçiligiň ygtybarlygy pugtalanar.

Teleominikasiýa ulgamy oba ýerlerinde öser, ilatly nokatlary islege görä doly möçberlerde telefonlaşdyrmak, telefon aragatnaşygynyň usullary we görnüşleri kämilleşer, telekommunikosiýa we maglumat hyzmatlarynyň täze görnüşleri ornaşdyrylar, önümçilikli telefonlery ulanylýanlaryň sany artar.

Milli maksatnama boýunça ýokary depginler bilen ösýän oba ilaty üçin 5.2mln kw.m ýaşaýyş jaýlary, 6.3 müň barabar lagym geçirijileri gurlar.

Umuman, Milli Maksatnama Türkmenistan döwletiniň oba ilatynyň durmuş ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak

baradaky syýasatynyň netijesidir. “Döwlet adam üçindir” ýörelgäni ýöredýän döwletimizde adam barabaky alada ileri tutulýar we bu ugurdaky syýasat barha kämilleşýär köpdürli ugurlar boýunça ösýär.

## Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň düzüm gurluşy

- Önümçilik pudaklary;
- Önümçilik däl pudaklar
- Maýa goýumlar.

Milli ykdysadyýetiniň emele gelmegine taryhy ýagdaýlar we durmuş-ykdysady ösüşiň derejesi täsir edýär. Geçişdäki ýagdaýlar geljekdäki ösüşleriň möhüm faktory hökmünde çykyş edýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan gadymy taryhy döwürde adamzat sewilizasiýasynyň döremegine we ösmegine uly goşant goşýar. Biziň eýýämizden öňki V-IV müň ýyllyklarda ýurdumyzyň çäklerinde iri medeni merkezler-Jeýhun, Änew, Altyndepe, Merw, Nusaý, Ürgenç, Amul, Dehistan-gülläp ösüpdir. Türkmenleriň ýaşaýan ýerleri ekerançylygyň, maldarçylygyň, haly dokamagyň we senetçiligiň dünýä meşhur merkezleri bolupdyr. Ylymda we sungatda belent sepgitlere ýetilipdir. Türkmen harytlary Ýewropa, şeýle hem dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýrapdyr, Rimiň bazarlarynda Merwde öndürilen aýratyn berk polatdan ýasalan ýaraglara isleg uly bolupdyr.

Emma XIII asyryň 20-nji ýyllarynda Türkmenistan elhenç we tozduryjy çozuşlara sezewar bolýar, ýurt harabaçylyga öwrülýär.

Emma XVII-XIX asyrlarda Türkmenistanyň territoriýasy bütewiligini saklady.

XIX asyrda Türkmenistan patyşa Russiýasyna garaşly edildi, 1917-nji ýylyň rewolýusiýasy, häkimýet başyna

bolşewikleriň gelmegi türkmen halkyna garaşylýan azatlyga bermedi. Türkmenleriň däp-dessurlaryna, milli gymmatlyklaryna, döredijiligine kem baha garaldy. Sowet döwletiniň düzüminde Türkmenistan özbaşdak doly hukukly däldi. Şonuň bilen Türkmenistanyň öndüriji güýçleri belli derejede ösüşe eýe boldy. Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň ýataklary açyldy, ekerançylyk ýerleri giňeldildi, gidrotehniki desgalar guruldy. Ilatyň bilim, ylym we medeni derejesi ýokarlandy. Emma senagat hem, oba hojalygy hem çig mal öndürýän pudaklardy.

1991-nji ýylyň 27-niji oktýabryndan başlap garşsyz we özbaşdak Türkmenistan ykdysadyýeti döretmek we ösdürmek boýunça milli gymmatlyklaryny dünýäniň öňdebaryjy tejribeleriniň utgaşdyrylan ýoly saýlap aldy.

Garaşsyzlygyň ýyllarynda milli ykdysadyýetiň binýady pugtalandy, dünýä ýurtlarynyň hatarynda ýokary depginlerde ösýän, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysady ulgamyna ýokary netijeli ugurlarda goşulyşmagyna, ilatyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň halkara standartlaryna laýyk gelýän derejelere ýetilmegine degişli şertler döredilýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýeti önümçilik we önümçilik däl pudaklaryndan ybaratdyr. Önümçilik pudaklar ykdysadyýetiň esasy girdeji gazanýan çeşmeleridir, olar öz ösüşinde esasan ýurdumyzyň tebigy resurslaryna ulanýarlar. Önümçilik maddy önümleri öndürýän senagat, oba hojalygy, gurluşyk, ulag, aragatnaşyk, söwda, hyzmatlar ýaly pudaklardan ybaratdyr, maddy däl önümçiligine saglygy goramak, bilim, ylym, medeniýet we sungat, sport we syýahatçylyk, durmuş üpjünçiligi, maddy däl hyzmatlar degişlidir. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti halk hojalygyny düzýär. Onuň düzüm gurluşy 1. suratda getirilýär.




*Surat 1. Milli ykdysadyýetiň düzümi.*

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde önümçilik we önümçilik däl pudaklaryň arasynda jebis baglanyşyk saklanylýar. Önümçilik däl pudaklar durmuş-medeni hyzmatlary ýerine ýetirip, önümçiligiň ösmegine gönümel ýardam berýärler. Ykdysadyýetiň ösüşi önümçilik däl pudaklaryň ösüşi bilen baglanyşykda amal edýär.

Ylmy-tehniki ösüş bu ugruň ösmegine zerurlyk döredýär. Ýagny önümçilige ornaşdyrylýan täze tehnologiýa, onuň kämilleşmegi önümçilik däl ugruň ösüşini talap edýär. Şeýlelik bilen ýurdumyza bütewi halk hojalyk toplumy hereket edýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda milli ykdysadyýet daşardan gelýän önümlere, hyzmatlara ýokary derejede garaşyldy.

JIÖ düzüminde, 1991-nji ýylda , oba hojalygy 40% senagat 17 we hyzmatlar 9% paý tutýardy. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti azyk önümleri bilen öz-özüni üpjün etmeýärdi, ýurdumyzyň içerki bazarynyň isleginiň 70%-i daşardan getirilýän harytlaryň hasabyna kanagatlandyrylýardy. Emele gelen ýagdaý JIÖ-ň düzüm gurluşyny kämilleşdirmegi talap edýärdi. Şu ugurda geçirilen özgertmeler guramaçylyk çäreler, maýa goýum syýasatynyň kämilleşdirilmegi ykdysadyýetiň önümçilik pudaklarynyň düzüm gurluşynyň netijeliliginiň ýokarlanmagyna alyp bardy.




**2- nji surat**

Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň düzümi (2009-njy ýyl) 2001-nji ýyllarda senagatyň paýy ýurduň JIÖ-nde 31-38%-e barabar boldy, ýerasty peýdaly magdanlary gazyp alýan pudaklaryň paýy (goşmaça baha gurluşynda) iki esse diýen ýaly peseldi we 36 % barabar boldy, ýeňil we azyk senagatynyň paýy 45 % çenli artdy, oba hojalygynyň tutýan paýy 26-e deňdi, gurluşygyň paýy 9-10%-di.

2001-2009-njy ýyllarda bolup geçen özgertmeler JIÖ-ň düzüm gurluşyny has amatly ýagdaýa getirdi (2-nji surat)

Häzirki wagtda JIÖ-ň 40%-i ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz däl ulgamynyň paýyna düşýär, ol ýokary depginler bilen oba hojalygynda, gurluşykda, söwdadawe syýahatçylykda döredilýär, kiçi we orta telekeçilik döwlet tarapyndan goldalynýar.

Ykdysady özgertmeler 1998-nji ýylda ilkinji gezek tebigy gazyk eksportyna bagly bolmady, şony hasaba almanyňda JIÖ-ň ösüş depgini 5 %-boldy. Umuman JIÖ-ň ösüş depginleri ýokary: 2009-njy ýylda – 106,1%, 2010-njy ýylda – 106,3% bolar.

JIÖ-ň ýokary we durnukly ösüş depginleri ortaça jan başyna düşýän girdejisiniň artmagyna getirdi, bu görkeziji 1996-njy ýylda – 3 müň dollara, 2001-nji ýylda 5 müň we 2010-njy ýylda 15 müň dollara barabar boldy.

Ykdysadyýetde ýokary depginli ösüşleriň gazanylmagyna döwletiň maksadalaýyk maýa goýum syýasaty ýardam berýär. JIÖ-ň düzüminde 1991-nji ýylda ykdysady maýa goýumlaryň paýy 20 %-di, bu görkeziji 2001-nji ýylda iki esseden hem gowrak artdy, 2009-njy ýylda – 46,4%-e barabar boldy.

Ýurdumyzy maýa goýum syýasatynyň esasy ugry-ykdysadyýetiň durnukly ösüşini, ykdysadyýetiň düzüm gurluşyny netijeli özgertmekden we özbaşdak hojalyk ulgamy hökmünde milli ykdysadyýeti herekete getirmekden ybaratdyr.

Türkmenistan döwletiniň maýa goýum syýasaty kanunçylyga esaslanýar. Maýadarlar bilen sazlaşykly guralan gatnaşyklar bu ugurda alnyp barylýan işleriň ýokary depginlerini üpjün etdi. 1991-2001-nji ýyllarda esasy maýa goýumlaryň umumy möçberi 12,9 esse, 2001-2010-njy ýyllarda - 12,2 esse artdy. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen maýa goýumlary maliýeleşdirmegiň täze çeşmeleri emele geldi. 1991-2009-njy ýyllar aralygynda büjet serişdeleriniň paýy 71%-den 5%-e çenli peseldi. Kärhanalaryň öz

serişdeleriniň paýy şu döwürde 24%-den 32,1%-e çenli artdy. Türkmenistan döwletiniň maýa goýum babatdaky syýasaty daşary ýurtmaýadarlaryna ýeňillikleriň berilmegini göz öňünde tutýar: alnan girdeýjini erkin peýdalanmaga hukuk, ýurda getirilýän tehnologiki enjamlara gümrük we salgyt halklaryna ýeňillik tölegleri, döwlet tarapyndan ýurda getirilýän daşary maýalaryna kepilligiň berilmegi we başg. soňky ýyllarda daşary ýurt maýadarlaryň paýy 28,6%-e barabar boldy.

Ýurdumyzda ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin amatly şertler döredildi. Ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýer bölünip berilýär, şeýle hem ýeňillikli karzlardan peýdalanylýar, şu maksat bilen 30 ýyllyk möhlet bilen 1 göterimden 5 ýyl ýeňillikli karzyň berilýär. Munuň özi ýaşaýyş jaýynyň ulanylýan meýdanyny artdyrýar hem-de jaýyň hil sypatlaryny gowulandyrýar, gönükdirilýän maýa goýumlaryň möçberi şu maksat üçin 1991-2010 ýý. 6,5 esse artdy.

Hususy maýa goýujylaryň serişdeleri döwlet tarapyndan ygtybarly goralýar, olaryň maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmaga ýardam berilýär. Döwlet dahylsyz maýa goýumlar ýokary depginlerde ösýär we umumy maýa goýumyň möçberinde onuň tutýan paýy 40 % - barabar boldy.

Ykdysadyýeti özgertmegiň barşynda maýa goýumlar durmuş ulgamlaryna gönükdirilmegi häsiýetli aýratynlyklaryň biridir. 2009-njy ýylda onuň paýy maýa goýumynyň umumy möçberinde 44,1 göterim boldy, garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda bu görkeziji 23%-di. Netijede saglygy goramagyň, bilimiň, ylymyň, medeniýeti sungatyň, sport we syýahatçylygyň döwrebap ýüzlerçe binalary we desgalary guruldy.

Ykdysady ösüşiň durnukly ýokary depginleri halk hojalygynyň ähli ugurlarynda maýa goýum işiniň netijeli bolmagyna getirdi. 2009-njy ýylda düýpli maýa goýumlaryň 1 manadyna öndürilen JIÖ-ň hereket edýän nyrhlardaky 2,8 manadyna deň boldy. Maýa goýumlaryň ýokary netijeligi JIÖ-ň ösmegine ýardam berýär.

Polipropilen önümçiligi we dürli harytly önümleri öndürýän kärhanalary gurmak, hebit himiýa senagatynyň ileri tutulýan ugrudyr.

2008-nji ýylda “DMT” fransuz kompaniýasy polipropilen plýonkasyny öndürýän zawod gurup başlady. Bu plýonka oba hojalygynda, azyk senagatynda we beýleki pudaklarda ulanylýar. Şeýlelikde, ilatyň sarp edýän hartylaryny öndürýän kärhanalar üçin çig mal köpeler, başga tarapdan zawodlar toplumynda desgalaryň ençemesi tehnologiýa taýdan yzygiderli birleşer. Ýagny, millisekund katalitik krekin desga (onuň esasy önümleriniň biri suwuklandyrylan gaz polipropilen öndürmek üçin çig mal bolup hyzmat edýär) we ýurdumyzdaky ilkinji polipropilen toplumyny we polipropilen plýonkasyny öndürýän zawod yzygiderli tehnologiýa boýunça işlär.

Nebitgaz milli ykdysadyýetiň esasy daýanç pudagydyr. Bu pudagy mundan beýläk-de ösdürmek üçin onuň çig mal binýadyny pugtalandyrmak we özleşdirmek, hem-de olary dünýä bazarlaryna çykarmagy artdyrmak möhüm startegiki wezipedir. Nebitgaz pudagy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin döwlet maksatnamasy boýunça ösýär. Şoňa laýyklykda gazyň öndürlişi bir ýylda 250 mlrd. kubmetre, nebitiňki-100 mln. tonna bolar. Uglewodorod çig malyny dünýä bazaryna durnukly we uzak möhletli çykarmak üçin turba geçirijileriň köp ugurly ulgamlary dörediler. BMG-nyň Baş Assembleýasynyň 63-nji sessiýasynda Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmat baradaky Rezolýusiýasy kabul edildi. (dekabr 2008)

Şu resminama BMG-nyň agzalary bolan döwletleriň 192-si biragyzdan goldadylar.

Bu rezolýusiýa awtordaş hökmünde goňşy we dünýäniň ösen ýurtlarynyň birnäçesi çykyş etdi. Şeýle ýagdaý, hem-de ýurdumyzyň syýasatynyň açyklygy, uglewodorod çig malynyň gorlary boýunça dünýäde bäşinji orun eýelemegi ýurdumyzda halkara derejede uly abraýa eýe edýär.

Biziň ýurdumyz bu ajaýyp başlangyjy mundan buýana dowam etdirýär. Mysal üçin, dünýäde energiýa boýunça kuwwatly döwletleriň biri hökmünde, 2010-njy ýylda gorlarynyň möçberleri boýunça örän uly uglewodorod ýataklaryny özleşdirmäge 10 mlrd dollar serişde gönükdirýär. 2009-njy ýylda Aşgabatda turbageçirijileriň howpsyzlygyny gazanmak we energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna ygtybarly ibermek bilen bagly mesele boýunça ýokary derejedäki halkara maslahat geçirildi. 2010-njy ýylyň aprelinde Aşgabatda Türkmenistanyň birinji Halkara gaz kongresi geçirildi. Onda öndürijiler we sarp edijiler üçin dünýäde energiýa howpsyzlygynyň möhüm meseleleri maslahatlaşyldy. Olaryň hatarynda daşary ýurt maýalaryny çekmek, uglewodorod seriýdelerini gözlemegiň we özleşdirmegiň, şeýle hem olary gaýtadan işlemegiň geljegi ýaly derwaýys meseleler bar.

2010-njy ýylyň maýynda Aşgabatda Ýewraziýada durnukly we ygtybarly energiýa bilen üpjün etmekde Merkezi Aziýada hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen bagly mesele boýunça halkara maslahat boldy. Maslahat dünýäniň 120-den hem ýurtlaryndan wekil gatnaşdy. Maslahatda energiýa serişdeleriniň durnukly bazarynyň esaslary, bu ulgamda hukuk hyzmatdaşlygy ösdürmek ýaly meselelere garaldy.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen geçirilýän bu giň gerimli halkara maslahatlar öndürijilere, alyjylara we üstaşyr geçirýän ýurtlara özara bähbitli, kanuny esasda hyzmatdaşlygy giňeltmäge we pugtalandyrmaga ýardam berýär.

*Elektirk energetikasy* – durmuş-ykdysady ösüşiň esasy we halk hojalygynyň çalt depginde ösýän pudagydyr. 1950-nji ýyldan başlap kuwwatly elektrik stansiýalar gurulýar: Büzmein GRESI, Balkanabat gaztrubina GRESI, Mary, Daşoguz DESlerini, Türkmenbaşy, Seýdi, Türkmenbat şäherlerinde elektrik stansiýalar işleýär.

Umumy önüm. elektrik energiýanyň 31%-senagaty, 17,3% oba hojalygynda, 15,1% kommunal hojalygynda we başg. sarp edýär.

Elektrik energiýa senagaty ýa-da elektro energetika-durmuş ykdysady ösüşiň esasy pudagydyr.

Onuň ösüşi ýurdumyzyň energiýa howpsyzlygyny üpjün etmäge ýardam berýär. Ýurdumyzyň içerki bazarynyň energiýasyna bildirýän islegi doly kanagatlandyrylýar. Ýurdumyzyň şu pudagy Merkezi Aziýanyň energiýa ulgamy bilen birleşdirilen we artykmaç öndürilen elektrik energiýany Owganystan, Eýran, Turkiýe, Täjigistan we beýleki ýurtlara çykarmaga ukyplydyr. 2008-nji ýylda Türkmenistanda 14,7 mlrd kBm/s elektrik energiýa öndürmedi, onuň 1,9 mlrd kBm/s eksporta ugradyldy.

Ýurdumyzyň elektrik energiýa pudagynyň kuwwaty barha artýar: täze elektrostansiýalar, elektrik energiýasyny geçirijiler gurulýar, bar bolan elektrik energiýa obýektleriniň durky täzelenýär we döwrebaplaşýar. Şoňa baglylykda hem ýurdumyzyň energiýa ulgamy ygtybarly we durnukly işleýär.

Türkmenistanda 1950-nji ýyldan başlap kuwwatly elektrik stansiýalar gurulýar: Büzmein GRESI, Balkanabat gaztrubina GRESI, Mary Daşoguz, Aşgabat, Türkmenbaşy, Seýdi, Türkmenabat elektrik stansiýalar 2010-nji ýyla çenli 25,5 mlrd kBt/s elektrik energiýasy öndüriler, ol 2001ý. derejesinden 3 esse köpdür.

Türkmenistanda ilkinji elektrik stansiýa 1910-njy ýylda Murgap derýasynda-Hindiguş elektrik stansiýa guruldy.

Ýurdumyzda elektrik energiýany öndürmegiň dürli çig mal serişdeleri barada işler alnyp barylýar.

Elektrik energetika pudagy Eýran, Türkiýe, Owganystan, Merkezi Aziýanyň ýurtlary üçin eksportyň möçberini artdyrýar. 2010-njy ýyla çenli 25,5 mlrd kBt/s elektrik energiýany öndürmek meýilleşdirilýär, bu 2001-nji ýylyň derejesinden 3 esse köpdür.

2009-njy ýylda Aşgabadyň demirgazyk gündogarynda kuwwatlygy 254, 2 MWT barabar bolan täze gaz trubina elektrik stansiýasy gurulýar. Ol paýtagtymyzyň, Ahal welaýatynyň energiýa üpjünçiligini gowulandyrar “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda we Balkanabatda şeýle stansiýalar 2010-njy ýylda ulanmaga berildi. Bu elektrik stansiýalarda Jeneral Elektrik amerikan kompaniýasynyň iň täze enjamlary oturdyldy we işleýär.

Ýurdumyzda elektrik energiýanyň dürli çig çeşmeleri barada  işler alnyp barylýar. Türkmenistan diňe uglewodorod çig malylynň ägirt gorlaryna eýe bolup çäklenmeýär, biziň ýurdumyzda gün, ýel ýaly çeşmeleriň gorlary hem uludyr.”Gün” YÖB-ň alymlarynyň hasaplamalaryna görä Türkmenistandaky bir ýylda öndürilýän ähli elektrik energiýany – 14 mlrd kBt/s – onlarça kb km-de aktiw meýdançada ýerleşdirilen gün bilen işleýän diňe bir fotoelektrik stansiýa arkaly almak bolar diýip çak edilýär. Gün bilen gyzdyrylýan peçlerde ýerli çig maldan ýarymkristal kremnini öndürmegiň tehnologiýasynyň üstünde işlenilýär. Häzirki wagtda alymlar kuwwaty 5 kbt ýel bilen işleýän enjamy işläp taýýarladylar.

## Senagat pudagy

- senagatyň ykdysadyýetde tutýan orny;
- senagat pudagynyň düzümi.

Senagat ykdysadyýetiniň, aýratyn hem önümçilik pudagynyň arasynda esasy orun tutýar. Senagat tebigy baýlyklary gözleg-agtaryş peýdaly magdanlary gazyp çykarmak we gaýtadan işläp adam durmuşy üçin zerur taýýar önümleri öndürmek hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly işleri ýerine ýetirýär. Şol bir wagtda hem senagat döredijiligi we öndürijiligi işe ýardam berip, ykdysadyýetiň, umuman

jemgyýetiň ösmegine güýçli itergi berýär. Şeýlelik bilen senagat önümçilikde tebigy, zähmet, maddy resurslaryň netijeli ulanylmagyny üpjün edýär we ylmy-tehniki ösüşe ýol açýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde senagat pudagynyň kärhanalary döwrebap iň täze tehnologiýalar, enjamlar, hünärligi ýokary işgärler bilen üpjün edilýär. 2008-nji ýylda senagatyň jemi içerki önümde tutýan paýy 53.1% - e barabar boldy, garaşsyzlygyň ilkinji on ýylynda bu görkeziji 17% -di, halk hojalygynda ähli işgärleriň 14.7% -i, ähli önümçiligiň esasy serişdeleriniň 37.2% senagatyň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde senagat pudaklarynyň bir näçe görnüşleri bar. Olar iki topara çig maly gazyp alýan we çig maly gaýtadan işleýän pudaklara bölünýär. Senagatyň pudaklarynyň görnüşleri we olaryň senagat önümçiligindäki tutýan paýy 2 tablisada görkezilýär.

*Tablisa 2*

**Senagat pudaklarynyň görnüşleri 2008ý.**

| Pudaklar | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Senagat, hemmesi | 100.0 | 100.0 | 100.0 |
| Ýangyç energetika pudaklary | 56.3 | 52.8 | 72.9 |
| Şol sanda: | | | |
| Elektrik energiýa senagaty | 2.3 | 0.8 | 0.7 |
| Ýangyç senagaty | 54.0 | 52.0 | 72.2 |
| Şol sanda: | | | |
| Nebit çykaryjy senagat | 10.1 | 9.8 | 15.0 |
| Nebiti gaýtadan işleýän senagat | 13.0 | 14.1 | 17.7 |
| Gaz senagaty | 30.9 | 28.1 | 39.8 |
| Maşyn gurluşyk we metal işläp bejeriji senagat | 1.2 | 0.6 | 0.4 |
| Himiýa senagaty | 1.7 | 1.2 | 1.0 |
| Gurluşyk materiallar senagaty | 2.2 | 2.2 | 2.0 |
| Aýna we forfor faýns senagaty | 0.1 | 0.03 | 0.01 |
| Ýeňil senagat | 18.9 | 20.0 | 11.8 |
| Şol sanda: | | | |
| Dokma senagaty | 17.0 | 13.1 | 8.7 |
| Tikin senagaty | 1.8 | 6.7 | 3.0 |
| Göl, deri we aýakgap senagaty | 0.1 | 0.2 | 0.1 |
| Azyk senagaty | 18.3 | 22.0 | 11.2 |
| Şol sanda: | | | |
| Azyk tagam senagaty | 13.8 | 17.0 | 8.8 |
| Et we süýt senagaty | 0.9 | 3.4 | 1.7 |
| Däne öweýän ýarma senagaty | 3.4 | 1.2 | 0.7 |
| Beýlekiler | 1.3 | 1.2 | 0.7 |

2009-njy ýyl boýunça ýurdumyzda senagat önümçilikleriniň möçberi 31 mlr manatdan gowrak boldy (hereket edýän nyrhlarda). Orta we iri senagat kärhanalary özünde jemleýän senagat esasy hasap edilýär, onuň düzüminde 2200 töweregi gazyp çykarýan, işläp bejerýän, elektrik energiýasynyň, gazyň we suwuň öndürilişi, paýlanylyşy bilen meşgul bolýan kärhanalar degişlidir. Olar senagat

önümçiliginiň önümleriniň artmagyna uly täsir edýärler. Esasy senagat kärhanalarynyň 96.9% döwlet eýeçiligine degişlidir. Häzirki döwrüde çig maly gazyp çykarýan pudagyň ösüş depgini çig maly gaýtadan işleýän senagatyňkydan ýokarydyr. Esasy senagatda gazyp çykaryjy senagata 65.3% degişlidir. Gazyp çykarýan senagatda gaz çykaryjy senagat 71.1% tutýar.

Türkmenistanyň sengatynyň ýerli çig mala baý bolmagy, içerki bazaryň islegini kanagatlandyryp, önümleri daşary çykarmaga mümkinçilik berýär häzirki wagtda esasy senagatyň kärhanalary tarapyndan iberilen önümleriň möçberi 24 mlr manada golaý boldy. Öndürilen önümiň 98.2%-i sarp edijilere iberildi, onuň 83.2%-i eksportyň paýyna düşýär eksportyň umumy möçberiniň düzüminde gazyp alýan senanagatyň paýyna 50.6 göterim düşýär, 2000-nji ýylda bu görkeziji 60% -den gowrakdy. Gaýtadan işleýän senagaty çig mal senagat önümlerinden ýokary depginlerde ösdürmek ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Esasy senagat önümçiliginiň düzüminde elektrik energiýa, himiýa senagaty, maşyn gurluşyk we metaly işläp bejerýän senagat, gurluşyk matriallary senagaty, balyk, çap edýän ýaly senagatyň gaýtadan işleýän pudaklary önümleriň möçberiniň ýokary derejede (gymmat hasabynda) öndürilmegini üpjün edýärler.

Şu döwürde senagat önümleriniň aýry-aýry görnüşleriniň fiziki (natural) möçberleri boýunça ösüş gazanyldy. 2009-njy ýylda, 2008-nji ýyl bilen deňeşdirlende, magdan däl gurluşyk materiallarynyň öndürilişi 26.5% gurluşyk üçin beton gurnawlarynyň ýygnalan bölekleri 19.4%, azot dökünleri 10.9% artdy. Senagat önümçiliginiň sebitleýin düzüminde Balkan (36.0%) we Mary (27.6%) we;aýatlary öňdäki orunlary eýeleýär.

Senagat pudaklarynyň kärhanalaryň ýurt boýunça ýerleşdirilişine tebigy, maddy we zähmet resurslary bilen üpjünçiligiň, önümçiligi gurnamagyň ösen, ylmy –tehniki ösüşiň, çäkleriň ykdysady – medeni derejeleri täsir edýär. Olar

bilen bir hatarda önümçiligiň tehniki – ykdysady we tehnologiýa ýagdaýy hem hasaba alynýar. Başgaça, senagat kärhanalarynyň ýerleşdirilmegi-çig mal gorlaryna, ýangyja, energiýa, suwa, işçi güýjine, sarp edijilere, ulag we aragatnaşyga hem-de beýleki önümçilik, durmuş hyzmatyny ýerine ýetirýän edaralara baglydyr.

Täze Galkynyşyň zamanasynda ýurdumyzda ykdysadyýetde diwersifikasiýany geçirmek esasynda taýýar önümi dürli çig mal çeş,elerinden öndürmegi, umuman senagaty degişli infrastrukturalary köp ugurlar boýunça ösdürmäge aýratyn üns berilýär.

## Nebitgaz we elektrik energiýa senagaty

-ykdysadyýetde tutýan orny;
-tebigy resurslar we çig malyň çykarylyşy;
-çig maly senagat taýdan gaýtadan işlemek;
-elektrik energiýanyň öndürilişi

Türkmenistanyň nebit we gaz, elektrik energiýa senagaty, ýagny ýangyç-energetika toplumy, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny nebitgaz önümleri we energiýa bilen üpjün edýär. Tebigy gaz, suwuklandyrylan gaz, nebit önümleri, polipropilen, elektrik energiýa ýurdumyzyň esasy eksport edýän senagat harytlarydyr. Türkmenistanyň eksportynyň 49%-i, tebigy gazyň, 11%-i nebitiň, 21%-i nebit önümleriniň paýyna düşýär.

Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň ýokary depginleri tebigy baýlyklara, şol sanda, nebit we gaz gorlaryna esaslanýar. Şu babatda ýurdumyzda nebitgaz gorlaryny özleşdirmek, uglewodorod çig malyny senagat taýdan gaýtadan işlemek möhüm wezipe hasap edilýär.

Şu toplumyň esasy görkezijileri 3 tablisada ýerleşdirilýär.

*Tablisa 3.*

**Nebit-gaz we elektrik energiýa senagatynyň esasy ykdysady görkezijileri**

| Görkezijiler | 2000 ý. | 2007 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|
| Senagat önümçiliginiň düzüminde tutýan paýy, % | 56,3 | 52,8 | 72,9 |
| Şol sanda:<br>Elektrik energiýa senagaty | 2,3 | 0,8 | 0,7 |
| Nebit çykaryjy senagat | 10,1 | 9,8 | 15,0 |
| Nebiti gaýtadan işleýän senagat | 13,0 | 14,1 | 17,7 |
| Gaz senagaty | 30,9 | 28,1 | 39,5 |
| Işgärleriň ortaçaýyllyk sany, müň adam | 25,1 | 34,2 | 34,7 |
| Senagat işgärleriň umumy sanynda %-de | 24,1 | 30,0 | 29,3 |
| Işgärleriň ortaça aýlyk iş haky müň manat<br>Elektrik energiýa senagatda | 120,1 | 511,0 | 571,9 |
| Nebit çykaryjy senagatda | 147,5 | 889,8 | 1608,7 |
| Nebiti gaýtadan işleýän senagatda | 203,6 | 868,8 | 945,5 |
| Gaz çykaryjy senagatda | 198,0 | 874,6 | 907,8 |

Ýokarda bellenilişi ýaly ýangyç energetika toplumy senagat önümçiliginiň düzüminde tutýan paýy uly, şol bir wagtda hem bu toplum senagatyň esasy önümçilik serişdeleriniň 60%-den gowragyny özünde jemleýär. Nebitgaz we elektrik energiýa senagaty ýangyç önümçiligine esaslanýar.

Türkmenistanda ýangyjyň çykarylyşynyň we ulanylyşynyň baý taryhy bar. Hazarýaka türkmenleriniň gadymy käri, duzy gazyp almak bilen guýularda ýönekeý usulda nebit çykarmak bolupdyr. XVII-XIX asyrlaryň taryhy ýazgylary Çelekende hem-de Nebitdagda köpsanly nebit guýularynyň bolandygyny habar berýär.

XIX asyryň ortalarynda Ýewropada, Russiýanyň we dünýäniň beýleki sebitlerinde senagatyň, demir we awtomobil ulaglarynyň, maşyngurluşygynyň, deňiz gämiçiliginiň, ýokary depginde ösmegi nebite we onuň senagat taýdan işlenen önümlerine talap güýçlendi. XIX asyryň ahyrynda Çelekene gelen daşlary ýurt kompaniýalarynyň we firmalaryň sany 20-den hem köpdi. Nebit diňe çöwlükler bilen däl, demir turbalar arkaly burawlanýan guýulardan senagat usullaryna geçildi. Doganlar Nobelleriň firmasy işini has ýaýbaňlandyrdy. Bu firma Çelekende dokuz kilometrlik ilkinji nebit turbageçirijisini gurdy we 1897-nji ýylda Garaköl obasynyň deňiz duralgasyndan gämä nebit guýdy we ony deňiz bilen daşary ýurtlara ugratdy. XX asyryň 20-nji ýyllarynda Çelekende çuňlugy 650 metre çenli bolan ownuk guýularyň 350-si işleýärdi, 1911-nji ýylda olardan jemi 217 müň tonna nebit çykaryldy.

1959-1962-nji ýyllarda türkmen nebitçileri Hazar deňzinde uzynlygy 2km bolan deňiz estakadasyny gurup, Çelekende deňizde burawlaýyş işlerini geçirmek üçin tehniki binýad döredildi, onuň kömegi bilen Hazar deňziniň türkmen böleginde ilkinji nebitgaz ýataklary açyldy: Jygalybeg, Jeýtun, Garaköl, Çelekenýangümmez.

1959-njy ýylda “Türkmennebit” önümçilik birleşigi Merkezi we Gündogar Türkmenistanda gözleg-barlag buraw işlerini geçirip, farap, Baýramaly, Maý we beýleki ýerlerde gelejegi uly gurluşlary ýüze çykardy. Gündogar Türkmenistanda bu ugurda ilkinji açyşlar 1963-nji ýylda Amyderýanyň we Murgabyň sebitlerinde nebitli-gazly ýataklaryň mälim edilmeginden başlandy.

Emma Türkmenistanda diňe garaşsyzlyk ýyllarynda geologiýa-gözleg işleri, nebit we gaz ýataklaryny özleşdirmek üçin amatly şertler döredi. Türkmenistan ykdysady, syýasy, medeni we ruhy taýdan düýpli özgerýär. Ähli ugurlarda bolşy ýaly, ýurdumyz wajyp ykdysady sütüni hasap edýän ýangyç-

energetika toplumynyňher pudagynda hem asyrlara barabar işler ýerine ýetirildi.

Türkmenistanda tebigy baýlyklary özleşdirmekde uly mümkinçilikler we gelejegi uly bolan ugurlar açyldy. Ýurdumyz dünýäde kuwwatly energetika döwlet hökmünde tanalýar. Ýangyç akymlarynyň diwersifikasiýasy we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça ýangyçlary halkara derejede goldanylýar we yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň ýangyç serişdelerini ösdürmek baradaky milli maksatnama boýunça tebigy baýlyklar türkmen halkynyň bähbitlerine gönükdirilýär. Şeýlelik bilen "Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasy" 2006-njy ýylyň oktýabr aýynyň 25-den başlap iş ýüzüne geçirilýär. Şu wagta çenli ýurdumyz boýunça nebitiň çykarylan mukdary 500 mln tonnadan hem gowrakdyr.

Öňdebaryjy pudaklarynyň biri bolan gaz senagaty 1966-njy ýylda Garagumda ýüze çykarylan tebigy gaz ýataklaryny özleşdirmegiň netijesinde uly ösüşe eýe boldy. Türkmenistan tebigy gazy çykarmak boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna goşuldy. 1970-nji ýyldan bäri ýurdumyzda 3 trln kub metrden gowrak tebigy gaz çykaryldy.

Nebitgaz senagatyny ösdürmek üçin, onuň kanunçylyk binýady döredildi. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 2008-nji ýylyň ýylyň 20-nji awgustynda gol çekilen. Uglewodorod serişdeleri hakyndaky" Türkmenistanyň kanuny daşary ýurt kompaniýalaryny we maýadarlaryny özarabähbitli işjeň hyzmatdaşlyga çekmäge esas bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen birlikde "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň meseleleri hakyndaky" karar agentligiň statusyny kesgitleýär we degişli ygtyýarlyklary berýär.

Türkmenistan ýangyç çig malynyň gorlarynyň ýurdumyzyň nebitgaz ugurdaky ylmy edaralary daşary ýurtly "Western Atlas", "Eksonmobil", "Gaffneý Klaýn", "Degoler end Makpoton" garaşsyz meşhur kompaniýalary bilen birlikde

ýurdumyzda 45,4 trln kubmetre (20,8 mlrd t nebit, 24,6 trln kubmetr gaz) barabar möçberde şertli ýangyçlaryň gory çaklanyldy, onuň uly bölegi – 18,2 trln kubmetri Hazar deňziniň türkmen böleginde, 14 trln kubmetri Günorta Ýolöten – Osman ýatagynda ýerleşdirilendir. Bu ýatak gorynyň möçberi boýunça dünýäde 5-nji orny tutýar. Nebiti we gazy çykarmak üçin gözleg agtaryş işleriniň esasy ugurlary 2030-njy ýyla çenli şu ýerlere gönükdirilendir.

Günbatar Türkmenistanda:

-Akpatlawuk, Çekiçler, Şalgut, Gündogar çeleken;
-Hazarýaka zolagy;
-Nebitlije we Çeleken meýdanlarynyň täze ýataklary;
-Hazar deňziniň türkmen bölegine.

Gündogar Türkmenistanda:

-Günorta Ýolöten, Şatlyk, Malaý, Bagaja gazly ýataklaryna we Amyderýanyň sag kenaryna;
-Giň göwrümli Günorta Ýolöten nebitgaz ýatagyny nebitli gatlaklary;
-“Şatlyk” gatlagynyň täze zolaklaryna;
-Murgap we Bokurdak sebitleriniň çuň gatlaklaryna.

Ýurdumyzdaky durnukly ýagdaý we ýangyç serişdeleriniň uly gorlary hem-de olary özleşdirmegiň kanunçylyk binýadynyň döredilmegi nebitgaz toplumyna daşary ýurtlaryny çekmäge amatly ýagdaý döredýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklary bilen birlikde nebit-gaz toplumy üçin goýulýan maýalaryň möçberi artýar. Nebitgaz pudagyna goýulýan mallar 2000-2006 ýý. 1,7 esse, 2007-2008 ýý. 2,1 esse artdy. Goýulýan mallaryň 67,3%-i senagatyň ýangyç pudagyna degişlidir. Häzirki wagta çenli Türkmenistan 3 trlnkubmetr tebigy gazy çykardy.

2008-nji ýylda tebigy gazyň çykarylyşy, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 48,3% artdy we 70mlrd $m^3$ barabar boldy. Daşary ýurtlara iberilýän tebigy gazyň möçberi köpeldi we 51 mlrd $m^3$ deň boldy. Türkmenistanyň işlenilip taýýarlanylan gaz we gazkondensatly ýataklar eksportynyň möçberi iki esseden gowrak artdyrmaga mümkinçilik berýär. Taslamalary durmuşa geçirilýän gaz geçirijileriň ýyllyk kuwwaty: Türkmenistan – Hytaý 30 mlrd $m^3$, Hazarýaka gaz geçirijisi – 30 mlrd $m^3$; Hazar üsti gazgeçiriji – 36 mlrd $m^3$. Häzirki wagtda hereket edýän gazgeçirijileriň ýyllyk kuwwaty: Döwletabat – Derýalyk – 50 mlrd $m^3$, Körpeje – Gurtguýy – 14 mlrd $m^3$.

2009-2024-nji ýyllarda Garabil, Gurrukbil ýataklar toparyny (2009-njy ýyldan başlap), Amyderýanyň sag kenaryny (2009-njy ýyldan başlap), Günorta Ýolöten gaz ýataklar toplumyny, Garajaowlak ýataklar toparyny (2010 ý. başlap), 2022-nji ýyldan Bokurdak nebitgazly we Tammar, Şatlyk gazly sebitlerde täze ýataklar açylar

Nebit pudagy gözleg-barlag işleriniň, olaryň önümçilik taýdan özleşdirilişi bilen birlikde ösýär. 2008-nji ýylda nebitiň çykarylyşy 10,6 mln tonna barabar boldy we 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 47,2% köpeldi.

Nebitgaz pudagyny ösdürmekde 2009-njy ýylda ýokary netijeler gazanyldy, Türkmenistan – Hytaý, Döwletabat – Sarahs – Hangeran gaz geçirijiler ulanmaga berildi 2010-njy ýylda nebitiň çykarylyşyny 105,2 göterim artdyrmak baradaky wezipe üstünlikli ýerine ýetirilýär. Nebitiň gazyň täze ýataklaryny gözlemek bilen eýýäm açylan nebitgaz ýataklaryny özleşdirilmäge girişilýär.

Bu ugurda Günorta Ýolöten – Osman ýatagy senagat taýdan özleşdirilýär (birinji tapgyry). Ýagny şu ýataklarda abatlamak işlerini çaltlandyrmak we gazçykarmaga başlamak boýunça anyk çäreler görülýär, şu işler üçin 4 mlrd dollar möçberinde Türkmenistan – Hytaý bilen ýertnama baglaşdy.

Merkezi Garagumda, Baharly etrabynyň merkeziniň demirgazygynda 140km uzaklykda ýerleşen Mydar ýatagynyň

geljegi uludyr, gije-gündiziň dowamynda 350 tonna çenli nebit çykarylýar. Bu ýatak Ýylakly ýatagy gije-gündizde 150 tonna nebit berýär. Turba geçiriji arkaly birikdirilip, Baharly etrap merkeziniň golaýynda gurlan nebit goýuja, soňra demir ýol jisternallary boýunça bilelikdäki gazgeçiriji bilen Türkmenbaşynyň zawodlar toplumyna eltiler. Hazar deňzi ýalpagynyň türkmen böleginiň 21-nji we 23-nji belgili bloklary önümi paýlaşmak baradaky ylalaşyk boýunça özleşdiriler.

GDA-nyň ýurtlaryna 30mlrd kubmetr gaz satyldy. Geljekde Türkmenistan 25 ýylyň dowamynda Russiýa her ýyl 50 mlrd kubmetr tebigy gazy satar. Onuň üçin umumy bahasy 1 mlrd dollar möçberindäki 500 km uzaklykda Hazarýaka gaz geçirijisiniň gurluşygyna Russiýa we Gazagystan bilen bilelikde taýýarlyk görýär. Tran milli Türkmenistan – Hytaý gazgeçirijisi XXV-asyryň taslamasy Amyderýanyň sag kenaryndan başlap, Özbegistanyň we Gazagystanyň çäginden geçip, Hytaýyň uýgur awtonom etrabynda tamamlanýar. Bu taslamanyň bahasy 7,31 mlrd dollara barabardyr. Gazgeçirijiniň uzynlygy 7000 km-dir, onuň 188 km-i Türkmenistanyň, 530 km-i Özbegistanyň, 1300 km-i Gazagystanyň çäklerinden geçip Hytaýa bardy. Eýranly hyzmatdaşlar bilen bilelikde 1998-nji ýylda 150 km-lik gezgeçiriji guruldy (Körpeje-Gurtguýy) we ulanmaga berildi. 2010-njy ýylyň 27-nji apreline çenli Türkmenistan-Hytaý gaz geçiriji boýunça 1 mlrd kubmetre barabar tebigy gaz kabul edildi. Bu gaz geçiriji 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda ulanmaga berildi we 2012-nji ýylda doly kuwwatynda, ýagny ýylda 40 mlrd kubmetr çenli türkmen gazy Hytaýa ugradylýar.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda uzynlygy 30,5 km Döwletabat-Sarahs-Hangeran gazgeçiriji guruldy, her ýylda 12,5 mlrd kubmetr tebigy gazy ýurdumyzdan Eýrana akdyrmaga ukyplydyr. 2010-njy ýylyň 31-nji maýynda bolsa "Gündogar-Günbatar" gaz geçirijisiniň düýbi tutuldy. Bu gaz geçiriji üçin esasy çeşme bolup Ýöleten-Osman hem-de Ýaşlar

ýataklary hyzmat eder. Ýylda 30 mlrd. kubmetr gaz akdyrmak göz öňünde tutulýar.

Nebiti gaýtadan işleýän senagat Türkmenbaşy we Seýdi şäherinde ýerleşýär. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawody täzeden enjamlaşdyryldy. Dünýäniň meşhur kompaniýalarynyň gatnaşmagynda täze ýangyç we nebithimiýa önümçiligi – gidroarassalaýyş we katalitiki riforming, millisekund katalitiki kreking, ýokary oktanly benzinleri, dizel ýangyjyny öndürýän desgalar, polipropilen toplumy we çalgy ýaglaryny öndürýän zawod işe girizildi.__Munuň özi nebithimiýa senagatynda hakyky tehnologiýa babatda öwrülişikdir. Ýurdumyz üçin düýpden täze nebithimiýa önümçiligini döretmek dowam edýär. Öndürilýän çig nebitiň 68% göterime gaýtadan işlenilip, 40-a golaý harytlyk önümler çykarylýar.

Türkmenbaşydaky zawodlar toplumy, resurslary tygşytlamaga ukyply ekologiýa babatda arassa, tehnologiýany ulanyp, önümleriň 40-a golaý görnüşlerini çykarýarlar. Olaryň arasynda ýetileşdirilmedik awtomobil benzinleri, aawiasion we tehniki kerosinler, suw arkaly arassalanan dizel ýangyjy, suwuklandyrylan gaz, nebit koksy, polipropilen, dizel we uniwersal ýaglaryň dürli görnüşleri bar.

Häzirki wagtda bu ýerde ABŞ-nyň “Foster Weseeler” halklara korporasiýasynyň iri maýa goýumly taslamasy boýunça haýal ýagdaýda kokslaşdyryjy we gudronyň deasfaltlaşdyrylmagy boýunça desga gurulýar. Ol nebit çig malyny gaýtadan çuňňur işläp, ýokary hilli önümleriň eksporta ugradylmagyna ýardam berer. Bu desganyň bahasy 200 mln ýewrodan gowrakdyr, haýal kokslaşdyryjy desga ýylda çig malyň 900 müň tonnasyny, gudrony deasfaltlaşdyryjy blok-500 müň tonnasyny gaýtadan işlär.

Öndüriljek koks gara we reňkli elektro metallurgiýada polady kebşirlemek, alýuminiý we onuň erginlerini taýýarlamak, elektrodlary öndürmek üçin ulanylýar. Deasfaltizat mator ýaglaryny we ýokary oktanly benzinleri

almak üçin peýdalanylýar. Mundan başga-da, asfaltyň galyndysy we şepbikler (smola) awtomobil ýollaryny gurmak üçin hili ýokary bitumlary taýýarlamak üçin ulanylýar. Ýurdumyzda awtomobil ýollarynyň gurluşygynyň giňden alnyp barylýandygyny nazarda tutsak, onda onuň ähmiýeti has hem ulalýar.

## Himiýa senagaty

- ykdysadyýetde tutýan orny;
- önümçiligiň görnüşleri;
- çig mal gorlary;

Milli ykdysadyýetiň senagatynyň ähmiýeti we gelejegi uly pudaklarynyň biri himiýa senagatydyr, bu pudak 10 sany kärhanadan ybarat bolup, umumy senagat önümleriniň 1%-ni öndürýär. Himiýa senagatynyň kärhanalarynda 7.5 müň adam işleýär, bu görkeziji semagatdaky ähli işgärleriň 6.3%-ne barabardyr, işgärleriň sany soňky ýyllarda durnukly saklanýar. Pudagyň işgärleriniň ortaça iş haky 2009-njy ýylda 561.0 manada deň boldy, bu görkeziji 2008-nji ýyla garaňda 111.3% ösdi. Himiýa senagatynda önümleriň öndürilişi (manat hasabynda) 2009-njy ýylda 2008-nji ýyla görä ortaça 6.6№ ösdi, önümçileriň görnüşleri boýunça ösüş aşakdaky tablisada getirlýär.

*Tablisa 4.*

**Himiýa senagatynyň esasy önümleri.**

| **Önümleriň görnüşleri** | **2000ý.** | **2007ý.** | **2008ý.** | **2008ý. %-de 2000ý.** |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| Mineral dökünleri müň tonna | 99.9 | 254.4 | 233.1 | 2.3 esse |
| Şol sanda: | | | | |
| Azotly | 89.2 | 234.7 | 209.5 | 2.3 esse |
| Fosforly | 10.7 | 19.7 | 23.6 | 2.2 esse |
| Ýod, tonna | 291.0 | 464.0 | 468.0 | 160.8 |
| Natriý sulfaty, müň tonna | 19.6 | 15.5 | 9.4 | 47.5 |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| Kükürt, müň tonna | 3.7 | 1.6 | 2.3 | 62.2 |
| Tehniki uglerod, müň tonna | 1.5 | 1.5 | 0.8 | 53.3 |
| Ýuwujy serişdeler, müň tonna | 2.2 | 1.3 | 1.2 | 54.5 |
| Farmasewtik serişdeler, müň tonna | 580.0 | 4680.0 | 5600.0 | 9.6 esse |

Tablisadan görnüşi ýaly mineral dökünleriň, ýodyň, farmaseftiki serişdeleriň möçberi degişlilikde oba hojalygynyň,

medişinanyň islegleriniň ýokarlanmagy bilen köp öndürilýär, beýleki himiki önümleriň görnüşleri hem içerki hem-de daşarky isleglere laýyklykdan çykarylýar.

Ýurdumyzyň himiýa senagaty dag himiýa, esasy himiýa, plastmassa önümçiligi, durmuş hyzmatynyň himiýasy we tehniki uglerodyň öünmçiligi ýaly görnüşlerden ybaratdyr. Himiýa senagaty himiýa we nebithimiýa tolumlar düzýär.

Ýokary beýan edilen aýratynlyklar boýunça himiýa senagatyny 5 düzüm bölekleri hem bölýärler.

Dag himiýa senagaty –arassa kükürdi, tebigy duzlaryň dürli örnüşlerini özünde jemleýär. Olaryň esasy gorlary Magdanlyda (Lebap welaýatynda), Guwlymaýakda (Balkan welaýatynda) ýerleşýär. Magdanlyda arassa kükürt, kaliý, natriý duzlary alynýar. Kükürt uglewodorot çig malyny arassalamakdan hem alynýar Guwlymaýakda nahar duzy çykarylýar. Guwlykölden başga-da Balkan welaýatynda tebigy mineral duzlaryň iňňän baý ýataklary bar, olara Garabogazköl, Babahoja, Mollagara, Uzunsuw degişlidir.

Ýokarda aýdylyşy ýaly, Türkmenbaşy şäherinde 40km uzaklykda Hazar deňiziniň ýakasynda, Guwlykölde nahar duzynyň iň iri ýataklary ýerleşýär. Bu ýeriň gorlary öz-özünden döremäge ukyplydyr. Kombaýyn bilen geçilýän giňişlik täzeden duz ergini bilen dolýar, 10-12 ýyldan soň bolsa nahar duzy gaýtadan kristala öwrülýär. Nahar duzynyň has iri ýataklary ýurdumyzyň, günorta-gündogar tarapynda, Gowurdak-Köýtendag sebitinde ýerleşýär. Magdanlyda arassa kükürt, kaliý, natriý duzlary alynýar. Olardan tehniki we maldarçylykda ýyl üçin ulanylýan duz öndürilýär. Magdanlyda çykaryp alynýan duzlar soda, hlor, duz kislotasy küzegärlikde, metallurgiýada, elektrotehnikada ulanylýar. Kaliý we sulfat natrisi Garabogaz aýlagynda hem çykarylýar.

Esasy himiýa senagaty – azot, fosfor, $H_2SO_4$ ýaly önümleri öndürýär. Olar Marynyň azot önümçilik birleşiginde, Türkmenabadyň himiýa zawodynda, Tejeniň karbanid zawodynda çykarylýar. Dökünleri taýýarlamakda çig mal

hökmünde tebigy gaz ulanylýar. Ýakyn wagtda mineral dökünleriň öndürilişi 805.3 müň tonna barabar bolar. “Mary azot” önümçilik birleşiginiň karbomid we ammiýak öndürýän desgalaryň durky täzelener, kaliý dökünlerini öndürýän zawod gurular. Balkan welaýatynyň ýod zawodynda ýod we brom öndürýän iki desga gurular Hazar we Balkanabat ýod-brom senagatynyň merkezleridir.

Tüwergyr meýdançasynda we Magdanly-Köýtendag-magdan ýerlerinde fosforitleriň ýataklary ýüze çykaryldy.

Türkmenabadyň himiýa zawodynda fosfor dökünleriniň zerur komponetalarynyň biri hasaplanýan kükürt kislatasynyň öünmçiligi ýola goýulýar, bu ýerde ýyllyk kuwwaty 500müň tonna barabar kükürt kislotasyny öndürýän täze seh gurlar, oňa Kanadanyň dünýä belli, “Hemetiks” kompaniýasy gatnaşar. Oňa Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda uglewodorord çig malyndan bölüp, arassa kükürdi çykarýan desganyň gurulmagy mümkinçilik berdi. Täze desganyň önümi fosfor dökünlerini öndürmekde, ýod-brom önümçiliginde, dokma we azyk senagatynda, ýangyç – energetika kaliý duzlary ulanylýar.

Tebigy kaliý duzlary önümçilik üçin esasy çig maldyr, olaryň uly gorlary Garlyk, Garabil we Tüwegatan, ýataklarda ýüze çykaryldy, olar Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda ýerleşýär, kuwwaty ýylda 1mln tonna barabar täze zawod hem şu ýerde gurulýar.

Türkmenistan ýoduň we bromyň gorlary boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlarynyň birini eýeleýär. Hazar ýarym adasynda Çeleken ýatagy we Gumdag şäheriniň golaýyndaky Boýadag ýatagy özleşdiriler. Çelekende her ýylda ýodyň we ýod öndürmek üçin ulanylýan serişdeleriň 350 tonnasyny hem-de bromyň we bram öndürmek üçin ulanylýan serişdeleriň 5.5 müň tonnasy çykarylar, Boýadagda ýoduň we ýod öndürmek üçin ulanylýan serişdeleriň 300 tonnasy, bromyň we bram öndürmek üçin ulanylýan serişdeleriň 2.8 müň tonnasy öndüriler. Nebithimiýa senagaty – uglewodorod çig malyndan

dürli önümleri öndürýär. Türkmenbaşydaky we Seýdidäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar 40-dan hem gowrak görnüşli önümleri öndürýärler. Seýdi şäheriniň golaýynda ýerleşýän Naýipda tebigy gazyň esasynda uly gaz himiýa senagat pudagy döreýär. Häzirki wagtda suwuklandyrylan gaz çykarylýar, gelejekde plastmassa önümleri çykarylar.

Tehniki uglerody öndürmek üçin Hazaryň himiýa zawodynda plazmaly alawyň täze tehnologiýasyny ornaşdyrmak nazarda tutulýar. Bu bolsa önümiň himiki gowulandyrmaga we öünmçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, şeýle hem rezin önümlerini öndürmäge mümkinçilik berer.

Derman himiýa senagaty esasan ýerli derman otlaryny, şol sanda, buýan köküni peýdalanyp önüm çykarýar. 1998-nji ýylda Aşgabatda farmasewtiki zawod ulanylmaga berildi. Zawody türkmen derman ylmy-önümçilik birleşigi we Hindistanyň “Ajanta – Farma LTD” bilelikdäki kärhanasy gurdy. Zawod ýerli çig maldan antibiotikleri we analgetikleri ulanyp derman taýýarlaýar.

Durmuş himiýa senagaty-ilat üçin dürli plastmassa önümlerini we kir ýuwujy serişdeleri öndürýär.

Himiýa senagatynyň eksport üçin niýetlenen önümleri öndürmäge mümkinçilikler üçinm olara himiýa senagatynyň daşary söwdasynyň möçberiniň uly bölegi degişlidir.

Baý çig mal serişdeleriň ýerlikli ulanylmagy olaryň senagat taýdan gaýtadan işlenilmegi täze himiýa senagaty pudaklarynyň döremegine mümkinçilik açýar Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodyň öndürýän polipropilen önüminden Ruhabat turba zawodynda dürli ölçegdäki turbalar çykarylýar, bu ýer-de polietilen plenkasyny, plastmassa önümleriniň önümçiligiň ýagny organiki sintez senagat pudagy ýola goýlar.

2004-nji ýylda Ahal welaýatynyň Ýaşlyk şäherçesinde Kagyz önümçilik kärhanasy işe girizildi we senagatyň täze-kagyz senagaty – pudagy emele geldi. Çig mal hökmünde

saman we pagta linti ulanylýar. Kärhanada kagyzlaryň dürli görnüşleri-ofset, gaplama, öý hyzmatlary üçin öndürilýär.

Geljek döwürde 2020-nji ýyla çenli kaliý hloridini, kaliý sulfatyny, kaustik sodany, hlory öndürmek boýunça himiýa toplumynyň gurluşygy amala aşyrylýar. Bu bolsa mineral dökünleriň öndürilişini ýylda 550 müň tonna çenli artdyrmaga mümkinçilik berer. Karbamidiň öndürilişi ýene-de 350 müň tonna artar. Şeýle hem lak-reňk materiallarynyň, kükürt kislatasynyň we sulfat ammonisiniň önümçiligi ýola goýlar. Dürli görnüşli rezin-tehniki önümler çykaryp, eksporta ugratmak göz öňünde tutulýar.

## Maşyngurluşygy we metaly işläp bejerýän senagat

- ähmiýeti we aýratynlygy;
- ykdysadyýetde tutýan orny;
- ösen derejesi we geljegi;

Maşyn gurluşygy we metaly işläp bejerýän senagat ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynyň biridir. Onuň düzümine metaly işläp bejerýän we maşyngurluşygy kärhanalaryň 50-si girýär. Şu pudakda ilatyň sarp edýän önümleriniň 250-den gowrak görnüşleri öndürilýär, şeýle hem ýurdumyzyň hojalyk pudaklary, nebitgaz, himiýa, azyk senagaty, söwda hyzmatlary üçin maşynlar, enjamlar çykarylýar. Olar umumy senagat önümleriniň 1.1%-ni öndürýärler. Önümleriň esasy görnüşlerini 5-nji tablisada getirilýär.

*Tablisa 5.*

**Maşyngurluşygy we metaly işläp bejerýän senagatyň esasy önümleri.**

| Önümleriň görnüşleri | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. | 2008ý.%-de 2000ý. |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Nasoslar sany | 330.0 | 360.0 | 360.0 | 109.1 |
| Demir gurnawlary müň tonna | 5.2 | 4.8 | 6.7 | 128.8 |

Pudaga senagatyň esasy önümçilik serişdeleriniň 2.2% degişlidir, kärhanalarda 16.6 müň işgär işleýär, bu senagatdaky ähli işgärleriň 14.0%-ne barabardyr, işgärleriň ortaça aýlyk haky 604 manat.

Türkmenistanda metaly eredip, önümleri ýasamak irki döwürlerde başlanýar. Biziň eýýamyzdan 8-7müň ýyl ozal mis, gurşun, altyn, kümüş, 2müň ýyl öň bolsa demir magdanlaryndan ekarançylyk we aw etmek üçin gurallar olardan başga-da dürli şaý-sepler, ýaraglar ýasalypdyr. Olar üçin ussahanalar, binalar gurlupdyr, ony arheologiýa – gazuw işleri tassyk edýär. Mysal üçin, Goňyrdepede (Mary welaýatynda), Göksüride, Änewde (Ahal welaýatynda) demir eredýän peçleriň, ussahanalaryň galyndylaryny arheologlar ýüze çykarýarlar. Alymlar metallurgiýa (metal eretmek) Merkezi Aziýada döräp, soňra beýleki Aziýa ýurtlaryna we Ýewropa ýaýrapdyr diýip aýdýarlar. Änewde biziň eýýamyzdan 5 müň ýyl öň, mis metaly eredilipdir, myşýagy, galaýyny ulanyp, misden bürünç alypdyrlar, ony ekarançylykda, binagärlikde peýdalanypdyrlar.

Patyşa Russiýasy we Sowet döwründe ýurdumyzda demir ýollar gurulýar. Gyzylarbat (häzirki wagtda Serdar) şäherlerinde demir ýol wagonlaryny bejerýän kärhana döredilýär. Krasnowodskide (häzirki wagtda Türkmenbaşy

şäheri), Aşgabatda, maryda we başga bir näçe ilatly nokatlarda, demir ýolunyň ugrunda depolar we ussahanalar işleýär. 1925-nji ýylda Aşgabatda kiçeňräk mehaniki usulda metaly işläp bejerýän ussahana işe girizilýär, soňra ol “Krasnyý Metalist” zawodyna özgerýär. Çoýun gazanlar, kündükler we ş.m. dürli önümler içki bazarlara çykarylýar.

Garaşsyz Türkmenistan şu pudagy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Bu senagytyň kärhanalary eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bildirýän isleglerini kanagatlandyrmaga çalyşýarlar. Dürli maksatly ulaglaryň, oba hojalyk maşynlarynyň we enjamlaryň köpelmegi bilen welaýat we etrap merkezlerinde olary abatlaýyn, ätiýaçlyk şaýlaryny öndürýän ussahanalar, bejergini amala aşyrýan zawodlar ýerleşýär. 1995-nji ylda Türkmenistan energetika we senagat ministrliginiň garamagynda “Türkmenmaşyngurluşyk” döwlet konserni döredildi. Ýurdumyzdaky has iri maşyngurluşyk we metaly işläp bejerýän 13 sany senagat kärhanalary, onuň düzümine birikdirildi.

Nebitmaşyngurluşyk, gazabzallary, elektrotehniki, kabel, hamyrgaryjy maşynlary öndürýän kärhanalar işleýär. Aşgabadyň nebit enjamlaryny öndürýän zawody häzirki wagtda nebit önümlerini guýan we alýan, hem-de olary saklamak üçin gaplary, gazplitalary, gazanlary, plastmassa gap-gaçlary, gurluşyk üçin palçygy, betony taýýarlaýan enjamlary öndürýär.

Türkmenistanda täze Galkynyşyň zamanasynda jemgiýetçilik we döwlet gurluşlarynyň ählisine mahsus bolşy ýaly ykdysadyýet, onuň pudaklarydyr kärhanalary we edaralary döwrebap täzelenilişi başdan geçirýär.

Bu konserniň durky täzelenen kärhanalary hem esasy halk hojalygy ýagny içerki bazar üçin niýetlenen önümleri şol sanda merkezden daşlaşýan güýç esasynda işleýän soryjylary, demir gurnawlaryny we ş.m. öndürýärler, çig mal hökmünde ulanyşdan galan metal bölekleri peýdalanylýar.

Konserniň öünmçiligi elektirik geçirijiler üçin daýanç sütünleri, elektrotehnikanyň önümlerini, elektrostansiýalar üçin enjamlary we şaýlary öndürýär. Ýurdumyzyň öňdebaryjy pudagy nebitgaz senagaty üçin 50 kubmetr göwrümli nebitgaplaryny, 40 kubametr göwrümli bitum erediji gaplary, gurluşyk işlerinde palçygy taýýarlamak üçin gurallary, tigirli we tigirsiz wagon-öýleri ýasaýarlar.

Aşgabadyň demirgazygynda, Aşgabat-Garagum-Daşoguz ýolunyň ugrund, Ruhabat etrabynyň Owadandepe şäherçesiniň golaýynda metal önümçiliginiň zawody 2008-nji ýylda ulanylmaga berildi. 16 gektar töweregi meýdançada ýerleşen Metallurgiýa zawodyny "Türkmendemirçigmal" kärhanasy ähli welaýatlardan ýygnalyp, bu ýere getirilen çig mal bilen üpjün edýär. Bu zawod gurluşyk meýdançasyna öwrülen ýurdumyzyň binalary we desgalary üçin metal, ýagny demir önümçiligini öndürýär, onuň ýyldaky kuwwaty 160müň tonna metaly çykarmaga mümkinçilik berýär. Zawoda 8-likden 32-lige çenli ölçegdäki (mm) armaturalaryň her ýylda 100müň tonnasy çykarylýar, 8 görnüşli metal şwellerleri öndürilýär. Kärhananyň gurluşygy alnyp barlan mahaly Eýranyň Yspyhandaky kuwwatly metalurgiýa kombinatynyň iş tejribesi öwrenildi. Kärhanada işleýän türkmen hünärmenleri taýýarlyk okuwlaryny Türkiýe kompaniýasynda geçdiler. Olar enjamlaryň işe girizmek we düzediş işlerini okuwda we tejribede öwrendiler. Zawodda demir erediji, demir guýujy, armaturalary we şwellerleri öndürýän bölümler bar. Bu ýer-de bir wagtyň özünde 1600 derejede gyzgynlykda 25 tonna metal böleklerini eretmek üçin elektrik dugaly peçler işleýär. Zawodyň önümçilik binasynyň ýakynynda metal bölekleri üçin ambar, 110kWt-lyk kiçi stansiýa guruldy. Ýangyndan goraýyş depo, ussahana, garaj transformator, ýaşaýyş jaýlar, sportmeýdançasy, lukmançylyk jaýy, barlaghana, maslahat jaýy, dolandyryş binasy naharhana, sanitariýa – durmuş jaýy we ş.m. bar. Esasy we kömekçi desgalar, demir ýol şahasy, gaz we suw geçiriji, lagym suwyny akdyryjy bilen üpjün edilen.

Maryda maşyngurluşyk zawody nebit senagaty üçin enjamlary, Daşoguzda ýyladyş enjamlaryny, Lebapda ölçeýji abzallary öndürýän kärhanalar işleýär.

Aşgabadyň eteginde Ruhabatda turba zawody 2006-njy ýyldan bäri işleýär. Dürli diametrli turbalaryň bir ýylda 10 müň km töweregini öndürýär. Polietilen simlerden gurşalan termoplastik turbalar çykarylýar.

Türkmenabadyň "Agromaş" zawody dwigatelleri berjerýär we oba hojalyk maşynlary üçin ätiýaçlyk şaýlary, dürli tirkeg gurallaryny ýasaýar. Şol ýerdäki "Kristal" zawody gymmat baha daşlardan, altyndan bezegleri, jaý sepleri öndürýär.

Umuman şupudak geljekde ýurdumyzyň tebigy şertlerine görä ykdysadyýetiň iň möhüm pudaklaryna hyzmatyny has-da giňelder. Beýik özrgetmeleriň çaltlyk bilen durmuşa geçirilip durulmagy maşyngurluşygy we metaly işläp bejerýän senagat pudaklarynyň kärhanalarynyň görnüşleriniň köpelmegine alyp barýar. Maşyngurluşyk we metal işläp bejerýän senagatyň önümleriniň möçberi 2020-nji ýyla çenli 9 esse artar diýip çaklanylýar.

## Gurluşyk toplumy

- gurluşyk materiallary senagaty;
- gurluşyk pudagy.

Gurluşyk toplumy – milli ykdysadyýetiň özara bagly hereket edýän pudaklardyr. Şu pudaklarda önümçilik – ykdysady gatnaşyklar olaryň döreýiş aýratynlyklary hem-de bilelikde ýerine ýetirilýän işler öwrenilýär. Mälim bolşy ýaly, ykdysadyýetiň her bir pudagy özbaşdak hereket edýär, şol bir wagtda hem pudaklar biri-biriniň ösüşine ýardam berýärler. Bu aýratynlyk milli ykdysadyýetiň gurluşyk toplumynda hem aýdyň görünýär. Gurluşyk ykdysadyýetiň pudaklaryny

önümçilik kuwwatlyklary desgalar, ýaşaýyş jaýlary ýollar we beýleki binalar bilen üpjün edýär. Şeýlelikde, milli ykdysadyýetde üznüksiz önümçiligiň hereket etmegine şert döredýär. Şu babatda ykdysadyýetiň wezipeleriniň netijeli bolmagyna köplenç gurluşyk pudagynyň ösüşi itergi berýär. Şol bir wagtda hem binalary we desgalary gurmak üçin sarp edilýän ähli maddy harajatlaryň ýarysyna golaýy gurluşyk materiallary senagatynyň paýyna düşýär. Şu sebätden hem ol dürli pudaklaryň, aýratyn hem gurluşyk önümçiliginiň maddy binýady hökmünde çykyş edýär, bu ňudak gurluşygy, onuň üsti bilen ykdysadyýeti ösdürmekde kesgitleýji orun tutýar. Ýurdymyz gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin zerur çig mallara baýdyr. Olardan diwar gurmak üçn dürli ýaramly daşlaryň, çalym-çäge känleriniňm aýna çägesiniň, gipsiň, şeýle hem hek, sement, keramzit we syrçaly önümler üçin çig malyň uly gorlarynyň 30-dan gowrak görnüşlerini bellemek gerek. Şeýle hem ýaşma, holsedon, oniks ýaly gymmat bahaly we bezeg daşlarynyň gorlary hem möhüm ähmiýetlidir. Bu daşlar ýurdumyzyň künjeklerinde dürli ýerleşendir, mysal üçin dürli peňklerdäki ýaşma Týuwergyrda duşgelýär, ol binalaryň içki diwarlaryny bezemek üçin ulanylýar. Týuwergyrda we uly Balkan daglarynda gymmat bahaly daş halsedon bar. Ýurdumyzdaky bar bolan gymmat bahaly daşlaryň iň owadany mermer görnüşli oniksdir. Oniks daşlarynyň esasy bölegi Köýtendagyň karst gowaklarynda jemlenendir. Baý gorlar esasan hem ýurdumyzyň Balkan, Ahal, Mary, Lebap welaýatlarynda ýerleşýär.

Emma oňa garamazdan, Garaşsyzlykdan öňki döwürde tebigy baýlyklarymyz gurluşyk önümçiliginde ýerlikli peýdalanylmaýardy. Türkmenistana sement, gurluşyk-keramika önümleri, sanitar-gurluşyk we beýleki materiallar daşarydan getirilýärdi, gymmat bahaly daşlar gurluşykda material hökmünde ulanylmaýardy. Olara degişli kärhanalar döwrüň bildirýän talaplaryna laýyk gelmeýärdi, bu kärhanalaryň alyp barýan işleriniň derejeleri hem merkezden

goýberilýän materiallara, maýa goýumlaryna garaşlydy. Çäge-çagyl, gips, keramzyt, gymmat bahaly daşlar çig mal görnüşinde ýurdymyzyň daşyna uly ,öçberde daşalýardy. Öndürilýän gurluşyk materiallarynyň görnüşleri örän azdy, çig maly gazyp almakda we olara peýdalanamkda ekologiýa howpsyzlygyna üns berilmeýärdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýagdaý düýpli özgerdi. Gurluşyk materiallary senagaty milli ykdysadyýetiň binýadyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýetli orun tutýar. Ýerli çig maldan gurluşyk materiallaryny maksatlaýyn we tapgyrlaýyn esasda, täze tehnologiýa boýunça öndürmek we şeýlelik bilen importyň deregine tutmaga ukyply önümçilik ösdürmek wezipesi üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmenistan hakykatda gurluşyk meýdançasyna öwrüldi, diňe 2010-2011-nji ýyllarda umumy gymmaty 23.6mlrd dollara barabar dürli maksatly 250-den hem gowrak binalar gurular. Häzirki wagtda ýurdumyzda 1500-den hem gowrak binalar gurulýar. 2020-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende maýa goýumlarynyň möçberi 17.1esse köpeler. Gurluşyk materiallary senagatynyň esasy görkezijileri 6 tablisada görkezilenýär.

.

*Tablisa 6*

**Gurluşyk materiallary senagatynyň esasy görkezijileri.**

| Görkezijileri | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Senagat önümçiliginde tutýan paýy%, | 2.2 | 2.2 | 2.0 |
| Düýpli maýa goýumlar mln manat | 34.4 | 38.4 | 13.3 |
| Işgärleriň ortaça ýyllyk sany, müň adam | 6.3 | 5.3 | 6.5 |
| Işgärleriň ortaça iş haky, manat | 114.7 | 421.4 | 473.0 |
| Sement müň tonna | 419.7 | 941.0 | 1025.6 |
| Beton gurnawlarynyň ýygnalan bölekleri, müň kub.metr. | 193.3 | 189.4 | 223.2 |
| Diwar materiallary, mln sany şertli kerpiç | 323.3 | 298.1 | 298.9 |
| Magdan däl gurluşyk materiallary müň kub.metr | 5781 | 9039 | 10038 |
| Asbest – sement önümleri, mln şertli - plita | 10.1 | 19.5 | 22.2 |
| Gurluşyk aýnasy, mlnkw.metr | 3.0 | 0.8 | 0.7 |

Garaşsyzlygyň ýyllarynda şäherleriň we obalaryň dürky täzelenýär, tarp ýerlerde döwrebap şäherdir – obalar gurulýar. Şolar bilen birlikde önümçilik we gumanitar ulgamlaryň binalarynyň hem desgalarynyň gurluşygy giňdn ýaýbaňlandyrylýar. Olara ýaşaýyş jaýlary bilim we medeni – sport binalary, senagatyň, obasenagat toplumynyň, ulag we aragatnaşygynyň kärhanalaryny we başgalary degişli etmek bolar.

Häzirki wagtda gurluşygy ýerli çig maldan öndurilen materiallar bilen doly derejede üpjün etmek maksady bilen Amyderýanyň sag kenarynda täze karýer hojalygy işleýär, ýakyn geljekde onuň önümçilik kuwwaty has-da artar, onuň üçin Garlygyň çygly-çäge garyndyly ýatagynyň baý gorlary peýdalanylýar. Magdan däl materiallar-ownuk çagyl, owradylan çagyl, but daşy ykdysadyýet üçin örän ähmiýetlidir, başgaça olar “gurluşygyň iýmiti” hasap edilýär, obalaryň we

şäherleriň keşbiniň gözelleşmeginiň we abadanlaşmagynyň, ykdysadyýetiň kuwwatyny artdyrmagyň girewidir.

Ýurdumyzyň dürli welaýatlaryndaky topar kärhanalary birleşdirýän “Türkmendaşlary” önümçilik birleşigi ýuwlan çagyl, çäge, diwar-but-daşlaryny we beýleki materiallary öndürýär, 2008-nji ýylda olaryň möçberi 4mln kub metre barabar boldy. 2008-2009-njy ýyllarda bu birleşigiň önümçilik kuwwaty 8 sany daş owradyjy we olary saýlaýan desgalaryň hasabyna güýçlendirildi. Bereket şäherini durmuş-ykdysady taýdan özgertmeleri durmuşa geçirmäge, ösüşi üpjün etmäge ýardam bermek üçin karýer hojalygy döredildi. Türkmenbaşynyň magdan däl materiallary öndürýän kärhanasynda çagyly owratmak-saçlamak boýunça täze kuwwatly zawodlar ulanylmaga berildi, iki sany daş owradyjy desgany ýyllyk kuwwaty 2.4 mln tonna barabardyr. Jebel karýer hojalygynda kuwwaty 800 kub metr bolan täze zawod gurulýar. But daşyny we gurluşyk üçin çagyly öndürýän desga Keletede ýerleşýär.

Ahal we Mary welaýatlarynyň şunuň ýaly gurluşyk materiallaryna isleglerini kanagatlandyrmak üçin Gökdepäniň karýer hojalygynda we Gowşudyň daşlary owradýan we olary saýlaýan kärhanasynda täze zawodlar bina edilýär. Olar Daşoguz welaýatynyň kärhanalaryny hem gurluşyk materiallary bilen üpjün edýerler.

2009-njy ýylda ýurdumyzyň gurluşyk materiallary senagaty üçin ýene bir möhüm ähmiýetli waka boldy. Milli ykdysadyýetimiz üçin düýpden täze pudak-metallurgiýa-işe girizildi. Onuň önümlerine-armatura, şwellerlere ýurdumyzyň gurluşyk meýdançalarynda isleg uly. Metallurgiýa zawody Aşgabadyň Demirgazyk tarapyndaky Owadandepaniň täze senagat zolagynda ýerleşýär. Onuň önümçilik kuwwaty ýylda 160 tonna önüme barabardyr. Çig mal hökmünde ulanylan metal bölekleri ýygnalyp, gaýtadan eredilýär, olardan gurluşyk üçin niýetlenen armaturalaryň ýa-da şwellerleriň dürli görnüşleri alynýar. Işe girizilen zawod Merkezi Aziýa sebitinde

iri kärhanalaryň biridir. Zawod Türkiýäniň “Erdemir Maýadanişmak Hizmetleri A.Ş.” kompaniýasynyň, “Erenko-Sehil” konsersiýumynyň şeýle hem Russiýanyň “Kamaz” metallurgiýa kompaniýasynyň (maslahat beriji) gatnaşmagynda guruldy. Russiýanyň kompaniýasy zawody işledip dolandyrýan hünärmenleri hem taýýarlamaga gatnaşdy. Kärhana 6 sehden ybarat, olaryň her haýsy 25m metaly eretmäge ukyplydyr. Zawod gije-gündiziň dowamynda işleýär, ond 800 adam zähmet çekýär. Zawodyň umumy tutýan meýdany 16.5 gektar.

Gurluşyk materiallarynyň möhümleriniň biri hem sement önümidir. Ekologiýa ýagdaýy gowylandyrmak maksady bilen senagat kärhanalaryny ilatyň ýaşaýan ýerinden çykarmaga ugur alyndy. Abadanyň sement zawodynyň Keletä göçürilmegi önümçiligi çig mal çeşmelerine ýakynlaşdyr. Iň esasy bolsa daşky gurşawyň ýagdaýyny gowylandyrdy. Keletede Köpetdagyň eteginde ýene-de bir täze sement zawody 2005-nji ýylda işe başlady. Bu ähli babatda döwrebap, nusgalyk kärhana Merkezi Aziýa sebitinde iri önümçiligiň biridir, onuň ýyllyk kuwwaty 1mln tonna sement çykarmaga ukyplydyr. Bu kärhanada sementiň ýokary hilli 400.500 we 600 belgili görnüşleri öndürilýär. Olary nebitgaz pudagynyň tamponaž, çuň buraw işlerinde, gidrotehniki desgalarda we binýatlary gurmakda netijeli peýdalanmak bolar. Sementiň beýleki iki görnüşi duzlaryň zaýalaýjy täsirine dözüllidir we durnuklydyr. Sementiň şu aýratynlygy taýýarlanylýan betonyň berkligini 10-15göterim derejede ýokarlandyrýar. Önümçiligi doly derejede awtomatlaşdyryan zawod üçin çigmal golaý ýerde (6-7km uzaklykda) ýerleşýär, ol üznüksiz tehnologiýa boýunça gury usulda işleýär. Önümçilik örän az mukdarda çaň-tozany, kirşeni howa goýberýär, şonuň üçin hem onuň daşky gurşawy täsiri bildirmeýär.

Sement önüminiň artmagy bilen demir-beton we beton gurnawlaryny öndürýän kärhanalar paýtagtymyz Aşgabatda welaýat merkezlerinde, şeýle hem Abadan, Tejen, Şatlyk we Türkmenbaşy şäherlerinde ýerleşýär.

Täze önümçilik binalarynyň gurulmagy we hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelenmegi sementiň öndürilişi 2020-nji ýyla çenli ýylda 4mln tonna ýetirmek nazarda tutulýar. Şonuň üçin Lebapda, Balkanda täze sement zawodlaryň gurluşygyna girişildi.

Kerpiç zawodlarynyň kuwwatlygy 6 esseden gowrak ýokarlanar, demirbeton önümleriniň we gurnamalarynyň çykarylyşyna gurluşyk önümçiliginiň islegini doly kanagatladyrar.

Diwar önümlerini öndürýän kärhanalar-dewar üçin bölekleri, kerpiçleri, syrçaly çerepisalary öndürýärler. Kerpiçleri öndürýän zawodlar ähli etraplara, şäherlerde, welaýat merkezlerinde, birnäçe obalarda bar. 2002-nji ýylda Abadan şäherinde oda çydamly kerpiçler öndürilmäge girişildi.

Balkanabatda önümçilik kuwwaty ýylda 20 mln çerepisa çykarmaga ukyply zawod işleýär.

Diwaryň bezeg plitalary Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda öndürilýärdi 2006-njy ýylda Obşwadabdepe mermer we granit plitalary öndürýän, ýyllyk kuwwaty 205müň kwadrat metre deň bolan zawod işe başlady. Çig mal Türkmenbaşy we Magdanly şäherleriniň golaýyndaky känlerden getirilýär zawod ýük daşamak we ýolagçy gatnatmak babatda amatly ýerde demir we awtomobil ýollaryň-ugrunda ýerleşýär. Mermer, granit plitalar bilen ugurdaş beton örtükler we bezeg daşlary hem öndürilýär.

Asbest önümleri – işler we asbest turbalar Abadan, Baýramaly şäherlerindäki ýerleşen kärhanalar öndürilýär, 2006-njy ýylda ýyllyk kuwwaty 25müň pogon km turbany öndürmäge ukyply, gymmaty 85 mln dollara deň. Ruhabadyň turba zawody işe girizildi. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň käml enjamlary we tehnologiýasy bilen üpjün edilen kärhananyň dürli maksatly önümleri jemagat, oba we suw hojalyklarynda, nebitgaz, beýleki pudaklarda giňden peýdalanylýar. Çig mal hökmünde kwars çägesi, poliprepilen ulanylýar hem-de polietilen, polat simli termoplastik turbalar çykarylýar. Çig

malyň esasy görnüşleriniň ýurdumyzda barlygy täze turbalaryň özüne düşýän gymmatyny demir tubalaryň derejesinde saklamaga mümkinçilik döredýär, şol bir wagtda hem polat simli gurşawly termoplastik turbalar, demir turbalara garňda, 2-3 esse artyk, ýagny 50-75 ýyl hyzmat eder. Munuň özi gurulýan desgalaryň hem özüne düşýän gymmatyny peseltmäge ýardam berýär.

Aýna önümçiligi 1938-nji ýylda gurlan zawodda ýola goýlan, häzirki wagtda zawod döwrebaplaşdyrylýar. Ondan hem başga Aşgabadyň demrgazygynda ýerleşen Owadandepede Hytaýyň kompaniýasy, ýyllyk kuwwaty 4mm galyňlygy aýnanyň 5.8mm kw metre, dürli çüýşe gaplarynyň 85mln, aýna paketleriniň, reňkli örtükleriň 300müň kw metrine barabar, täze aýna kombinatyny gurýar. Aýnany öndürmek üçin esasy çig mal – kwars çägesini baýlaşdyrýan, ýyllyk kuwwaty 100 tonna bolan kärhana kombinatynyň düzümine girýär. Aýna önümçiligi üçin çig malyň dürli görnüşleriniň – çägäniň, dolomitiň, hekiň, natriý sulfatynyň gorlaryna ýurdumyz baýdyr.

Mebel Aşgabat, Türkmenbaşy we beýleki şäherlerde taýýarlanylýar. Agaçdan tagta önümlerini taýýarlamak, alýumini goşulan metaldan aýna penjireleri, gapylary ýasamak esasan hususy kärhanalar tarapyndan amala aşyrylýar.

Forfor-faýans önümçiligi Daşoguz we Balkanabat welaýatlarynda ýerleşýär. Olar esasan sarp ediş bazarynda haryt bolçulygynyň döremegine ýardam berýärler.

Metal şiferlerini, çerepisany, kerpiçleri we başga-da gurluşyk materiallaryny öndürmäge ýurdumyzyň hususy kompaniýalary giňden çekilýär. Olar bu ugurdaky toplan tejribelerini uly möçberli taslamalary (kaşaň ýaşaýyş, edara jaýlary, önümçilik we durmuş ähmiýetli desgalary) amala aşyrýarlar, olaryň hemmesi diýen ýaly türkmen binagärleri tarapyndan işlenilip düzülendir.

Türkmen bazary düýpli gurluşyga gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberi boýunça özüne çekiji hasap edilýär. Şol

bir wagtda hem hususy kompaniýalar täzeçiligi şeýle hem nou-hau-laryny we tehnologiýlaryny teklip etmek bilen halkara bäsdeşlikde üstün çykmaga mümkinçilik alýarlar.

Gurluşyk pudagynyň önümi hökmünde önümçilik kuwwatlyklary we önümçilik maksatly däl obýektler çykyş edýär. Gurluşyk pudagynyň önümçilik binýadyny gurluşyk industriýasy emele getirýär. Ol gurluşyk –gurnama işlerini ýerine ýetirmäge niýetlenen umumygurluşyk, gurnama we ýöriteleşdirilen kompaniýalardan, birleşiklerden, önümçilik guramalaryndan ybaratdyr. Gurluşykda guramalar, birleşikler, kombinatlar, senagatyň fabrik-zawodlary, sehleri ýaly, önümçilik bilen meşgul bolýarlar, ýagny olar önümçilik kärhanalary hasap edilýär. Türkmenistanda 2010-njy ýylyň başyna gurluşykda guramalaryň 2136-sy işleýärdi.

Täze galkynyşyň zamanasynda, ähli ugurlarda bolşy ýaly, gurluşyk pudagynda uly ösüşler esasy täze gurulan desgalaryň we binalaryň hasabyna gazanylýar. 2008-nji ýylda jemi goşulan gymmatyň öndürilişinde gurluşygyň ýokary depginleri uly ähmiýete eýe boldy. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende onuň goşulan gymmatynyň ösüş depgini 80.9% köpeldi. Ýurdumyzyň JIÖ-de gurluşyk pudagynyň tutýan paýy, şu döwürde 5.2%-den 6.1% çenli artdy. 2009-njy ýylda gurluşykda gazanylan ösüş 131.3 göterime barabar boldy. 2009-nji ýyl 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende gurluşyk pudagynyň goşulan gymmaty deňeşdirme nyrhlarda 2.9esse köpeldi, onuň JIÖ-ň düzümindäki paýy 15.3% deň boldy.

Maýa goýumyň işjeňligini gurluşykda jemi goşulan gymmatyň ýokary ösüş depginleriniň we bu pudagyň JIÖ-de tutýan paýynyň ýokary bolmagyna ýardam etdi. 2000-2008-nji ý.ý. maýa goýumlaryň möçberi 8.6 esse artd. Umumy maýanyň möçberiniň üçden bir bölegi daşary ýurt maýalaryna degişlidir. 2009-njy ýylda milli ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna gönükdirilen maýa goýumlaryň umumy möçberi 22 mlrd manatdan gowrak boldy, onuň düzüminde önümçilik desgalary

70 göterime we önüçilige degişli däl ulgamyň desgalary 30 göterime golaý boldy.

Mälim bolşy ýaly, maýa goýumlar-bu ykdysadyýetiň esasy serişdelerini täzelerini döretmäge, hereket edýän kuwwatlyklaryň durkuny täzelemäge we täzeden enjamlaşdyrmaga gönükdirilýän maliýe serişdeleridir. Şu babatda maýa goýumyň işjeňligini nazarda tutup, gurluşyk pudagyny ykdysadyýetiň multiilikatiw, ýagny köpeldiji häsiýetli pudaklaryň hataryna degişli edilýär. Bu pudak önümçilik we durmuş maksatly binalaryň hem desgalaryň işe girizilmegini üpjün edýär, onuň netijesinde täze iş orunlary döreýär, hereket edýän önümçiligiň durkynyň täzelenmegi netijesinde iş orunlary döwrebap, halkara standartlaryna laýyk gelýän derejede enjamlaşdyrylýar. Dünýäde maliýe –ykdysady çökgünligiň dowam edýän döwründe bu pudakda şeýle uly ösüşiň gazanylmagy milli ykdysadyýetiň durnukly ýokary depginlerde ösýändigini ýene-de bir gezek subut edýär.

Gurluşyk pudagynyň 2000-2008ýyl esasy görkezijileri 7 tablisada getirilýär.

*Tablisa 7.*

**Gurluşyk pudagynyň esasy görkezijileri**

| **Görkezijileri** | **2000ý.** | **2007ý.** | **2008ý.** |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| Işgärleriň ýyllyk sany, müň adam. | 46.5 | 47.2 | 48.9 |
| Işgärleriň ortaça iş haky, manat | 124.5 | 575.3 | 735.6 |
| Maýa goýumlar, mln manat | 1814.4 | 4600.8 | 15518.0 |
| Şol sanda | | | |
| Önümçilik maksatly binalar, mln manat | 1382.6 | 3406.8 | 11767.0 |
| Önümçilige degişli bolmadyk binalar, mln manat | 431.8 | 1193.8 | 375410 |
| Gurluşyk guramalaryny ýerine ýetiren potrat işleri mln. manat | 326.3 | 1397.6 | 4331.3 |

Öňdebaryjy maglumatlar tehnologiýanyň gurluşyk industriýasynyň kämilleşmegi birnäçe ýylyň dowamynda durmuşa geçirýän iri möçberli taslamalar häzirki döwürde örän gysga wagtda gurulýar. Alnyp barylýan gurluşyklaryň gerimi ýaly şeýle möçberli gurluşyklar ýurdumyzyň taryhynda bolmandy.

Önümçilik maksatly binalaryň we desgalaryň 2010-2020-nji ýyllarda dürli pudaklar boýunça 7798-si işe giriziler. Ýangyç – energetika toplumyna oba hojalyk pudagyna, beýleki önümçilik hem durmuş ulgamyna maýa goýumlar gönükdiriler. Olaryň arasynda iri we möhüm desgalardan käbirlerini bellemek gerek!

Aşgabadyň we ýurdumyzyň beýleki ilatly nokatlarynyň elektrik energiýa üpjünçilik ulgamy täzelener. Aşgabat şäherinden Demirgazyk – Gündogarda kuwwatlygy 254 megawatt täze gaztrubinaly elektrik stansiýasy ulanylmaga berler, şular ýaly stansiýalar “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda we Balkanabat şäherinde gurlyp, 2010-nji ýylyň aprel aýynda ulanylmaga berildi.

Nebitgaz toplumynda täze kuwwatlyklar döredilýär. Günorta Ýolöten – Osman ýatagy senagat taýdan özleşdiriler, Ahal welaýatynda uglewodorod çig malynyň ýataklary özleşdiriler. Türkmenbaşydaky we Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar döwrebap enjamlaşdyrylýar.

Milli ykdysadyýetiň “gan damarlary” diýip hasap edilýän demir awtomobil ýollaryň, howa menzilleriniň, gämi duralgalarynyň täzeleri gurlar, olaryň dürky abatlanar. Mysal üçin, Aşgabat-Türkmenbaşy, Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap, Aşgabat-Garagum-Doaşoguz ýokary tizlikli awtomobil ýollarynyň Bereket-Gyzylgaýa – Uzen, Uzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gürgen demir ýollarynyň gurluşygy dowam etdiriler. Türkmenbaşy şäherinde halkara deňiz menziliniň, şeýle hem Türkmenabat-Daşoguz demir ýolynyň täze böleginiň

gurluşygyna başlanar, “Awaza” syýahatçylyk zolagyna täze desgalar gurlar.

Ýurdumyzda durmuş maksatly desgalary gurmaga uly üns berilýär. Bilim, saglygy goramak, medenýet we senagat, sport ugurda döwrebap desgalar gurlar. Olardan Mary şäherinde welaýat kitaphanasynyň binasy, Bereket şäherinde çeper halyçylyk kärhanasy, Harby institutyň nabatdaky binalary toplumy, “Halkbank” döwlet täjirçilik bankynyň edara jaýy gurlup, ulanylmaga berler. Bulardan başgada ýaşaýyş jaýlarynyň, kärhanalaryň, sport desgalarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň gurluşygy alnyp barlar.

Türkmenistanda döwrebap standartlaryna laýyk we ilat üçin elýeterli ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň gerami giňelýär. Paýtagtymyz Aşgabadyň etraplarynyň geljeki döwürdäki gurluşyk boýunça taslamalary taýýarlanylýar, olar milli we dünýä tejribeleriniň oňat netijelerine esaslanýar. Bir bitewi sazlaşykly binagärlik taslamasy boýunça toplum binalardan ybarat ýaşaýyş jaýlaryny gurmak oňaýly çözgüt hasap edilýär. Şeýle toplum Kösüde, dag eteginde gurulýar. Bu ýerde giň gök zolaklar, seýilgähler hem bina ediler. Her bir ýaşaýyş jaý toplumynyň ýanynda durmuş we dynç alyş şertleri dörediler. Aşgabat günbatar we günorta –günbatar şugur boýunça öser, demirgazyk tarapda köp gatly bolmadyk we kottej görnüşli jaýlar gurulýar. Paýtagtymyzyň taryhy bölegi düýpli döwrebaplaşdy. Uly gatnawly köçeler döwrebap tehnologiýalary we hili ýokary materiallary ulanmak arkaly durky täzelendi.

Welaýat merkezlerinde täze stadionlar, muzeýler, teatrlar, durmuş desgalary, ýaşaýyş jaýlary ýokary depginde gurulýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamasy esasynda etrap merkezlerinde we şäherde, şäherçelerde hem obalarda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän gurluşyklar alnyp barylýar. Gysga möhletlerde döredilen Ruhybelent we Esenguly etraplarynda abadanlaşdyrylan şäherler döredi, bu başlangyja beýleki

etraplar dowam edýärler, Döwletli we Altyn sähra etraplarynda täze desgalar toplumy ulanmaga berildi, täze etrap merkezlerindäki şeýle binalaryň sany 50-den hem geçýär.

Ýurdymyzda, täze Galkynyşyň zamanasynda, örän unikal häsiýetli ýeňillikli karz maksatnamasy durmuşa ornaşdyrylýar, oba ilaty ýeňillikli karzlar boýunça amatly jaýlary gurmaga mümkinçilik aldy.

Ýurdumyzyň örän uly gurluşyk meýdançasy “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda häzirki zamanyň şypahana şäheri bina edilýär. Şapyhanalar bilen bir hatarda bu ýerde myhmanhanalar, sagaldyş merkezleri, seýilgähler tapgyrlaýyn gurlup, işe girizilýär. Iň iri desga-uzunlygy 7km barabar deňiz suwy emeli derýa, elektrostansiýa, halkara aýroporty, suwy süýjedýän desga ulanylmaga berildi. Jemagat ulgamlary, ulag infrastrukturasy işjeň ösdürilýär. Awaza hili ýokary, birinji we ikinji kategoriýaly ýollar çekilýär.

Ýurdumyzda durmuş maksatly binalaryň arasynda bilim ulgamynyň maddy – tehniki binýadyny pugtalandyrmaga uly üns berilýär. Çagalar baglary, orta mekdepler bilen ýokary mekdepler hem gurularMysal üçin, diňe 2009-njy ýylda türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň, Içeri işler ministrliginiň, Polisiýa akademiýasynyň täze binalary, Harby akademiýasynyň 2010-nji ýylda Mary şäherinde Energetika institutynyň Daşoguz şäherinde Oba hojalyk binalary gurlup, ulanmaga berildi. Ýakynda Döwlet Lukmançylyk uniwersitetiniň, döwlet medenýet institutynyň, magtymguly adyndaky TDU-niň okuw binalarynyň täze tapgyry, Tükmen politehniki institutynyň, Russiýanyň I.M.Gubkin adyndaky nebitgaz uniwersitetiniň Aşgabatdaky bölüminiň binasy we başgada ençeme täze okuw binalary işe giriziler. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Mlli Maksatnama boýunça gurluşygyň möçberi 15.9 esse öser.

Umuman ýurdumyzy ösdürmekde gurluşyk syýasatynda ähli meseleri çözmäge we ýerine ýetirilýän işleri berjaý etmäge

toplumlaýyn çemeleşýär. Gurulýan binalar we desgalar şäherleriň, obalaryň keşplerini has-da gözelleşdirip, hil we ygtybrlyk, boýunça bildirilýän talaplara hem ýokary estetiki kadalara laýyk getirilýär. Döwlet derejesinde gurluşyk taslamalarynyň durmuşa geçirilişine gözegçiligiň ýola goýulmagy binalaryň we desgalaryň öz möhletinde gurulmagyna, hil babatda ýokary bolmagyna getirýär. Gurluşykda potratçylaryň işlerini ýokary hil derejede bellenilen möhletde ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin şertler berjaý edilýär. Daşary ýurt kompaniýalary hem bu ugurda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly isleg bildirýärler.

## Oba senagat toplumy

- oba senagat toplumy barada düşünje;
- oba hojalygynyň pudaklary;
- çig maly gaýtadan işleýän senagat;
- azyk howpsyzlygy.

Oba senagat toplumy oba hojalygyny,oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat kärhanalaryny, azyk üpjünçilik meseleleriniözüne birleşdirýär. Oba senagat toplumynyň esasy maksady ilatyň ekologiýa babatda arassa hili ýokary azyk önümlerine bildirýän isleglerini kanagatlandyrma, gaýtadan işleýän senagy çig mal bilen üpjün etmek, önümçiligiň netijeligini ýokarlandyrmak we täze hojalyk gatnaşyklaryny ýola goýmak,hem şonuň esasynda ýurduň azyk howpsyzlygyny pugtalandyrmak we azyk bolçulygyny döretmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda bu toplu ýurdumyzda öndürilýän JIÖ-ň 20%-i tutýar.

Oba senagat toplumynyň döremegi obýektiw ýagdaýdyr, dünýäniň ösen ýutlarynda bolşy ýaly, köp ýurtlarda, ol öndürilen oba hojalyk önümleriniň köp bölegini senagat taýdan

gaýtadan işleýär weoba hojalykda maşynlara esaslanýan tehnalogiýa geçirýär.

lkiji gezek oba senagat toplumy ABŞ-da emele gelýär, ol ýokary derejede senagatlaşan oba hojalygyna we kuwwatlyk azyk senagatyna esaslanýar. Şu ýagdaýda fermer satyn alnan önümçilik serişdelerinde işlän, esasan çig mal bilen üpjün etmek bilen meşgullanýar, olar pudagyň araçy we seagat kärhanalary bilen şertnama boýunça işleýärler.

Dürli ýurtlaryň şertlerine görä dörän oba senagat toplumy özüniň düzümi boýunça çylşyrymly ulgamdyr. Bu toplum käbir ýurtlarda üç, käbirinde dört, hatda 5 düzüm bölege bölünýär. Biziň ýurdumyzda oba senagat toplumy oba hojalygy, onuň önümlerini gaýtadan işleýän ýeňil we azyk senagatdan şeýle hem azyk howpsyzlygyny pugtalandyryp, azyk bolçulygyna geçmäge goldaw berýän mddy-tehniki üpjünçilik önümleri taýýarlamak we ýerleşdimek bilen bagly önümçilik we hyzmat ediş infrastrukturalary özüne birleşdiýär.

Oba senagat toplumy,şonuň bilen birlikde oba hojalygy we umuman azyk pudagy ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndan tapawutlanýar. Şu aýratynlyk oba hojalyk önümçiliginiň biologiki prosess hökmünde we adamynyň kadaly ýaşaýyş derejesiniň ilkinji zerur şerti hökmünde azyk önümleriniň çykyş etmegi bilen düşündirilýär.

Senagata esaslanýan häzirki döwriň oba hojalygy,alymlaryň bellemegine görä, köp kapitaly (maýa goýumlaryny, önümçilik serişdelerini) talap edýär. Kapitalyň tebigy düzümi şunuň ýaly oba hojalygynda, kada bolşy ýaly, gaýtadan işleýän senagat pudaklaryna, söwda, hyzmatlar ugruna garaňda ýokarydyr. Şol bir wagtda oba hojalygynyň düşewüntligi,kada bolşy ýaly kiçi. Ol önümçiligiň aýratynlygy we bazarda deň derejeli orny tutýanlygy bilen düşündirilýär, mälim bolşy ýaly bazarda fermer ýada daýhan hojalyklaryna kuwwatly maşyngurluşyk, söwda fermalary,azyk senagatynyň korporasiýalary garşy durýarlar, köp halatda bukorporasiýalar transmilli häsiýete eýebolýarlar.

Azyk bazary bola üpjün ediji pudagyň ýagny oba hojalygynyň pes derejedäki çeýeligi,ýagny tizlik bilen üýtgemäge ukypsyzlygy, önümçiligi köp wagt sary edip özgerdýän zähmet resurslary, şeýle hem,alyjylaryň,ýagny ilatyň isleginiň uzak wagtyň dowamynda durnukly bolmagy we olaryň girdejä we baha uly derejede üns bermezligi bilen häsiýetlendirilýär. Islegiň we teklibiň çeýeliginiň pes derejesinde azyk harytlarynyň bahalary ýokary derejede çeýe bolup,çalt üýtgeýärler. Şu ýagdaý oba hojalygyny we azyk bazaryny döwlet tarapyndan kadalaşdyrmaga hem maliýe taýdan goldamaga zerurlyk döreýär. Mysal üçin bahalary goldamagyň, önümleri ýerleşdirmek we pudagy zerur serişdeler bilen üpjün etmek, durnuklaşdyryjy ätiýaşlyk gorlaryny döretmek, infrastrukturalara döwletiň maýa goýumlary we ş.m.Şu maksatlar üçin örän uly serişdeler sari edilýär. Dünýänininiň ösen ýurtlary oba hojalygyny we zyk bazaryny goldamaga gönükdirýän serşdeleri öndürilýän oba hojalyk önümleriniň gymmatynyň üçden birine barabardyr. Ýewropa ýurtlarynyň bileleşiginde oba hojalyk syýasatyny durmuşa geçirmek üçin umumy bujetiň 48%-i sari edilýär.

Şeýlelik bilen, oba hem-de azyk bazary döwletiň güýçli goldawyna we onuň kadalaşdyrmagyna mätäçdir, şeýle ýagdaý döredilmese oba hojalyk pudagam, azyk bazary hem durnukly işläp bilmeýär.

Türkmenistanyň oba hojalygynda suwarymly ekerançylyk we maldarçylyk pudaklary howa şertlerine görä ösdürilýär. Garaşsyz Türkmenistanda öňki ”kalhoz-sowhozlar” daýhan birleşiklerine öwrüldi.

2007-nji ýylda daýhan hojalygy,daýhan birleşikleri, arçynlar baradaky Türkmenistanyň kanunlary kabul edildi.

Daýhan birleşikleriniň oba hojalygy boýunça maddy-tehniki binýady emele geldi we ýylsaýyn pugtalanýar.Döwlet daýhan birleşiklerine maliýe taýdan uly goldaw berýär, ýer üçin töleg mugt diýen ýaly, suw resurslary bilen mugt üpjün

edilýär, ähli salgytlardan boşadylýar, öndürilen önümi eksport etmäge mümkinçilik we ş.m. döredilýär (8 tablisa).

*Tablisa 8.*

**Oba hojalygynyň ösüşiniň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Daýhan birleşikleri sany | **592** | **588** | **593** |
| Kärhanalaryň kömekçi hojalyklary, müň sany | **0.7** | **0.3** | **0.3** |
| Ilatyň hojalyklary, müň sany | **663.1** | **752.4** | **793.1** |
| Hususy haryt öndürijiler müň sany | **7.1** | **2.5** | **2.5** |
| Daýhan hojalyklary, sany | **2131** | **1714** | **1678** |

Türkmenistanyň hökümeti oba hojalyk önümlerini öndürýänlere ekin meýdanlaryny oba hojalyk maşynlaryny ulanyp işlenildigi, dokünlemek we beýleki harajatlar üçin emele gelen harajatlaryň tölegine 50% ýeňillik berýär.

Oba hojalyk önümleriniň satyn alynýan bahalary ýyl saýyn ösýär. Bu ýagdaý pgta we bugdaý – strategiki önümlere degişlidir. Olaryň hemmesi oba hojalyk önümleriniň möçberiniň ösmegi üçin obýektiw şertleri döredýärler. (Tablisa

*Tablisa 9.*

**Oba hojalyk ekinleriniň hasyly**

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Umumy ekin meýdany, müň gektar | **1483.7** | **1588.1** | **1596.6** |
| Däneli we däneli kösükler, müň tonna | **1758.6** | **1085.9** | **1001.1** |
| Pagta müň tonna | **1031.0** | **949.8** | **1001.8** |
| Gök önümler müň tonna | **346.6** | **634.5** | **620.2** |
| Azyk bakja önümleri müň tonna | **134.8** | **260.0** | **254.8** |

Oba hojalyk işleriniň mehanizasiýa derejesi ýokarlanýar. Şu işleri bellenen ogrotehniki möhletlerde ýerine ýetirilmegini üçin öňdebaryjy oba hojalyk tehnikalaryny döwlet yzygiderli satyn alýar we olar bilen daýhan birleşikleri, hususy hojalyklar üpjün edilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarnda oba hojalygynyň şol sanda, ekerançylygyň düzüm gurluşygynda üýtgeşmelere boldy. Sowet döwründe Türkmenistanda esasy ekin gowaçady, garaşsyzlyk ýyllarynda däneçilik – möhüm azyk önümi hökmünde – ileri tututldy, däneli ekinleriň meýdany soňky 18 ýylda 17 esse artdy, olar umumy ekin meýdanlarynyň 49%-i tutýarlar. Türkmenistan öz öndüren gallasy bilen ilaty üpjün etmek bilen galla garaşsyzlygyny gazandy. Galla ekinleri bilen ýurdumyzyň ähli etraplarynyň hojalyklary meşgullanýarlar. Däneli ekin meýdanlarynyň möçberinde bugdaý ilkinji orny, dary, şaly, süle, jöwen mekgejöwen, şeýle hem kösükli ekinler (nohut, noýba, mäş, künji) hem ekilýar. Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şaly, kösükler ekilýär.

Olar azyk, çig maly, mal iýmiti bolup hyzmat edýärler. Ekinleriň hasyl berijiligi ýokarlanýar hem-de olaryň meýdany hem ýokarlanýar. Bu bolsa ýurdumyzyň ýurdumyzyň ilatyny

içerki azyk önümleri bilen üpjün etmäge, bolçulygy döretmäge mümkinçilik berýär.

Ýüpekçilik türkmen halkynyň gadymy senetçilik pudaklarynyň biridir. 1500 ýyl mundan öň biziň ata-babalarymyz ýüpek gurçugyny idetmek bilen meşgullanypdyrlar, şu işde ýokary ussatlyga we kämillige ýetmek bilen ýüpek süýümlerini, ýüplikleri we olardan dürli matalay öndüripdirler. Ýüpek gurçugynyň iýmiti tut agajynyň ýapragydyr. Ayrlar boýy ýüpekçiligiň milli däp-dessurlary nesillerden-nesillere geçip, ýüpekden ajaýyp halylary dokamagyň usullary we tärlri biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Uç-gyraksyz sähalayň we daglaryň üstünde gündogardan günbatara söwda kerwen Beýik Ýüpek ýollary geçipdir, bu ýolyň ady ajaýyp aýratynlyklary – berkligi, ýeňilligi we owadanlygy altyna barabar diýip hasap edilen örän gymmatly haryt bilen baglydyr. Gadymy Mary ýüpek matalaryny dokamak boýunça dünýäde ykrar edilen merkezleriň biri bolupdyr, bu ýerde XII asyrda ýüp guçugyny käpeltmek we piläni öndürmek boýunça kärhana işläpdir.

Türkmenistanda häzirki döwürde giň gerimli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Ýüpegi öndürmek boýunça ähli işler, tut agaçlaryny ýetişdirip, ýüpek gurçuklaryny idedip, ýüpek çig malyny almaga we taýýar önümi öndürmäge çenli, dürs gurnalypdyr. Aşgabadyň ýüpek egriji fabrikasy bilen Türkmenabadyň ýüpekçilik önümçilik birleşmesi – çig maly senagat taýdan gaýtadan işläp, sarp edijiniň islegine görä hili ýokary ýüpek sapagynyň ähli görnüşlerini çykarýarla, bu kärhanala iň doly derejede durky täzelendi we döwrebap enjamlar bilen üpjün edildi. Olar ýurdymyzyň öňdebaryjy kärhanalarydyr. Şu kärhanalarda ýüpek halylary dokamak, milli keteni matalary we ýüpekden başga önümleri taýýarlamak üçin täze sehler açyldy. Ýüpek süýümleri bilen uhabadyň fabriginiň panbarhat dünýäde aýallaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan gözel we nepis matanyň önümçiligi bökdençsiz üpjün, edilýär.

Biziň ýurdumyzyň hususy telekeçileriň ýüpek süýmine harydarlyk artýar. Hili boýunça iň ýokary halkara standartlary boýunça öndürilýän ýüpek pilesiniň daşary ýurtly hyzmatdaşlar tarapyndan satyn alynýan möçberi barha artýar.

Ýüpekçiligi ösdürmäge daýhan hojalyklary bilen telekeçiler hem gatnaşýarlar, olara döwlet goldawy berilýär. Oba hojalyk önümleriniň görnüşlerini we möçberlerini köpeltmek, daýhanlary iş bilen üpjün etmek we olaryň goşmaça gideýji almak bilen bagly wezipeler üstünlikli ýerine ýetirilýär.

Ýüpek gurçygynyň hili ýokary tohumy “Türkmen ýüpek” Paýdarlar Jemgiýetinde ýetişdirilär. Dokma senagaty Ministrligi we welaýatlaryň häkimlikleriniň arasynda baglaşylan şertnama görä ýüpekçilere – daýhan hojalyklaryna, telekeçilere-paýlanyp berilýär. Ýetişdirilen pileler etraplardaky pile taýýarlanylýan sehlere we olary gaýtadan işleýän önümçilige tabşyrylýar.

Tükmenistanda orta hasapdan ýylda 7 müň tonna pile öndürilýär. Bir kilogram pile önürmek üçin 18kg tut ýapragy gerek bolýar. Bir tonna gury pileden 4000 metr krepdeşin mata öndürilýär.

Bir gektar tut plantasiýasyndan 4-5 tonna ýaprak alynýar. Tut agaçlaynyň meýdany könelýär, piläni öndürmek üçin mümkinçilik hem artýar.

Pagtaçylyk oba hojalygynda möhüm pudakdyr, gowaçanyň ekin meýdany däneli ekinlerden soň ikinji ýerdir. Gowaça ýurdumyzda gadymy döwürlerden ekilýär.

*Tablisa 10.*

## Gowaçanyň meýdany, hasyly

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Ekin meýdany, müň gektar | **619.0** | **642.7** | **570.4** |
| Ýygnalan pagta hasyly, müň tonna | **1031.0** | **949.8** | **1001.8** |
| Gowaçanyň hasyllylygy ga/s | **16.7** | **14.8** | **17.8** |

Oba hojalyk ekinleri, şol sanda, gowaça, ýurdumyzyň welaýatlary, etraplary boýunça, özboluşly toprak-howa şertlerine görä ýerleşdirýär we ýetişdirýär. Mysal üçin, ýurdumyzyň demirgaygynda ýerleşen Daşoguz welaýatynyň hojalyklary däneli, Lebap, Mary we Ahal welaýatlary gowaça ekinine aýratyn üns berildi.

Pagtaçylyk pudagy oba senagat toplumynyň, onuň dokma pudagynyň döremeginiň we ösmeginiň binýadydyr. Dünýä bazarynda pagta süýmüne, nahmatalara we beýleki dokma süýmlerine ileg hemişe uly. Mysal üçin, 1 tonna pagtadan 320kg süýüm alynýar, onuň bir kg-nyň bahasy dünýä bazarynda 1-2 dollar töwregidir. Taýýar önüm görnüşinde onuň bahasy 10-15 esse ýokarlanýar.

“Türkmenistany syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Makatnama boýunça oba etraplarynda dokma kärhanalaryny gurulýa we işe girizilýär. Kärhanalar täze tehnologiýalar we döwrebap enjamlar üpjün edilýär. 2009-njy ýylda çig mal binýadynyň golaýynda ýerleşen we pagtany gaýtadan işläp taýa önümleri çykarýan önümçiligiň doly tapgyryny üpjün edýän döwrebap ýüplük egriji fabrikle Türkmenabat şäherinde, Gökdepe we Daşogu şäherinde işe giriildi.

Pagta ýag, sabyn önümlerini öndürýän ayk kärhanalar üçin hem çig maldyr, olardan başga-da maldarçylyk hojalyklary üçin, ýagy alandan soň gowaçanyň çigidiniň hapygy, say uny ýokumly mal iýmiti bolup hyzmat edýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda pagtany senagat taýdan doly derejede işläp, sapak, mata, we beýleki taýýar dokma önmleri öndürýän ýokay we galyndysy tehnologiýa boýunça işleýän pagta aassalaýjy, egirme-dokma, dokma-tikin fabrikleri ul ösüşe eýe boldy.

Gowaçany ösdürip ýetişdirmäge we gaýtadan işleýän senagatyň kähanalaryna döwlete dahylsyz ykdysadyýetiň telekeçilere işjeň gatnaşýa. Şu maksat bilen kiçi we orta telekeçilik döwlet tarapyndan goldanylýar.

Ýurdumyyň deňiz – derýalary, köldir-suw howdanlary balyk hojalygyny ösdürmek üçin binýatdyr. Hazar deňziniň türkmen bölegi, Sarygamyş, Hanhowuz, Saryýazy, Düýeboýun we beýleki suw howdanlarynda, Amyderýada, Garagum, Murgap, Tejen derýalarynda, köllerde balyklaryň uly ätiýaçlyklary bar. Balykçylyk hojalygy Balkan welaýatynyň Ýolöten, Oguhan, Ahal welaýatynyň Tejen, Altyn asyr, Ak bugdaý etraplarynda balyk saklaýjy we tutujy hojalyklar işleýär.

Türkmenistanyň balyk hojalygy döwlet komitetiniň kärhanalary tarapyndan 2009-nji ýylda 12.3mln. manada barabar balyk önümleri öndürildi. 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 124.2 ösüş gazanyldy. Natural görnüşde şu döwürde 2809 tonna balyk we 2808 tonna gaýtadan işlenen, konserwirlenen balyk önümleri öndürildi munuň özi 2008-nji ýyla görä degişlilikde1.4% we 2.3% artykdyr.

Gymmat bahaly bekre balyklaryny saklamak we köpeltmek ýurdumyzyň balyk hojalyklarynyň esasy wezipesidir. Hazar deňziniň biologiýa babatda köpdürliligini saklamak boýunça Gyýanlyda (Türkmenbaşy etraby) kenarýaka zolakda bekre balyklayny emeli usulda ösdürmek üçin önümçilik toplumy gurulýar. Esenguly etrabynda Hazar deňzinde balyk önümlerini çykarýan uly kärhana gurmak nazarda tutulýar. Köl we derýa balyk hojalygyny ösdürmek möhüm wezipe bolup durýar. Häzirki wagtda karpyň,

tüňňimaňlaýyň, ak amuryň ownugyny ösdürip ýetişdirmegiň netijeli usuly işlenip düzülipdir.

Balyk hojalygy dörebap tehnologiýalar, ylmy taýdan esaslandyrylan usullar bilen üpjün edilýär, bu bolsa balyk hojalyklarynyň azyk bolçulygyna goşandyny artdyrmaga mümkinçilik berer.

Guşçylyk pudagy obasenagat toplumynda azyk bolçulygy ugurda geçirilýän özgertmelerde wajyp orun tutýar. Gulçylyk geljegi uly pudak hökmünde dünýä ýurtlarynda, şol sanda, biziň ýurdumyzda özüniň netijeliligini subut edýär. Şuňa baglylykda obasenagat toplumynyň önümçilik infrastrukturany, welaýatlarda döwebap oba hojalyk, şol sanda, guşçylyk kärhanalary döretmek işi alnyp barylýar. Ahal welaýatynyň Baharly etrabyndaky “Guş toplumy” şeýle hem Aşgabat eteginde ýerleşen Türkmenistanyň azyk senagatynyň Assosiasiýasynyň et üçin towuklary ulatmaga ýöriteleşýän we “Perganat” belgili önümi çykaýan döwlet kärhanalay oňa aýdyň mysaldyr.

Baharly etrabyndaky “Guş toplumy” ortaça hasap bilen bir günde 8220kg ýylda bolsa 3 müň tonna guş etini öndürmäge niýetlenendir. Öňdebaryjy tehnologiýalar, enjamlar bilen üpjün edilen kärhanada işler köplenç awtomatlaşdyrylan usulda ýerine ýetirilýär: aassalamak, ýylylygy bermek, çyglygy, ýagtylygy, tämiz, howany üpjün etmek işleri kompýuter ulgamy arkaly berjaý edilýä. Toplumda bir ýylda ilatyň uly isleg bildirýän önümini öndürýän towuklaryň 1.5mln sanysy ýetişdirilýär. Bu toplumda hili ýokary ýerli iýimleri öndürmäge niýetlenen zawod hem bar. Onuň öndürijilik kuwwaty ýylda kombinirlenen iýimleriň 10müň tonnasyna deňdir. Iýimler himiki usullar boýunça däl-de ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalara esaslanýar, şonuň üçin hem bu ýerde öndürilen guş eti saglyk üçin peýdalydyr.

30 gektar meýdanda ýerleşen Guş toplumynyň önümçilik sehleriniň işini 250 işgär dolandyrýar.

“Türkmenmallary” Assosiýasyýasynyň Tejen etabyndaky S.A.Nyýazow adyndaky daýhan hojalygynda guşçylyk fermasy işläp başlady. Şeýle fermalar assosiasiýanyň başga dört hojalygynda döredilýär, olarda 100mň towuk saklanylar. Bu ýerde hem towuk saklanylýan jaýlar iň täze tehnologiýa enjamlar bilen üpjün edilýär. Her aýda 45-50 mň jüýje çykarylar, olar assosiasiýanyň, şeýle hem, hususy we öý hojalygyna satylar. Olardan hem başga, assosiasiýada hili ýokary guş etini we ýumurtgany öndürmäge niýetlenen ýene-de üç sany guşçylyk toplumy döredilýär: ýylda 900 tonna guşetini, öndürýän guş toplumy Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynda, Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynda ýylda 1000 tonna guş eti we 8mln ýumurtga öndürýän guş toplumy Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda hem işlär.

Olary gurmak we işletmek üçin ýurdumyzda we daşary ýurtlarda toplanan tejribeler ulanylýar, guş toplumlary öňdebaryjy tehnologiýalar we enjamlar bilen üpjün ediler. Şu işler ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstnlikli ýerin ýetirmäge ýardam berer.

Gök bakja ekinleriň, miweli baglaryň Türkmenistanyň tebigy – şertlerinde dürli görnüşlerine uly mümkinçilik bar. Olary ösdürip ýetişdirmekde hususy eýeçilik möhüm orun tutýar, onuň paýyna gök-bakja önümleriň miweleriň – üzümiň 80%-i düşýär. Bu azyklyk ekinleriň hasyllarynyň atdyrylmagy içerki bazaryň islegini doly kanagatlandyrmaga ýaga döretdi. (tablisa 11.)

*Tablisa 11.*

## Gök – bakja miweleriň hasyly

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Gök önümler, müň tonna | **346.6** | **634.5** | **620.2** |
| Azyklyk bakja önümleri, müň tonna | **134.8** | **260.0** | **254.3** |
| Kartoşka, müň tonna | **88.7** | **246.5** | **240.2** |
| Miweler, müň tonna | **62.0** | **155.4** | **150.5** |
| Üzüm, müň tonna 194.6 | **194.6** | **337.0** | **221.5** |
| **Hasyllylygy, s/ga** | | | |
| Gök ekinler | **206.3** | **291.1** | **281.8** |
| Azyklyk bakja ekinleri | **168.5** | **292.1** | **230.9** |
| Kartoşka | **96.4** | **222.0** | **187.6** |
| Miweler | **36.2** | **125.3** | **126.4** |
| Üzüm | **80.4** | **162.8** | **127.3** |

Gök we bakja ekinlerine pomidor, kelem, kartoşka, sogan sarymsak, hyýar, käşir, şugundyr, burç, badamjan, gawun, garpyz, kädi, turp, otlar (ysmanak, narpyz we ş.m.) degişlidir. Garaşsyz ýurdumyzda obalary, şäherleri galaşdyrmak meselesi ýokary derejede çözülýär.

Garaşylygyň ilkinji ýyllarynda başlap, ýurdumyz azyk howpsylygyny üpjün etmäge girişdi. Türkmenistanyň howa-toprak şertlerine, laýyk gelýän täze ekinleri ösdürmäge ugur alyndy. Olaň arasyn gant şugundyryny we günebakary bellemek gerek. Her adamynyň kadaly iýmiti üçin ýylda ortaça 42kg şeker we gant talap edilýär. Bu önümler daşary ýurtlardan getirilýärdi.

Gant çugundyryny ekip, ondan gant we şeker öndürmek üçin Mary welaýatynda gant zawody 1998-nji ýylda gurlup, işe girizildi. “Maryşeker” paýdalar jemgiýeti döredildi. Gant jugundyryny ekýän hojalykla zerur maşynlar we enjamlar bilen üpjün edilýär. Gant jugundyrynyň meýdany 2000-nji ýylda 7.3 müň gkardan 2008-nji ýylda 11.1 müň gektara çenli giňeldi.

Mary welaýatynyň etraplarynda kärendiçileriň 4000-si, “Maryşeker” paýdarlar jemgiýeti bilen şertnama boýunça iş alyp barýarlar. Lebap we Ahal welaýatlarynyň käbir etraplarynda gant çugundyry aralyk ekin hökmünde kärendeçiler ekin, ýetişirýärler. Ýygnalan hasyldan “Maryşeker” zawodynda 20 müň tonna şeker öndürildi, onuň galyndylary (melassa, jam) gaýtaan işlenilip, spirt çykarylýar. Beýleki galyndylay mallara berilýär.

Atlary agzalanan ekinleri teplisa hojalyklarynda ýetişdirmäge we ýylyň ähli pasyllarynda ilata gök, önümler, limonlar bilen üpjün etmäge ýol açdy. Munuň özi täze iş ýerlerini döretmäge, oba ilatyna goşmaça girdeýjini almaga ýardam berdi. Bu ekinler şäherleriň etegindäki obalarda has köp ekilýär we önüm öndürilýär. Oňa mysal hökmünde paýtagtymyz Aşgabatda welaýat we etrap merkezlerinde önümleri ýerleşdirmek üçin bazarlaryň ýyl boýy işläp durmagydyr. Olary ylym-tejribe synagy taýdan öwrenýän ösdürip ýetişdirýän döwlet tohumçylyk hojalyklary bar. Türkmenistanyň şäherdir oba ilaty gök we bakja önümleri bilen üpjün edilýär. Bu önümler ilatyň gündelik iýmitiniň düzümine girýär. Kada boýunça bir ýylda her adamynyň 164kg gök we bakja önümlerini sarp etmegi saglygy üçin zerurdyr.

Türkmenistanyň Azyk senagaty assasiýasyýasynyň Ruhabat etrabyndaky “Ruhybelent” paýdarlar jemgyýetiniň kärhanasy gije-gündiziň dowamynda 1100 tonna gök önümleri, miweleri gaýtadan işlemäge ukyplydyr. Her ýylyň tomus paslynda ýetişdirilen pomidor hasylynyň 60 müň tonna gowragy gaýtadan işlenilýär. Pomidor ekilýän meýdanlar 2 esse köpeldi we 5 müň gektara ýetdi. “Ruhybelent” paýdarlar jemgyýeti bilen şertnama esasynda kärendeçiler we ýer eýeleri hasyly bazaryň nyrhyndan tabşyrýarlar.

Türkmenistanda ot-iýmlik ekinler – mekgejöwen, jöwen, arpa, ýorunja, süle we beýlekiler-bar. Olar ähli welaýatlarda ekilýär.

Miwe we üzüm ekinleriniň önümleri tebigy görnüşde adam saglygy üçin peýdalanylýar, senagat kärhanalary üçin çig maly bolup hzymat edýär. Ýurdumyzyň her bir ýaşaýjysyna ýylyň dowamynda 110kg miwe, 25.5kg üzüm sarp etmek maslahat berilýär. Ýurdumyzda alma, armit, garaly, şetdaly, ülje, erik ähli obalarda, şäheriň etek ýerlerinde ösdürilýär, olar bilen hususy we kärendeçi hojalyklar meşgullanýar. Miweli subtropik agaçlar (nar, injir, hurma, zeýtun, pisse, hoz, badam) ähli welaýatlarda ösdürilip, hasyly alynýar.

Miwe baglarynyň meýdany dag jülgeleriniň, baýyrlyklaryň hasabyna giňelýär, ýörüteleşdirilen hojalyklary gurnamak barada alada edilýär. Dagda we onuň etegindäki düzlüklerde pürli agaçlary (arçalary we olaryň dürli görnüşlerini) miweli agazlar bilen utgaşdyrylyp ekmäge üns gönükdirilýär. Şeýle çemeleşmede miweli agaçlar üçin ýakymly howa şertleri döreýär, hasyllylygy köpelýär, şol ýerdäki ähli agaçlar üçin ideg harajatlary 5-6 ýylda özüni ödeýär.

Miweler ter we konserwa görnüşinde ulanylýar. “Ruhubelent” paýdarlar jemgiýetiniň kärhanasy miweleri senagat taýdan gaýtadan işläp döwrebap azyk önümlerini öndürýärler.

Ýurdumyzyň çakyr öndürijileri üzüm hasylyndan “Terbaş”. “Gara üzüm”, “Käbäme”, “Matrassa” ýaly sortlaryndan öndürilen türkmen çakyrlary halkara bäsdeşliklerinde sylagly orunlara eýe bolýar. Şu yzygiderli 2009-njy ýylda hem dowam edip türkmen çakyr öndürijilerini uly sylaglara mynasyp bolmagyna alyp bardy.

Türkmenistanda köp ýyllyk agaç ekinlerini suwarmagyň öňdebaryjy hem-de tygşytly damjalaýyn suwaryş oňat netijeleri berýär, synag – tejribe işleri häzirki wagtda ňeýdalanylýan suw resurslarynyň ýarpysyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Bu aýratyn-da biziň gurak howa şertlerimizde möhümdir. Türkmenistanyň suw resurslarynyň pudagynda “Damja” birleşigi işleýär, ol bu usuly önümçilige ornaşdyrýar.

Oba senagat toplumynda oba hojalygynyň maldarçylyk pudagy möhümligi boýunça tapawutlanýar. Ol ekerançylyk bilen deňeşdirilende girdejili pudakdyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda maldarçylygy ösdürmekde oňat netijeler gazanyldy.

Mälim bolşy ýaly, 1993-nji ýylda ýurdumyzda kabul edilen, "Täze oba syýasaty" boýunça daýhanlar we maldarlar salgytdan boşadyldy. Maldarçylyk "Türkmenmallary" döwlet assosiýasiýasynda, daýhan birleşiklerde, hususy eýeçilikde saklanylýar. Maldarçylygyň pudaklaryna dowardarçylyk, iri şahly maldarçylyk, gylýalçylyk, düýedarçylyk, guşçylyk, olardan hem başga ýüpekçilik, balary idetmek balykçylyk, azyk we senagat önümçiligi üçin çig mal bolup hyzmat edýär.

Ähli welaýatlaryň öri meýdanlary ýeterlik. Garagumda ýylak, çaýyr, gyrtyç, etelek ýaly otlar, gyrymsy agaçlaryň pürleri, selme, ýandak, ýowşan, gamyş, syrkyn, akbaş bilen mallar iýmitlenýärler. Olardan hem başga mallar üçin, esasan iri şahlylar, üçin silos we gökligine bermek üçin mekgejöwen, mal iýmiti üçin bakja ekinleriniň önümleri, köp ýyllyk otlar gökligine we bede görnüşde berilýär. Olardan hem ekinleriň önümlerini gaýtadan işleýän senagat önümçiliginiň esasy däl önümleri (galyndylar), däneli ekinleriň samany iýmit hökmünde ulanylýar. Obanyň ähli hojalyklarynda ylmy taýdan esaslandyrylan ekin dolanşygy giňden ornaşdyrylýar: welaýatlara ýorunja ekmek üçin onlarça müň geltar ýer berildi. Şu ekin topragy zerur ýokumly maddalar bilen baýlaşdyrylýar, şeýlelik bilen strategiki ekinleri – bugdaýy we gowaçany ekmek üçin ýer taýýarlanylýar. Şol bir wagtda ýorunja hem gymmatly mal iýmiti hökmünde çykyş edýär.

Türkmenistanda mallar we guşlar baradaky maglumatlar aşakdaky tablisada görkezilýär.

*Tablisa 12.*

**Mallaryň we guşlaryň baş sany, müň sany.**

| Görkezijiler | 2001ý. | 2008ý. | 2009ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Iri şahly mallar (gara mallar) | **1601.5** | **2157.7** | **2153.9** |
| Şol sanda sygyrlar | **738.2** | **1043.0** | **1020.0** |
| Dowarlar (goýunlar we geçiler) | **8834.8** | **18274.9** | **16361.2** |
| Düýeler | **115.1** | **125.7** | **122.1** |
| Gylýallar | **27.3** | **26.4** | **21.7** |
| Guşlar | **5451.3** | **15595.9** | **15073.3** |

Maldarçylyk ýurduň ilatyň öz azyk önümlerimize islegini kanagatlandyrmak boýunça netijeli işler geçirilýär: mallaryň ot-iýim binýady pugtalanýar, işgärler üçin oňat zähmet we durmuş ykdysady şertler döredilýär. Maldarçylygyň önümleriniň görnüşleri tablisada 13 getirilýär.

*Tablisa 13.*

**Maldarçylyk pudagynyň önümleri**

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Et (saýlan agramda), müň tonna | **149.8** | **293.6** | **281.0** |
| Süýt, müň tomna | **989.4** | **2068.5** | **2065.0** |
| Ýumurtga mln sany | **375.6** | **861.2** | **855.8** |
| Ýüň, müň tonna | **24.3** | **40.9** | **35.8** |
| Ary baly, tonna | **692.3** | **889.3** | **766.7** |

Dowardarçylyk Garagum çölüniň tebigy şeretlerine uýgunlaşan goýunlardan we geçilerden ybarat bolup, oba hojalygynyň möhüm pudaklarynyň biridir. Dowarlaryň takmynan 80 töweregi garaköl we galany türkmeniň saryja goýunlardyr. Garaköl goýunlary baganalary we ýüňi bilen

tanalýan bolsa saryja goýunlary uly agramlary, tagamly eti hem inçe ýüňi bilen meşhurdyr. Olaryň ýüňi meşhur türkmen (teke, ýomut we ş.m.) halylaryny dokamak üçin peýdalanylýar. Olar Merkezi, Günorta – Gündogar Garagumda we Köpetdagyň eteginde bakylýar. Gara köl goýunlar ähli etraplarda bakylýar. Geçiler ähli ýerlerde, daglyk we belentlik ýerlerde bakylýar. Şäher we oba ilatyny goýun-geçi eti bilen hususy hojalyklar üpjün edýär.

Iri şahly (ýa-da gara mallar) baş sany boýunça dowardarçylykdan soň ikinji orny eýeleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda mallaryň esasy bölegi hususy hojalyklarda jemlenýär. Bu hojalyklar mal saklamak bilen bugdaý – pagta, şeýle hem dürli ekinleri karende esasda ösdürip ýetişdirýärler, hem-de mal üçin ot-iýim binýadyny döretmäge ýagdaýlary bar. Mälim bolşy ýaly, daýhan hojalyklary ekerançylygy we maldarçylygy utgaşdyryp alyp barýarlar.

Gylýalçylyk. Türkmenistan asyrlaryň dowamynda şöhrat getirýän türkmen bedewleriniň – ahalteke, ýomut atlarynyň watanydyr. Türkmen atlarynyň täsiri bilen daşary ýurtlarda (iňlis, arap, atalaryň) medeni tohumlary döredi, Türkmen bedewi görmegeýligiň, güýjüň, gözelligiň we ýyndamlygyň nusgasydyr. Türkmenbedewi elmydama milli büýsanjymyz, aýratynmilli gymmatlygymyzdyr, Türkmenistanyň döwlet tugrasynda oňa şaýatlyk edýär. Ýurdumyzda “Bedew” baýramçylygy bahar paslynda dabaraly bellenilýär.

Saýlama tohum atlary köpeltmek, ajaýyp bedew atlaryň arassalygyny we baş sanyny dikeltmek maksady bilen “Türkmenatlary” Döwlet birleşigi döredildi. Häzirki wagtda ýurdumyz arassa tohum ahalteke atlaryny gaýtadan dikeltmek, olary saýlap almak, nesiller boýunça hasaby ýöretmek hem-de baş sanlary baradaky maglumatlary toplaýan halkara merkezine öwrüldi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda saýlama ahalteke atlarynyň 2 müňden gowrak we ýomut atlarynyň 1 müň töweregi bar. Ahal welaýatynyň itçilik zawody, Aşgabatda uly atçylyk

toplumy, 2 sany dünýä standartlaryna laýyk gelýän aýlaw işleýär. Şunuň ýaly aýlowlar welaýatlaryň her birinde 2010-njy ýylda ulanylmaga berler.

Düýedarçylyk. Ykdysady babatda bu pudak netijeli hasap edilýär. Bu mallar ýurdumyzyň tebigy howa şertlerine oňat uýgunlaşyp, ýüňi, süýdi durnukly almaga mümkinçilik berýärler. Gyş pasylynda olar üçin ýörite ot-iýim binýady döretmek zerurlygy ýok, olar meýdan ot-çöpleri bilen oňýarlar. Düýeler tomsuna 2-3 günläp, gyşyna hepdeläp suw içmän oňup bilýärler. Düýe 18-20 aý çenli sagdyrýar, gije gündiziň dowamynda 7-8kg süýt berýär. Olaryň baş sany häzirki wagtda 140 müňe golaýlady, esasan hususy hojalyklarda saklanylýar. Gadymy döwürden düýeler türkmen maşgalasynyň gurplygynyň alamaty diýip hasap edilýär.

Guşçylyk pudagy ýokumly, ýokary kaloriýaly ulanylýan guş eti we ýumurtda eti bilen üpjün edilýär.

## Ulag we aragatnaşyk pudaklary

- awtomobil ulagy;
- demir ýol ulagy;
- howa ulagy,
- deňiz ulagy;
- aragatnaşyk pudagy

Üçünji müňýyllygyň başlarynda dünýä boýunça umumy ýükleriň aglabasy, ýagny 62%-i deňiz ulagy bilen daşalýardy, şol bir wagtda hem demir ýol ulagynyň paýyna-16, turbageçiriji ulaga-11%, awtomobil ulagyna-8%, derýa-3% düşýärdi. Häzirki wagtda bolsa dünýä hojalygynda umumy ýük dolanşygynda awtomobil ulagy deňize demir ýol ulaglardan öňe çykýar.

Garaşsyz Türkmenistan bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde ulag we aragatnaşyk pudaklaryna aýratyn ähmiýet berýär. Türkmenistanyň territoriýasy günbatardan gündogara

1100 km, günortadan demirgazyga 650 km. aralyga uzalýar. Tebigy şertler we tebigy baýlyklar her bir ykdysady ösüşini kesgitleýän esasy faktorlardyr. Türkmenistan Magdanlydan, Köýtendagdan Hazar deňzine, Garabogaz, Köpetdag bilen Köneürgenç aralykda ýerine ýetiriň-suw, ýerasty baýlyklaryny senagat taýdan işlemek, nygmatlary ilatyň dykgatyna ýetirmek üçin häzirki döwrüň ulag serişdeleriniň köp görnüşlerinden peýdalanýar. Çünki aýdylşy ýaly ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşini ýola goýmak, olaryň ösüş depginlerini ýokarlandyrmak üçin ulagyň we aragatnaşygyň ähli pudaklar bilen sazlaşykly işlemegini gazanmak gerek, bu pudaga ykdysadyýetiň gan damarlary diýip ýöne ýerden diýilmeýändigi mälimdir.

Türkmenistanda ulaglaryň görnüşleri we olar degişli esasy görkezijiler tablisa 14 ýerleşdirilýär.

*Tablisa 14.*

**Ulagyň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | 2000 ý | 2007 ý | 2008 ý |
|---|---|---|---|
| Demir ýollar, km. | 2020 | 3074 | 3089 |
| Içerki suw gämi gatnaw ýollary, km. | 654 | 594 | 594 |
| Awtomobil ýollary, km. | 13640 | 13644 | 136444 |
| Pudaklara degişli awtomobil ýollary, km | 5571,2 | 5787,4 | 5773,7 |
| Köçeler, km. | 5211,1 | 5967,0 | 5994,3 |
| Daşalan ýükler, müň tonna | 463645 | 624460 | 650485 |
| Gatnadylan ýolagçylar, müň adam | 738535 | 1067060 | 1126681 |
| Işgärleriň sany, müň adam | 40,8 | 41,9 | 44,3 |
| Işgärleriň ortaça aýlyk iş haky, manat (ulagda) | 119,5 | 578,9 | 639,0 |
| Işgärleriň ortaça aýlyk iş haky, manat (aragatnaşykda) | 123,0 | 574,5 | 626,0 |

Türkmenistanda ulaglaryň ähli görnüşleri hereket edýär. Häzirki döwürde olaryň bar bolanlarynyň durky täzelenýär, şeýle hem döwrebap ulaglar bilen üpjün edilýär. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginlerde ösüşini üpjün etmäge, şeýle hem amatly geografiýa taýdan amatly ýerleşen Türkmenistanam daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam berýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmekde ulag we aragatnaşygy möhüm orun eýeleýär, iň esasy makroykdysady görkeziji JIÖ-de tutýan paýy 2008-nji ýylda 5,3 göterimdir. 1991-2000-ýý. ulaglaryň ähli görnüşleri bilen ýükleri daşamagyň umumy möçberi 1,8 esse, ýolagçylary gatnatmak 2 esse artdy. 2001-2009-njy ýylda bu görkezijiler degişlilikde 143,2%-e we 164%-e boldy. Ýükleri daşamagyň umumy möçberinde demir ýol ulagy 5%, turba geçiriji ulag-33,8% awtomobil ulagy 30,8% paý tutýar. Ýolagçy gatnawynda 99,3% awtomobil ulagynyň, galany demir, howa, deňiz ýol ulaglarynyň paýyna düşýär. Ýurdumyzyň ulag we aragatnaşyk pudagy awtomobil, demir ýol, nebit we gaz geçiriji, howa, deňiz, derýa ulaglaryndan we telekomunikasiýa ulgamyndan ybaratdyr.

Ulagyň bur görnüşi demir, deňiz-derýada howa ulaglaryna garaňda ýük göterijiligi pes, ol agyr bolmadyk ýükleri uly bolmadyk aralyga daşamak üçin amatlydyr, onuň ýokary tizligi we ýüki gerek ýerine gönümel daşap, düşürmäge mümkinçiliginiň barlygydyr.

Awtomobil ulagy garaşsyzlygyň ýyllary içinde hakykatda täzeden döredi. Awtomobil hojalyklarynyň durkuny täzelemäge örän köp serişdeler goýberildi. Öňki, sowet döwründen, ýollar gaýtadan täzelendi, ýurdumyzyň dürli sebitlerinde awtomobil ýollar we awtomenziller guruldy.

1991-2001-ýý. ýük daşamagyň möçberi 2 esse, 2002-2009 ýý. 139,3% ösdi.

Bu çäreleriň ählisi döwlet ähmiýetli ýükleriň esasy möçberini, ilkinji nobatda, dänäni we pagtany daşamagy üpjün

etmäge, şeýle milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň isleglerinikanagatlandyrmaga mümkinçilik berdi. Rahatlygy ýokary döwrebap awtobuslar, ýeňil taksi maşynlary, şeýle hem ýük maşynlar ulaglar bilen edilýän hyzmatyň artdyrdy, hilini täze derejä çykardy.

2007-2008-nji ýyllarda diňe Eýranyň "Iran Hodro" kompaniýasyndan 355 döwrebap, doly derejede halkara standartlaryna laýyk gelýän 355, Koreýa respublikasyndan-30, Russiýadan "PAZ-3205" belgili şäherara gatnawy üçin awtobuslar satyn alyndy. 2009-njy ýylda "KAMAZ-65115" belgili 400 ýükmaşyny we "HUNDAÝ" belgili 500 awtobus şäherde ilaty gatnatmak üçin üpjün edildi, 300 sany "HUNDAÝ ELANTRA" taksi maşynlar alnar. Serdar we Bereket şäherlerinde awtoparklaryň hem-de iki awtomenziliň gurluşygy tamamlanlar.

Netijede 1991-2010 ýý. ýolagçy gatnawy 2 esse, 2002-2009 ýý. – 164,6% ösdi.

Aşgabat-Arçman aralygyna iki taraplaýyn ýol çekildi. Bu ýol Türkmenbaşy şäherine çneli dowam eder. Eýranyň "Dowral" firmasy uzynlygy 50 km Aşgabat-Gökdepe ýoluny gurdy. Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap, uzynlygy 1100 km, iki taraplaýyn ýoluň gurluşygy dowam edýär. Aşgabat-Garagum-Daşoguz, uzynlygy 560 km, awtomobil üçin giňeldilen ýoluň köp bölegi guruldy, ýakyn ýyllarda onuň gurluşygy tamamlanar. Häzirki wagtda gurulýan awtomobil ýollaryň ykdysady hem halkara ähmiýetleri bardyr. Bu ýollar arkaly ýurdumyzda dürli ýükler gatnadylýar, olaryň arasynda daşary ýurtlardan getirilýän, hem üstaşyr geçýän ýükler uly orun tutýar.

Ýurdumyzda awtomobil ýollarynyň, köprileriň we estakadalaryň gurluşygynda Russiýanyň dünýä belli "Wozroždeniýe" jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti iri taslamalary durmuşa geçirmäge gatnaşýar.

2009-njy ýylda Amyderýanyň üsti bilen geçýän täze Atamyrat-Kerkiçi demir ýol köprüsiniň (uzynlygy 1414 metr)

ýanynda awtomobil köprüsiniň düýbi tutuldy. Täze köpri Amyderýanyň sag kenarynda tebigy resurslaryň baý gorlaryny özleşdirmekde möhüm baglanyşdyrjy serişdedir.

Awtomobil ýollaryň gurluşygy we olaryň durkuny täzelemek dowam etdiriler.

Demir ýol ulagy ykdysady garaşsyzlygy gazanmakda ähmiýetli orun tutýar. Bu ulag esasan düzlük ýerlerde işleýär, ol özüniň örän uly möçberdäki ýüki daşamaga ukyby, ygtybarlygy, gatnawyň özüne düşýän gymmatlygy boýunça tapawutlanýar ýük dolanşygynda ykdysadyýetiň pudaklaryň ähli önümlerini, olar üçin gerek bolan enjamlarywe gurallary esasy orun tutýarlar.

Garaşsyz Türkmenistanda 1991-2001 ýý. demir ýol ulagy bilen ýükleriň daşalyşy 1,8 esse ýolagçylary gatnatmak 2 esse artdy, 2002-2008 ýý. bu görkezijiler degişlilikde 2,2 we 2,1 esse köpeldi.

Türkmenistana Soýuzdan uzynlygy 2120 km-e barabar demir ýoly miras galypdy, bu ýol bilen Soýuzyň Merkezine türkmeniň maddy baýlyklary nebit we nebir önümleri, pagta we pagta süýümi, gurluşyk üçin materiallar, maldarçylyk önümleri we ş.m. – daşalýardy. Miras galan çylşyrymly ýagdaýdan çykmak üçin ýene-de şonçarak 2000 km töweregi demir ýolyň gurluşygyna girişildi. Bu çözgüdiň durmuşa geçirilen ýurdumyza halkara bazaryna çykmaga, goňşy ýurtlar bilen netijeli hyzmatdaşlyk etmäge mümkinçilik açdy.

1991-nji ýylda birnäçe ugurlar boýunça demir ýollaryň gurluşygyna girişildi. Tranzasiýa demir ýoly 1992 – nji ýylda gurlup başlandy we 1996-njy ýylda uzynlygy 132 km. barabar Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly ulanylmaga berildi (Eýranyň çäginde bu ýoluň uzynlygy 168 km.) Bu ýoluň gurulmagy 10800 km. aralyga Turkiýe-Eýran-Türkmenistan- Özbegistan-Gazagystan-Russiýa-Hytaý-dürli ýükleri daşamaga mümkinçilik döredi.

1993-nji ýylda uzynlygy 3 km. Artyk (Türkmenistan)-Lýftabat (Eýran) demir ýoly guruldy. Munuň özi iki goňşy

ýurduň söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam berdi. 1997-nji ýylda Köneurgenç-Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyna demir ýol çekildi.

1999-njy ýylda uzynlygy 215 km. Türkmenabat-Atamyrat demir ýolunyň gurluşygy tamamlandy. Bu bolsa Köýtendag sebitlerine daşalýan ýüki Özbegistanyň üsti bilen däl-de, gönümel Türkmenistanyň içi bilen äkitmäge mümkinçilik açdy.

Şeýlelik bilen, 2000-nji ýylyň başynda Türkmenistanda demir ýollaryň uzynlygy 2440 km. boldy. XXI asyryň gurluşygy diýip yglan edilen uzynlygy 560 km. Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýoly 2006-njy ýylda tamamlanyp, ulanylmaga berildi.

Dünýäniň iň uly çölüniň Garagumdan geçip ýurdumyzyň demirgazyk we günorta welaýatlaryny bu demir ýol birleşdirdi hem halkara ýollaryna çykmaga mümkinçilik berdi.

Türkmenistan gadymy döwürlerden bäri söwda ýollarynyň möhüm çatrygy bolupdyr. Häzirki wagtda Türkmenistanyň başlangyjy bilen Demirgazyk-Günorta demir ýol geçelgesi Gazagystan we Eýran bilen bilelikde gurulýar. Demir ýol geçelgesi Ýewropa ýurtlaryndan Pars aýlygyna çenli aralygy 60 km-e çenli gysgaldar. Bu halkara geçelgäniň "Uzen-Gyzylgaýa Bereket-Etrek-Gürgen" umumy uzynlygy 934,5 km., Türkmenistan degişli bölegi-722,5 km., Eýran-82 km. we Gazagystan-130 km.

Türkmenistanyň territoriýasynda gurluşyk iki ugur boýunça alnyp barylýar.

Birinji ugur, demirgazykdaky türkmen bölegi Bereketden gazagystan bilen serhet ýakasyndaky Gumdaga çenli 441 km., onuň ugrunda 20-ä golaý stansiýalar bolar. Ýoluň bu böleginde gurluşyk işleri güýçli depginde alnyp barylýar. Bereket stansiýasy halkara ähmiýetli iri demirýol uzeline öwrüler. Serdar şäherinde hem iri döwrebap demir ýol menzili gurlar.

Ilkinji ugur demir ýol geçelgesiniň günorta bölegidir, Bereket şäheri bilen Etrek etrabynyň merkezini birikdirer,

türkmen bölegini̇̃ günorta şahasynyň uzynlygy 265,5 km. Demirel nebite we gaza baý ýataklaryň golaýyndan geçer. Ol taryhy döwürde gülläp ösen Dehistan toparyndan geçip, onuň täzeden ösmegine, sebitiň we ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň güýçli itergi berer.

Demir ýoluň Günorta bölegini gurmaga “Pars Enerji” kompaniýasyna ygtyýar berildi. 2010-njy ýylyň başyna çenli şu ýoluň 235 km guruldy.

Demir ýol ulagy infrastrukturalar bilen üpjün edilýär. Aşgabat demir ýol menziliniň durky täzelendi, Amyderýanyň üstünden uzynlygy 1414 km. deň bolan Atamyrat-Kerkiçi demirýol köprüsi gurlup, ulanmaga berildi.

Täze köpri ýurdumyzyň ýokary depginde ösýän demir ýollary bütewi ulgama birleşdirdi. Amyderýanyň sag kenarynda tebigy resurslaryň özleşdirilmeginde ähmiýetli orun tutýar.

Howa ulagy bilen 2009-njy ýylda 11,3 müň tonna ýük daşaldy we 1504,2 müň ýolagçy gatnadyldy, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende degişlilikde 102% we 125% artdy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda “Türkmenhowaýollary” awiakompaniýasy döredildi, ol häzirki döwrüň uçarlary we enjamlary bilen üpjün edildi. Aşgabat şäherinde sagatda 1600 ýolagça hyzmat etmäge ukyply, iki uçuş-gonuş zolakly halkara aeroport guruldy.

2010-njy ýylyň aprel aýynda Türkmenbaşy şäherinde täze halkara howa menzili ulanmaga berildi, ol “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň “howa derwezesi” bolar. Häzirki zaman howa menziliniň geçirijilik ukyby sagatda 800 ýolagça barabardyr. Howa menzili halkara standartlaryna laýyk hyzmatlary ýerine ýetirip, bir wagtyň özünde 7 reýsi kabul edip biler. Täze howa menziliniň toplumynyň ýerleşýän umumy meýdany 80-a golaýdyr. Dispetçerlik diňi döwrebap aeronawigasiýa ultra enjamlary bilen üpjün edilip, uçarlary dolandyrmagyň merkezi bolup hyzmat edýär, şeýle hem, bu diň howamenziliniň binagärlik toplumynyň ajaýyp desgasydyr.

Welaýat merkezlerinde ýerleşýän howa menzilleriň durky täzelendi Daşoguzyň we Türkmenabadyň howa menzilleriniň durky täzelendi we ýolagçylary kabul etmek üçin amatly şertler döredildi. Marynyň howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynyň durky täzelendi, döwrebap nawigasiýa enjamlar bilen üpjün edildi, sagatda 300 ýolagçyny geçirijilik ukyby bolan halkara bölümi işleýär. Ähli işler Birleşen Arap Emiratlarynyň serişdeleriniň hasabyna mugt ýerine ýetirildi.

Uçarlaryň howa parky düýpli täzelendi, dünýä standartlaryna laýyk gelýän “Boing” uçarlar satyn alyndy. Türkmenistan uçuşlaryň geografiýasy giňelýär, häzirki wagtda dünýäniň 40-dan köpräk ýurduna barmak bolýar.

Geljekde Aşgabadyň halkara howamenzilinde täze täze toplum gurular, ýolagçylara hyzmat etmek, ýükleri kabul etmek we howa menziliniň işini üpjün edýän binalary we desgalary, uçuş-gonuş zolaklary täzelemek nazarda tutulýar.

Türkmenabadyň, Daşoguzyň howamenzillerinde dünýä standartlaryna laýyk gelýän uzynlygy 3500 metre barabar gondurmak üçin serişdeler bilen üpjün edilen uçuş-gonuş zolaklary gurular.

Ilatyň awiaulaglar bilen ýurdumyzyň welaýatlary boýunça gatnamak bilen bagly isleglerini kanagatlandyrmak üçin toplum işler amala aşyrylar: ýolagçylara edilýän hyzmaty gowulandyrmak üçin awiamenziliň jaýynyň durky täzelener, şeýle hem gondurmak üçin enjamlar ulgamy bilen üpjün edilen uçuş-gonuş zolaklary, gurlar asmanda uçarlara gözegçiligi we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge mümkinçilik döredýän, howada uçarlaryň hereketini dolandyryş boýunça işler ýerine ýetiriler.

Içerki howa gatnawyny ösdürmek üçin Hazar, Garabogaz, Atamyrat, Magdanly, Gazojak, Sarahs howamenzilleriniň ýagdaýyny döwrüň bildirýän talaplaryna laýyklykda öwrenmek meýilleşdirilýär. Deňiz ulagy boýunça 2009-njy ýylda 300 müň tonna ýük daşaldy we 24,3 müň adam gatnadyldy.

Häzirki döwürde Türkmenbaşy deňizmenziliniň durky täzelenýär. Daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda bu deňizmenzilini giňeltmek, üstaşyr ýükleriň daşalyşyny çaltlandyrmak üçin täze ulag mümkinçilikleri açylýar. Türkmenbaşy deňizmenzili, Hazar deňziniň gündogarbölegindäki iri ýükleri üstaşyr geçirýän ýerdir, halkara derejedäki iri deňiz menzilleriniň biridir, Ýewropany Aziýa bilen birleşdirýän “Deňiz derwezesidir”. Hazar deňziniň türkmen böleginde, Gyýanly şäherçesiniň golaýynda, suwuklandyrylan gazy saklamak we ugratmak üçin deňiz terminaly guruldy. Onuň inženerçilik toplumy özara bagly Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawody-Gyýanly turba geçirijiden, deňizmenzilinden we hyzmatlar toplumly rezerwuar parkyndan ybaratdyr.

Parkyň territoriýasynda diametri 16 metre barabar üç şar görnüşli rezerwuar suwuklandyrylan gazy saklaýar. Ýylyň dowamynda bu toplum 200 müň tonna möçberde harytlyk gazy kabul etmäge we ugratmaga ukyplydyr. Başgaça 3 müň tonna we ondan hem köp ýük götermäge ukyply deňiz tankerlerine hyzmat etmäge mümkinçilik bar.

Hazar deňzinde häzirki zaman deňiz söwda floty döredilýär. Türkmenbaşy şäheriniň deňizmenzilinde nebitiwe nebit önümlerini daşamaga niýetlenen, her biriniň ýük göterijiligi 7 müň tonna barabar bolan “Sumbar”, “Hazar” tankerleri hereket edýär.

Türkmenistanyň deňiz ulagyny ösdürmek, söwda deňiz flotyna badalga bermek üçin “Türkmendeňizderýaýollary” birnäçe taslamalary amala aşyrmagy nazarda tutýar. Mysal üçin, deňiz gämilerini bejermek üçin toplum, ýolagçylar üçin jaý, ýükler üçin logistiki merkez, gözegçilik diňi, suwasty heläkçilikde halas ediji gulluk, giňeldilen nawigasiýa kanaly, polipropileni ýüklemek üçin aýratyn duralga gurmak.

Şu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenbaşy deňizmenziliniň halkara ähmiýetini ýokarlandyrar, hyzmat edýän kuwwatyny güýçlendirer, deňizmenzilini erkin ykdysady

zolaga özgertmäge ýardam berer we Türkmenistanyň ykdysadyýetinde möhüm orna eýe bolar. Dünýä tejribesiniň görkezijisi ýaly, erkin ykdysady zolaklar daşary ýurt kompaniýalaryny we maýadarlaryny çekmäge täsir edýän esasy faktorlaryň biridir. Bu bolsa, öz nobatynda telekeçiligi, şeýle hem söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürer.

Derýa ulagy Amyderýa we Garagum derýalar hem-de suw howdanlarynda ýük daşamak üçin ulanylýar. Derýa ulagynda esasan mineral, gurluşyk materiallary, maşynlar, enjamlar, ýangyç daşalýar. Türkmenistanyň çäklerinde Amyderýada Kelifden-Düýeboýuna, Garagumderýada Besagadan-Zähmete çenli gämi gatnawy ýola goýulan, Amyderýanyň boýynda ýurdumyzda Türkmenabat, Atamyrat we Kelif derýamenzilleri bar. Türkmenistanyň içerki suw ýollarynyň uzynlygy 654 km., şu ýol boýunça 2009-njy ýylda 4370,9 müň tonna ýük daşaldy, bu bolsa 2000-nji ýyldakydan 3,5 esse köpdür.

Nebit-gazy turba geçiriji ulag. Mälim bolşy ýaly nebit-gaz ýurdumyzyň Balkan, Ahal, Mary we Lebap welaýatlarynda çykarylýar. Olary daşamak üçin awto, demir we deňiz ýollaryň ulaglary bilen birlikde turba arkaly hem geçirilýä. Turbageçirijiler ýurdumyzyň obalaryny we şäherlerini doly gazlaşdyrmak üçin hem ulanylýar. Ýaşaýyş jaýlaryny gazlaşdyrmaga sarp edilen turbalaryň umumy uzynlygy 60 müň km. hem köpdür.

Garaşsyzlygyň ýyllarynda Körpeje (Türkmenistan) – Gurtguýy (Eýran), uzynlygy 150 km. we kuwwatlygy ýylda 8 mlrd. kub. metr, gaz geçirijisi 1997-nji ýylda ulanylmaga berildi.

2009-njy ýylyň 14-nji dekabyrynda dört ýurduň gatnaşmagynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gazgeçirijisi ulnamga berildi. XXI asyryň binasy adyny alan bu gazgeçirijiniň uzynlygy 7 müň km., Aziýanyň dört ýurdyndan geçýär. 30 ýylyň dowamynda bu gazgeçiriji boýunça ýylda 40 mlrd. kub metre çenli türkmen tebigy gazy Hytaýa ugradylar.

2010-njy ýylyň 27 apreline çenli Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gazgeçirijisi boýunçaumumy iberilen tebigy gazyň möçberi 1 mlrd. kubmetrdir, ugradylýan gaz Hytaýyň döwlet standartlaryna laýyk gelýär, gazgeçiriji 2012-nji ýylda taslamaboýunça göz öňünde tutulan kuwwatyna çykar.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Döwletabat-Sarahs (Türkmenistan)-Hangeran (Eýran), uzynlygy 30,5 km., kuwwatlygy ýylda 12 mlrd. kubmetr, gazgeçiriji işe girizildi.

Türkmenistanyň ägrit uly gaz ýataklarynyň biri bolan Döwletabadyň örän uly gorlary şu maksada gönükdirildi.

Bu täze gazgeçiriji öňki gurlan Körpeje-Gurtguýy bilen birlikde ýylda 20 mlrd. kub. metr türkmentebigygazyny eksporta ugratmaga mümkinçilik berýär.

Täze gaz geçiriji “Türkmengaz” döwletkonserniniň “Marynebitgazgurluşyk” trestiniň işgärleri tarapyndan doly suratda guruldy.

Türkmenistan energiýa serişdelerini diwersifikasiýa etmek, energiýa geçirijileriň howpsyzlygyny goramakugurdaky başlangyçlary dünýä ýurtlarynda goldalynýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan - Hazarýaka, Türkmenistan - Hazarüsti, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan - Hindistan halkaragazgeçiriji taslamalar boýunça taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Aragatnaşyk ulgamy maddy önümi öndürmeýär, ol ykdysadyýetiň pudaklaryna we ilata hyzmat edýär. Onuň düzümine poçtalar, telefon, tele we radio, internet ulgamlary degişlidir. 2009-njy ýylda aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdeji 308,8 mln. manat boldy, onuň 119,7 mln. man. ilat üçin ýerine ýetirildi. 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende bu görkezijilerdegişlilikde 20,7 we 8,0 esse köpeldi. Aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiniň 57%-i telefon aragatnaşygyna degişlidir. Hyzmatlaryň umumy möçberiniň 82,1%-i “Türkmentelekom” döwlet elektrik aragatnaşyk kompaniýasynyň paýyna düşýär, onuň möçberi 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 17% artdy.

Paýtagtymyz Aşgabatda Köpetdagyň eteginde täze telewidinýäniň binasynyň gurluşygy alnyp barylýar. Onuň meýdançasy deňiz derejesinden 1020 m. ýokarydyr. Telediňiň beýikligi 211 m, içki jaýlarynyň umumy meýdany 61 müň kw. metre barabardyr. Bu desga günden alynýan elektrik energiýany peýdalanar. Bu desga tehniki hyzmatlardan başga-da, iri medeni-dynç alyş merkezi hökmünde ulanylar. Onuň töwereginiň 10-ça barabar meýdany abadanlaşdyrylar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda elektron ykdysadyýetiniň esasyny emele getirýän aragatnaşyk pudagy ösýär, telefon aragatnaşygynyň öýjikli ulgamynyň ösüş depginleri ýokarlandy, onuň gerimi giňeldi.

2009-njy ýyl welaýatlarda öýjikli telefon aragatnaşygy ornaşdyrmakda aýratynýyl boldy. Birbada esasy operatorlaryň ikisiniň ýaýlymlarynyň zolagyähli etraplary diýen ýaly öz içine aldy.

Ýerlerde aragatnaşygyň täze esasy stansiýalary we uzelleri, döwrebap sanly ATS-ler gurulýar.

Ýurdumyzda optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamy demirgazykdan günorta hem-de günbatardan gündogara tarap çekildi. 2006-njy ýylda Aşgabat – garagum – Daşoguz aralygynda 590 km. optiki-süýümli, hem-de 1997-nji ýylda Aşgabat – Tejen Mary – Türkmenabat aralygynda Tranzasiýa – Ýewropa optiki-süýümli aragatnaşyk ugurlar işe girizildi. Bu ugur germaniýanyň Frankfurt na Maýne şäherinden başlanyp, Ýewropa, Aziýa ýurtlaryndan geçip, Hytaýyň Şanhaý şäherine çenli uzalyp gidýär, onuň 70 km-den gowragy Türkmenistanyň çäginden geçýär. Bu ugur Aşgabat şäheriniň, Ahal, Mary, Lebap welaýatlaryny elektron awtomatik aragatnaşygy bilen üpjün edýär. 2003-nji ýylda Aşgabat – Balkanabat – Türkmenbaşy aralygynda 640 km. optiki-süýümli aragatnaşyk ugry ulanylmagaberildi. Şeýlelik-de, Aşgabat şäherinde aragatnaşyk ulgamlaryny dolandyrmak boýunça milli merkez döredildi.

Aşgabatda gurulýan Aragatnaşyk ministrliginiň täze gurulýan binasynda, dolandyryş edaralardan daşgary, iň täze tehnologiýalypudagy dolandyrmak boýunça ähli gulluklar ýerleşer, kosmosda hem täze desganyň peýda bolmagyna mümkinçilik açylýar. 2009-njy ýylda Türkmenistan aragatnaşyk ulgamynda ilkinji türkmen emeli hemrasynyň orbita çykarylmagy barada başlangyç bilen çykyş etdi. Munuň özi milli telewideniýanyň gepleşikleriniň we tehniki derejesiniň hil taýdan ýokarlandyrmaga, internete giň zolaklygörnüşde aragatnaşygyüpjün etmäge, aragatnaşygyň has kämil we netijeli usullaryna giň ýol açar.

## Ilatyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi

-sarp ediş toplumy barada düşünje;
-toplumyň görnüşleri we ýerine ýetirýän işleri

Milli ykdysadyýetiň sarp ediş toplumy pudaklaryň we ykdysady işleriň jemidir. Jemgyýetiň bildirýän durmuş ykdysady talaplaryny kanagatlandyrmak üçin gündelik köpçülikleýin sarp edilýän harytlar öndürilýär we hyzmatlar ýerine ýetirilýär. Islegler zähmet çekmek arkaly maddy önümleri öndürmek we hyzmatlary ýerine bilen kanagatlandyrylýar hem-de ilatyň ösýän we özgerýän durmuşy zerur nygmatlar bilen üpjün edilýär.

Sarp ediş toplumy bilen ilatyň ösýän isleglериniň arasynda berk arabaglanyşyk bar. Bir tarapdan, talabyň bar bolmagy islegi emele getirýär. Başga tarapdan, täze maddy nygmatlaryň dürli görnüşlerini öndürip, önümçilik olara anyk islegi emele getirýär, ýagny täze isleglериň ýüze çykmagyna önümçiligiň özi şert döretýär. Mysal üçin, kompýuterlere we ykjan telefonlara isleg olaryň köpçülikleýin önümçiliginiň ýola goýulmagy netijesinde emele geldi.

Ilatyň islegi olaryň tölege ukyplylyk isleginiň derejesi boýunça kanagatlandyrylýar. Oňa obýektiw we subýektiw

faktorlar täsir edýär. Obýektiw faktorlaryň arasynda ilatyň girdejisi, islegiň emele gelmeginde örän uly orun tutýar. Subýektiw faktorlar sarp ediş ulgamynda şahsy islegleri ileri tutýarlar, onuň esasynda sarp edijiniň anyk haryda onuň peýdalylygy baradaky berýän bahasy durýar. Bazar gatnaşyklarynda hereket edýän açyk ykdysadyýetde isleg bilen teklibiň arasynda deňagramly ýagdaý üpjün edilýär. Eger-de haýsy hem bolsa önüme bazarda bildirilýän ulgamy tölege ukyply isleg gündelik teklipden bolsa, onda bozulan deňagramly ýagdaý bahalary ýokarlandyrmagyň ýa-da importy giňeltmegiň hasabyna düzedilýär.

Şeýlelik bilen, ilatyň sarp ediş islegini sarp ediş islegini kanagatlandyrmagy maksat edinýän toplum pudaklar emele gelýär, olar öndürýän önümleriniň aýratynlyklary (alamatlary) boýunça toparlara bölünýär. Ýagny, sarp ediş toplumy iki topardan ybaratdyr:

-ilatyň sarp edýän harytlaryny (azyk we azyk däl) öndürýän we ýaşaýyş jaýlaryny gurýan pudaklar;

-sarp edilýän hyzmatlary ýerine ýetirýän pudaklar.

Ilatyň durmuşda sarp edýän zerur önümleri – iýmiti, şeýle hem geýimleri hem aýakgaplary öndürýän önümçilige (oba hojalygy we azyk senagaty, ýeňil senagat) aýgytlaýjy orun degişligir. Olar bilen birlikde ýaşaýyş jaýlaryny gurýan pudak hem möhüm ähmiýete eýe bolýar. Olardan hem başga şu pudaklar durmuş ugurly wezipeleri amala aşyrýarlar:

-gündelik maşgala durmuşynda hyzmat edýän enjamlary, ýeňil awtomaşynlary, şeýle hem gap-gaçlary, aşhana we sport üçin esbaplary we ş.m. metaldan ilat üçin dürli önümleri öndürýän maşyngurluşyk pudagy;

-durmuş üçin himiýasynyň önümlerini we derman üçin serişdeleri öndürýän himiýa senagatynyň pudaklary;

-agaç önümlerini gaýtadan işleýän mebel senagaty;

-aýna we farfor-faýans önümlerini çykarýan gurluşyk materiallarynyň senagat pudagy;

-gymmat bahaly metaldan şaý-sepleri öndürýän zergärçilik pudagy;

-metbugat we ilatyň sarp edýän önümlerini öndürýän beýleki pudaklar.

Iş tejribesinde ilatyň sarp edýän pudaklaryna esasan iri-ýeňil we azyk-senagat degişli edilýär. Olaryň ykdysady ýagdaýyny häsiýetlendirýän görkezijiler 15 tablisada ýerleşdirilýär.

*Tablisa 15.*

**Türkmenistanyň ýeňil senagatynyň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | 2000 ý. | 2007 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|
| Işgärleriň ortaça ýylylyk sany, müň adam | 35,2 | 36,8 | 36,0 |
| Işgärleriň ortaça aýlyk iş haky, man | 113,5 | 392,4 | 433,1 |
| Senagatda önüminiň möçberi, göterimde | 18,9 | 20 | 11,8 |
| Önümleri ýerleşdirmekden alnan peýda mln manat | 60,1 | 74,4 | 106,5 |
| Pagta süýümi, müň tonna | 235,1 | 273,5 | 297,5 |
| ýüz müň tonna | 5,1 | 5,7 | 4,5 |
| Nah ýüplük, müň tonna | 49,1 | 85,6 | 88,7 |
| Matalar, mln kbm | 55,3 | 185,8 | 180,0 |
| Dokma däl matalar, mln kbm | 8,6 | 7,8 | 8,5 |
| Örülen önümler, mln sany | 19,4 | 18,7 | 20,7 |
| Aýakgap, mln jübüt | 0,6 | 0,4 | 0,4 |
| Eýlenen deri, mln kb gm | 5,5 | 18,4 | 14,4 |

Ýeňil senagat ilatyň azyk önümlerine degişli bolmadyk köpçülikleýin sarp edilýän önümleri öndürýär. Ýokardaky tablisada görkezilşi ýaly olara dokma, tikin, aýakgap, örülen önümler haly, deri we beýleki önümçilikler girýär. Ýeňil senagatda pagta arassalaýjy pudagyň, dokma senagatyň tutýan paýy 49 % $4_a$sah -e barabardyr. Olara degişli fabrikler, zawodlar hemme welaýatlarda, etrap merkezleriniň aglabasynda guruldy we ýerli çig maly – pagtany – senagat

taýdan işleýärler. Pagta arassalaýjy zawodlaryň köpüsi, egirme-dokma, mata dokaýan we reňkleýän, tikin fabrikler garaşsyzlyk ýyllaryna bina edilip, işe girizildi.

*Tablisa 16.*

**Türkmenistanyň azyk senagatynyň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | 2005 ý. | 2007 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|
| Işgärleriň ortaça ýyllyk sany, müň adam | 9,0 | 8,7 | 8,7 |
| Işgärleriň ortaça aýlyk iş haky, man | 130,7 | 444,6 | 500,4 |
| Senagatda önümiň möçberi, göterimde | 18,3 | 22,0 | 11,2 |
| Önümleri ýerleşdirmekden alnan peýda, mln manat | 32,0 | 65,2 | 115,0 |
| Et, müň tonna | 31,1 | 29,2 | 29,9 |
| Süýt önümleri (süýde geçirip hasaplananda), müň tonna | 116,5 | 104,5 | 93,3 |
| Ösümlik ýaglary, müň tonna | 48,5 | 71,2 | 74,2 |
| Konserwalar, mln şertli banka | 149,9 | 217,2 | 249,2 |
| Un, müň tonna | 545,5 | 505,1 | 562,0 |

Pagta arassalaýan zawod pagtanyň bir tonnasyndan 34%-e golaý süýüm çykarýar. Ýygnalan pagtanyň bir tonnasyndan orta hasap bilen 3 müň metr mata 105 kg ösümlik ýagy, 200-250 kg saryun alyp bolýar. Çigitden mal üçin iýmit – şulha – öndürilýär. Umuman 1 tonna pagtanyň17-19% -i çigit ýagydyr. Egirme – dokma fabriklerde pagta süýmünden ýüplük, sapak öndürilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ýeňil senagatynyň köp kärhanalary guruldy we işe girizildi. Olar Italýanyň, Ýaponiýanyň, Germaniýanyň, Ispaniýanyň, Turkiýäniň dünýä boýunça öňdebaryjy tehnologiýalary we enjamlary bilen üpjün edilýär. Dünýä standartlaryna laýyk gelýän, bäsdeşlige ukyply jinsi, biz, setin, içki geýimlik, köýneklik, polotensialyk, tüýjümek matalaryň we taýýar tikin önümleriň köp bölegi

dünýäniň ösen döwletlerine Kanada, Russiýa, Hytaýa we beýlekilere-eksport edilýär. Häzirki wagtda mallaryň derilerini gaýtadan işleýän kärhanalar Maryda, Türkmenabatda, Aşgabatda we Daşoguzda ýerleşýär. Öň aýakgap senagatyna degişli ýeke-täk kärhana ýurdumyz boýunça diňe Aşgabatda işleýän bolsa, garaşsyzlyk döwründe Maryda gön-deri işläp bejerýän fabrika işe girizildi. Olaryň esasynda Maryda, Türkmenabatda, Magtymguly etrap merkezinde aýakgap fabrikleri işe girizildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda täze döredilen dokma senagaty 28 görnüşli önümi öndürýär we dünýäniň 30 ýurduna olary çykarýar.

Türkmen halysy bütindünýäde meşhurlyga eýe boldy, milli gymmatlyklarymyzyň ajaýyp görnüşini häsiýetlendirýän sungaty eseri, häzirki döwürde uly döredijilik joşguny bilen ösýär. Ýurdumyzyň şäherlerinde we obalarynda 20-ä golaý türkmen halysyny dokaýan fabrikler işleýär, olarda täze çeper nagyşlaryň 200 görnüşi özleşdirildi.

Haly dokamak üçin türkmen-saryja-goýunlaryň ýüňi ulanylýar. Marynyň ýüň ýuwýan fabrigi, Türkmenabadyň ýüň egirme-dokma fabrikler haly önümçiligini çig mal bilen üpjün edýärler. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýerli ösümliklerden ýüplük üçin boýag reňkleri taýýarlanylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda amaly-haşam sungatynyň pudagy-keçe önümçiligi-gaýtadan täze ösüşe eýe boldy. Türkmeniň taryhy döwründen bäri dowam edýän bu pudakda keçäniň dürli görnüşleri-gülli keçe, maşyn keçe, türkmen çarwalarynyň öýlerini basyrmak üçin keçeler, oýluklar, namazlyk keçeler taýýarlanylýar. Aşgabat şäherindäki “Ýüň” firmasy keçe önümçiligini özüne birleşdirýär, keçeler ýurdumyzyň ähli etraplarynda öndürilýär. Türkmenistanyň dokma toplumy mundan beýläk hem öser, bu pudak 2020-nji ýylda 500 müň tonna pagta süýmini taýýar önüm görnüşde çykarar. Pagta çig malyndan öndürilýän önümler köpeler: köýneklik, jakkard, tutulyk matalar, welwet,

mahmal, batist, mütgel we beýleki görnüşler. Dokma pudagyny ösdürmek üçin 650mln. doll. Barabar serişde goýular. Bu 70 müň adamy täze iş orunlary bilen üpjün etmäge ýardam berer.

Azyk senagaty ýerli çigmaldan ilaty hili ýokary, ekologiýa taýdan arassa dürli görnüşli azyk önümleri bilen üpjün edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda durky abatlanan we täze gurulyp, işe girizilen döwrebap kärhanalarda azyk önümleriniň 600-den gowragy öndürilýär.

Azyk senagaty oba hojalyk pudagy bilen pugta baglydyr, çünki ekerançylygyň we maldarçylygyň önümleri bu senagat üçin çig mal bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ilaty doly derejede azyk önümleri bilen üpjün edilýär, olara un, çörek we çörek önümleri, et we et önümleri, ýag we ýag önümleri, süýt we süýt önümleri, süýji-köke we konditer önümleri hem içgiler girýär.

Azyk senagatynyň kärhanalary ýurdumyzyň ähli etraplarynda, şäherlerde we obalarda ýerleşýär. Çigit ýagy Baýramalynyň, Türkmenabadyň, Daşoguzyň kärhanalarynda çykarylýar. Çörek we çörek önümleri, şeýle hem et-süýt önümleri ilatly nokatlaryň hemmesinde ýerleşýär. Ruhabat etrabynyň Gypjak obasynda çagalar üçin iýmit öndürýän “Körpe” zawody işleýär. Mary şäherinde gant we şeker öndürýän zawod işleýär.

Un üweýän-ýarma kärhanalarynyň önümçilik kuwwaty ilatyň barha ösýän isleglerini doly kanagatlandyrýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda elewatorly degirmenler toplumy, däne saklamak üçin ammarlar guruldy, olar ýetişdirilen ähli däne hasylyny saklamaga we gaýtadan senagat taýdan işlemäge doly mümkinçilikleri bar.

Azyk senagaty azyk howpsuzlygyny pugtalandyrdy, azyk bolçulygyna ugur aldy.

Azyk howpsuzlygy barada 1974-nji ýylda (dekabrda) bütindünýä konferensiýasynda BMG-nyň azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) ,ykyş edýär. Şol konferensiýada BMG-nyň Baş Assambleýasy “Dünýäde azyk howpsuzlygyny üpjün

etmek boýunça halkara borçnamalary” diýen resminamany tassyklaýar, bu resminamada dünýä döwletleriniň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly jogapkärçiligini kesgitleýär. 1996-nji ýylda bolsa bütindünýä azyk howpsuzlygy boýunça Rim Jarnamasy kabul edilýär. Azyk howpsuzlygy azyk önümleriniň elýeterli bolmagyny, ýagny ýurduň çäginde iýmit önümleriniň zerur möçberleriniň üpjün edilmegi, azyk önümleriniň ykdysady taýdan elýeterli bolmagy, ýagny iýmit önümlerini satyn almak üçin raýatlaryň girdejisiniň derejesi, sarp edijiler üçin azyk önümleriniň howpsuzlygy, ýagny ilatyň saglygyna ýaramaz täsir edýän azyk önümleriniň öndürilmegini, olaryň ýerleşdirilmegini we sarp edilmegini bes etmek ýaly birnäçe görkezijiler arkaly häsiýetlendirilýär we umumylaşdyrylan görnüşde şeýle baha berilýär. Türkmenistanda ilaty azyk suwy bilen üpjün etmegiň hilini ýokarlandyrmak ugurda çäreler durmuşa geçirilýär. Hyzmatyň hilini ýokarlandyrmak, suwy tygşytlamak. Bu babatda Bütindünýä bankynyň, hünärmenleri, tarapyndan “önümiň kiristallary” diýen düşünje boýunça döwletleriň ykdysady ösüşine baha bermekde ilatyň arama azyk suwuna elýeterli ýagdaýyna seljerme berilýär we onuň üpjünçilik derejesine ýokary baha berilýär. 2000-2008 ýý. Oba hojalyk önüminiň möçberi 4 esseden hem köpartdy. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň importdan alýan harytlarynyň düzüminde azyk harytlarynyň ujypsyz bolmagy ýurdumyzyň azyk üpjünçiliginiň ýokary derejesini häsiýetlendirilýär. Türkmenistan Täze Galkynyşyň zamanasynda halkara oba hojalyk, ykdysady bäsleşiklere işjeň gatnaşýar 2009-njy ýylyň sentýabrynda Russiýanyň “Altyn güýz – 2009” XI oba senagat sergisine Türkmenistanyň adybir toplumy gatnaşdy. Bu sergä dünýäniň 29 ýurdy, Russiýanyňsebitleriniň 50-si gatnaşdy. Ýöriteleşdirilen jaýda türkmen azyk önümleri – et, süýt, balyk, ýag, süýji, köke, piwo, çakyr we gök-miwe önümleriň dürli görnüşleri ýerleşdirildi. 2009-njy ýylyň 25-27-nji noýabrynda TDA ýurtlarynyň oba hojalyk önümlerini öndürijileriň halkara

forumy, sergisi geçirildi. Türkmenistanyň hut özüniň başlangyjy bilen halkara derejedäki ylmy-amaly maslahatlar, sergiler türkmen oba senagat toplumynyň dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyply bolmagyna güýçli itergi berýär. Oba senagat toplumyna innowasion tehnologiýalary we noy-haulary ornaşdyrmak, döwrebap tehnikany we enjamlary ornaşdyrmak, tebigy baýlyklary ýerlikli peýdalanmak boýunça netijeli hyzmatdaşlyk uly ähmiýete eýe bolýar.

Azyk bolçulygyny üpjün etmek, sarp ediş bazaryny ýurdymyzda dürli görnüşli, hili ýokary önümler bilen üpjün etmek ilatyň durmuş şertleriniň gowulanmagyna getirýär. Sarp ediş bazary – bu ýurduň ilatynyň içerki bazarynda harytlaryň we hyzmatlaryň araçylaryň gatnaşmagynda alyş – çalyş edilmegini aňladýan ykdysady kategoriýadyr. Sarp ediş bazary sarp ediş toplumynyň önümini ahyrky sarp edijä-ilata ýetirmek boýunça möhüm ykdysady işi ýerine ýetirýär.

Sarp ediş bazaryň düzüm bölekleri bolup, bölek-satuw sowdanyň kärhanalary, hyzmatlar pudagy, azyk we azyk däl bazarlar çykyş edýär. Düzüm bölekleriň ösen derejesi önüme islegiň we teklibiň deňagramly ýagdaýyna täsir edýär. Öndürilen sarp ediş harytlaryna bildirilýän umumy tölege ukyply isleg bölek-satuw söwda dolanşygyny häsiýetlendirilýän görkeziji boýunça häsiýetlendirilýär. (tablisa 17)

*Tablisa 17.*

**Türkmenistanda bölek-satuw söwdanyň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | 2000 ý. | 2007 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|
| Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi, mln.manat | 1865,0 | 13302,0 | 16639,0 |
| Şol sanda: Söwda kärhanalary we guramalary | 666,0 | 1078,0 | 1814,0 |
| Azyk däl, gatyşyk we azyk bazarlarda satylan harytlar | 1199,0 | 12224,0 | 14825,0 |
| Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberinden, mln. manat Azyk harytlar | 1100,0 | 7701,0 | 9484 |
| Azyk däl harytlar | 765 | 560,0 | 7155,0 |

Söwda toplumynda ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýan ilatyň ähli umumy sanynyň 6,9 göterimi işleýär, olaryň arasyndan iýmit kärhanalary, olary taýýarlaýan, üpjün edýän, ýerleşdirýän düzüm gurluşlar bar. Soňky on ýylyň bu görkeziji 7 göteriminiň derejesinde durnukly saklanylýar. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi, garalýan döwürde, 8,9 esse köpeldi, şol sanda, azyk harytlar 8,6 esse, azyk däl – 9,3 esse ösdi. Şol bir wagtda hem azyk harytlarynyň umumy möçberi azyk däl harytlardan 132,5 göterim artyk.

Munuň özi döwlet syýasatynyň ilkinji nobatda ilatyň azyk howpsuzlygyna, bol-elinligi döretmäge ugrukdyrylandygyny görkezýär. Sarp edijilik bazaryň hereketde bolmagy ilatyň girdejilerini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Şonuň üçin hem sarp ediş bazarynyň geriminiň giňelmegine möhüm üns berilýär, bazarda harytlaryň bahalary elýeter derejede saklanylýar, işgärleriň ortaça aýlyk zähmet haky 2000-2008 ýý. 5,1 esse köpeldi, şu ýagdaý sarp ediş bazaryň derejesiniň işjeňleşmegine getirýär. Söwdanyň jemgyýetçilik iýmitiniň döwlete dahylsyz ulgamyna dürli

görnüşli eýeçilikdäki kärhanalar degişlidir. Açyk gapylar syýasaty ýurdymyzyň içerki bazarynda daşary ýurt we bilelikdäki söwda kärhanalarynyň döremegine ýardam berdi. Hususy bölek satuw dükanlaryň sany artdy, olaryň paýy ýurduň haryt dolanyşygynda köpeldi.

Bazarda hususy söwda agdyklyk edýär. Umumy haryt dolanyşygynda olaryň paýy 75 göterimden hem geçýär. Türkmenistanyň bazarlaryna oba hojalyk önümleriniň bolelinligi we dürli görnüşleri mahsusdyr. Ilat gök-bakja önümleriň, miweleriň 90 göterimini etiň, süýdüň we beýleki azyk önümleriniň 80 göterim töweregini bazardan satyn alýar. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň düzüminde azyk däl harytlara, uzak wagtlaýyn ulanylýan harytlara sarp edilýän harajatlar barha artýar.

Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, azyk bolçulygyna ýardam berýän Türkmenistanyň döwlet syýasaty haryt dolanyşygynda ýurdumyzda ösdürip ýetişdirilen we öndürilen azyk harytlarynyň has uly orun tutmagyna alyp bardy, eger-de daşary ýurt harytlarynyň paýy1991-nji ýylda 70% bolan bolsa, 2001-nji ýylda 10%, 2009-njy ýylda 2% barabar boldy. Ekologiýa taýdan arassa, bahalarynyň elýeterligi, gaplanyşy amatly, hili ýokary azyk harytlarynyň özüne çekijiligi barha artýar.

Azyk däl harytlaryň bazarynda dokma senagatynyň önümleri mynasyp orun tutýar: dürli ýaş we jyns toparlary üçin has, jyns, örülen we beýleki önümleriň bolçulygy emele gelýär. Ýurdumyzyň sarp edijiler bazaryndakyözgertmeler bölek satuw haryt dolanyşygynyň depginlerini ýokarlandyrmaga, ilatyň hili ýokary we arzyly harytlar bilen üpjün bolmagyna gönümel gönükdirilendir.

Türkmenistanda ýaşaýyş jaý şertlerini, abadançylygyny gowulandyrmak ilatyň hal-ýagdaýyny oňatlaşdyrmagyň esasy ugry hasap edilýär. Häzirki wagtda orta hasapdan her bir şäher ýaşaýjysyna 16,4 kw.m., oba ýaşaýjysyna hem 22,6 kw.m., ýaşaýyş meýdany düşýär. Ilatyň nagt girdejileriniň ösmegi jaýy

satyn almak we gurmak üçin goýberilýän maksatlaýynkarzlar kömek edýär.

Ilatyň nirede ýaşaýandygyna garamazdan, isle ol şäherde bolsun, islese-de obada, öňi bilen olara täze durmuşyň derejesi kepillendirilýär. Döwrebap standartlaryna laýyk gelýän, ilat üçin elýeterli ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygy has-da artýar. Bir näçe binalardan ybarat sazlaşykly binagärlik taslamasy boýunça ýaşaýyş jaýlarynyň toplum gurluşygyny alyp barmak netijeli hasap edilýär. Ýaşaýyş jaý syýasatynyň maksady bir ýaşaýja düşýän ýaşaýyş jaý ölçeglerini ýewropa standartlaryna laýyk getirmek, 2020-nji ýyla çenli bu görkeziji 35 kw.m., ýeter Garaşsyzlyk ýyllarynda ilatyň suw üpjünçiligi gowulandy. Azyk suwuny, akarlaryň hapalaryny arassalaýjy, deňiz suwyny süýjediji desgalar ýurt boýunça guruldy. Ýurdumyzda täze gaz, suw, giçirijileri, ulanylan suwlary akdyrmak, ýylylyk beriş ulgamyny gurmak adaty çärä öwrüldi. Umuman ýurdumyzyň şäherdir-obalar tapawudy ýok, 15 sany inženerçilik-sanitar döwrebapinfrastrukturalar bilen üpjü edilýär. Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşugu daşky gurşawyň goragy bilen utgaşykly alnyp barylýar, agaç ekilen ýerleriň umumy meýdany, şäheriň çäklerinde, 50 müňe golaýlady.

Ilatyň girdejileriniň artmagy, ýaşaýyş jaýlarynyň 96,5 göteriminiň hususy eýeçilikde bolmagyna getirer.

Şeýlik bilen milli sarp ediş toplumyny ösdürmek şu wezipeleriň ýerine ýetirilmegini nazarda tutýar:

-ilaty ýurtda öndürilýän hili ýokary azyk harytlar bilen doly üpjün etmek;

-sarp edijilere öý hojalygynyň hyzmatyny ýeňilleşdirip, amatly we rahat ýaşaýyş şertlerini döretmek, boş wagty tygşytlamak we ony ýerlikli ulanmak;

-ilaty, saglygy goramak, bilim, medeniýet, sungat, beden terbiýesi we sport, dynç alyş ugurda, hem-de ýaşaýyş jaý-jemagat, durmuş we maglumatlar hem we ş.m. görnüşlerde, ýokary hilli hyzmatlar bilen üpjün etmek;

-ilatyň sarp edýän harytlarynyň eksportyny giňeltmek we sarp edijileriň importa baglylygyny peseltmek;

-dynç alyşda we syýahatçylykda infrastrukturada obýektleriniň ýaýlymlaryny giňeltmek we olaryň rahatlyk, derejesini gowulandyrmak, şu şertler syýahatçylyk hyzmatlarynyň eksportynyň artmagyny üpjün eder.

Şu wezipeler sarp ediş toplumynyň ösmegi hemde onuň bäsdeşlige ukyplylyk derejesiniň ýokarlanmagy ýagny çykarylýan önümiň sarp ediş häsiýetleriniň gowulanmagy we önümçilik harajatlarynyň peseldilmegi bilen bilelikde ýerine ýetirilýär.

## Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň önümçilige degişli däl pudaklary

- Bilim
- Ylym
- Saglygy goramak
- Medeniýet we sungat
- Sport we syýahatçylyk

Türkmenistanda önümçilik bilen önümçilik däl pudaklar bilen baglanyşykda alnyp barylýar. Öň belläp geçişimiz ýaly, senagat pudagy önümçilige degişli bolmadyk ulgam bilen ylmy-tehniki ösüşe ýardam berýär. Bu ulgam hyzmatlary öndürýän we ýerine ýetirýän pudaklar degişli edilýär. Olara bilim, ylym, saglygy goramak, medeniýet we sungat, sport we syýahatçylyk degişlidir. Kähalatda olara hyzmatlar toplumy hem diýilýär.

Hyzmatlar toplumy - milli ykdysadyýetiň topar pudaklaryndan ybaratdyr, bu pudaklardaky işgärleriň zähmeti gönümel önümçilikde sarp edilýän önümçiligiň aýyratyn görnüşini döretmäge gönükdirilýär. Hyzmatlar maddy we maddy däl häsiýeti bolup biler. Maddy häsiýetli bolmadyk, kada bolşy ýaly, durmuş ugra ýokary derejede gönükdirilen

hyzmatlar ulanylýar, mysal üçin, bilim ulgamyndaky hyzmatlar. Şunuň bilen birlikde ýokary derejede maddy häsiýete eýe bolan hyzmatlar hem hereket edýär. Mysal üçin, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy. Bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy bilen döreýän pudaklar-maliye-bank ulgamy, ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegi, telekeçilik we başg. - hyzmatlar toplumyna degişli edilýär.

*Bilim ulgamy* adamzat jemgyýetiniň ösüşi, ilkinji nobatda bilime esaslanýar. Adam özüne mahsus tebigy bilesigelijiligi bilen bilimiň üstüni täze ylmy maglumatlar bilen doldurýar, netijede bilim yzygiderli täzelenýär. Şol bir wagtda hem ylmy taýdan esaslandyrylan maglumatlara maddy görnüşiň berilmegi we olaryň durmuşa ornaşdyrylmagy jemgyýetiň öňe gitmegine ýardam berýär.

Şonuň üçin hem bilimli bolmaga her bir adam çalyşýar. Biziň ýurdumyzda her bir adam üçin bilim elýeterdir, bu barada Türkmenistanyň Konstitutiýasynda, her bir raýatyň bilim almaga hukugynyň bardygy bellenilýär.

Türkmenistanda täze Galkynyşyň zamanasynda beýik özgertmeleri ýokary depginler bilen durmuşa geçirmekde ylym-bilim ileri tutulyar. Bilim - ýurdumyzyň geljegini kesgitleýän, jemgyýetiň ruhy, durmuş, ykdysady we medeni taýdan ösüşine itergi berýän esasy güýçdir. Bu ulgam binýadynda türkmeniň milli gymmatlyklaryny goýup dünýä ýurtlarynyň öňdebaryjy tejribesini giňden ulanýar we döwrüň bildirýän talabyna görä kämilleşýär.

2009-njy ýylyň awgustynda "Bilim hakynda" Türkmenistanyň täze kanuny güýje girdi. Bu kanun üçünji müňýyllykda jemgyýetiň kämilleşmegi bilen bagly döwrüň bildirýän talaplaryndan gelip çykýar. Bu resminamada bilim ulgamynda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri, bilim gurnamagyň dürli ugurlary kesgitlendi, olar bilimi özgertmek we mundan buýana döwrebap ösdürmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Yurdumyzda üstünlikli amala aşyrylýan özgertmeler ilatyň bilim derejesini ýokarlandyrmaga, terbiýäniň we okuwyň

hilini gowulandyrmaga, ýurdumyzyň intellektual kuwwatyny we ýaşlaryň hünärlik derejelerini artdyrmaga gönükdirildi. Bu baradaky maglumatlar tablisa 18 görkezilýär.

*Tablisa 18.*

**Bilim ulgamynyň esasy görkezijileri.**

| Görkezijiler | 2000 ý. | 2007 ý. | 2008 ý. |
|---|---|---|---|
| Çagalar edaralarda çagalaryň sany müň adam | 123,3 | 138,4 | 143,3 |
| Mekdeplerde okuwçylaryň sany, müň adam | 1017,1 | 1040,0 | 1006,4 |
| Hünärmentçilik mekdeplerde okuwçylaryň sany, mün adam | 21,0 | 24,8 | 41,9 |
| Orta hünärmen mekdeplerinde okuwçylaryň sany, müň adam | 4,3 | 3,9 | 4,0 |
| Ýokary okuw mekdepleriniň sany | 16 | 17 | 18 |
| Olardaky talyplar, müň adam | 16,6 | 17,0 | 20,7 |

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda orta bilimi her bir adam hökmany suratda döwlet mekdeplerinde tölegsiz alýar. Ýurdumyzda öňdebaryjy multmediya we maglumatlar tehnologiýalary bilen üpjün edilen mekdepler we "ertekiler şäherjikleri" -çagalar baglary gurulýar.

2009/2010 - njy okuw ýylynyň başyna Türkmenistanda 1725 sany mekdep bolup, 969,3 mün okuwçy okaýar, olarda mugallymlaryň 68,8 müňüsi terbiýe we bilim berýär.

Ýurdumyzyň 19 orta hünärmen mekdeplerinde 4276 adam okaýar, olarda 638 mugallym işleýär.

Ýurdumyzyn 19 sany ýokary mekdeplerde 22 münden gowrak adam okaýar we döwrebap ýokary derejedäki hünär taýýarlygyny alýarlar, olarda 2794 mugallym işleýär. Mugallymlaryň 22,6% - i alymlyk derejeleri bar. Talyplar talyp haklary bilen üpjün edilýär.

Halk hojalygynyň dürli pudaklaryna degişli mugallymlar, lukmanlar, inženerler, tehnologlar, medeniýet we sungat, sport

we syýahatçylyk, boýunça hünärmenler, olaryň arasynda diplomatlar hem taýýarlanylýar.

Bilim ulgamynyň maddy - tehniki binýady pugtalanýar. Ökde, hemmetaraplaýyn ösen hünärmenleri taýýarlamak irki döwürden başlanýar. Şuňa baglylykda diňe multmediýa tehnologiýa, interaktiw usullar we dünýä maglumatlar ulgamyna birikdirilen çagalar baglary we mekdepler gurulýar we ulanmaga berilýär.

Aşgabatda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň, Türkmenistanyň IIM-niň Polisiýa akademiýasynyň, Maryda energetika institutynyň, Harby akademiýasnyň ikinji nobatdaky täze binalary aýyldy. Russiyanyň I.M. Gubkin adyndaky nebit we gaz döwlet uniwersitetiniň Aşgabatdaky şahamçasy, Daşoguzda oba hojalyk instituty işläp başlady. Yakyn wagtda, Politehniki institutynyň, Türkmen döwlet Lukmançylyk uniwersitetiniň, Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýene-de bir okuw binasy, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň binasy we beýlekiler peýda bolar.

Türkmenistanyň daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda diplomatiýa gulluklary üçin işgärler taýýarlanylýar we olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça okuwlar geçirilýär. şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Döwlet gullugy akademiýasy döredildi. Türkmenistanyň halk hojalyk instituty Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutyna özgerdildi.

Ýurdumyzyň ösüşini üpjün etmek üçin geçirilýän reformalar köp derejede döwlet guramalarynyň gullukçylarynyň, dolandyryjylaryň işe beletligine, sowatlygyna, guramaçylyk ukyplaryna baglydyr.

Täze ýokary mekdepler bilen ugurdaş hereket edýän ýokary mekdeplerde täze hünärler hem açyldy. Diňe soňky iki ýylda ýurdumyzyň ýokary mekdeplerinde talyplary taýýarlamagyň 30-a golaý täze ugurlary peýda boldy. Muňa biziň ýurdumyzyň durmuş -ykdysady taýdan

ýokary ösüş depginleri, obalaryň we şäherleriň durmuşynyň toplumlaýyn özgerdilmegi zerurlyk döretdi. Mysal üçin, 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda "Senagat elektronikasy", Turkmen dowlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda "Döwlet we ýerli dolandyry§, Magtymguly adyndaky Turkmen dowlet uniwersitetinde arheologiýa", D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda "Hindi dili" we başg. hünärler boýunça talyplar taýýarlanyp başladylar.

Türkmen talyplary ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň abraýly ýokary mekdeplerinde maglumatlar we tehnologiýalary, inžener oba hojalygy, lukmançylyk, sport, binagärlik gurluşyk, ykdysadyýet we maliýe, nebit-gaz himiýa, azyk senagaty, ýol-ulag ulgamy we syýahatçylyk, deňiz gämiçiligi we balyk awlamak, halkara syýasaty we zurnalistika boýunça hünär we tejribe alyarlar. Da§ary yurt dillerini owrenmek U9in yurdumyzda ähli şertler döredildi, çünki olara halkara gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm faktory hökmünde garalýar.

Ýurdumyz bilim ulgamyny dünýä standartlaryna laýyk alyp baryp, BMG, Ýewropa bileleşigi, dünýäde öňdebaryjy ylmy-okuw merkezler bilen gatnaşyklary giňeldýär. "TEMPUS", "TASIS", "DAAD", "Infotuk" ýaly halkara maksatnamalaryň çäklerinde ýurdumyzyň okuw mekdepleri birnäçe taslamalary amala aşyrýarlar. Şonuň bilen bir hatarda hünärmenleri alyşmak, talyp bilimini kämilleşdirmek, halkara seminarlary we ylmy maslahatlary yzygiderli geçirmek ýola goýuldy.

Döwletara ylalaşyklaryň çäklerinde türkmen talyplarynyň mühlerçesi bäsleşikde üstün çykyp, Ýewropa, Aziýa, GDA ýurtlarynyň we ABŞ-nyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde okaýarlar.

Şeylelik bilen, ýurdumyzyň ýokary mekdepleri täze döwrüň talabyna laýyk işgärleri taýýarlaýan möhüm

ojaga öwrüldi. Ýaş alymlaryň we talyp ýaşlaryň ylmy işleri we innewasion taýýrlamalary boýunça geçirilýän bäsleşikler muňa şaýatlyk edýär. Ýaş türkmen binagärleriniň uly döredijilik üstünligi aýdyň mysaldyr. Türkmen politehniki institutynyň binagärlik-gurluşyk fakultetiniň talyplary we mugallymlary tarapyndan işlenilip taýýarlanýan taslama boýunça Aşgabat şäherinde şu institutyň täze toplum binalary gurulýar. Onuň düzümine I.M. Gubkin adyndaky nebit we gaz döwlet uniwersitetiniň Aşgabatdaky şahamçasy hem girýär. Şeyle mysallar başga-da köp.

*Ylym ulgamy* düýpli, özgerýär. Ylmyň ösüşi strategiki bähbitleri üpjün etmäge gönükdirilýär. Ýagny, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ykdysady ösüşiň täze sepgitlerine ýetmek durmuş-ykdysady öňe gidişligi gazanmak nazarda tutulýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini innewasion ösüş ýoluna geçmegi onuň maksadydyr.

Türkmenistanda innewasion iş üçin amatly ýagdaý döredilýär, işgärleriň ylmy-tehniki mümkinçiligi ýokarlanýar, ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilýär, bu hyzmatdaşlyga döwletimiziň barha artýan kuwwaty goldaw berýär.

Bu ugurda geçirilen netijeli işler ylmyň öňe gitmegine şert döretdi, 2009-njy yylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy işe başlady.

Bu taryhy waka milli ykdysadyýetiň innewasion taýdan ösmegine ýardam berdi, bu edara döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde täze ylmy-barlag edaralaryň altysy- "Gün" instituty, seýsmologiýa instituty, botanika instituty, fizika-matematika instituty, arheologiýa we entografiýa instituty döredildi. Dil we edebiýat instituty, milli golýazmalar instituty, taryh instituty, derman ösümlikleri

instituty, himiýa instituty Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümine berildi.

2007-nji ýyldan Türkmenistanyň strategiki meýilleşdiriş we ykdysady ösüş instituty we Türkmenistanyň döwlet we hukuk instituty işleýär.

Döwrebap hünärler boýunça aspiranturalary we doktoranturalary bolan edaralaryň ulgamy hereket edýär. Bu iş ýurdumyzyň ylmy institutlaryň, pudaklaýyn edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriň bildiren islegleri boýunça geçirildi.

Ylym edaralary döwrebap enjamlar hem-de maglumatlar tehnologiýalary bilen üpjün edilýär. Halkara derejede ylym boýunça gatnaşyklar ýola goýulýar. Yurdumyzyň milli ylym-bilim ulgamy ýokary derejedäki tizlikli internete birikdirildi.

Milli ylym-biliminiň maksady şu ugurda bütewi maglumatlar giňişligini döredip, dünýä derejesindäki matglumatlary alyş-beriş bileleşigine goşulmakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň Milli kitaphanasynda Internet merkezi işleýär. Şu ugurda halkara ylmy maslahatlar geçirilýär.

Umuman ýurdumyzda ylym ulgamy ilatyň intellektual mümkinçiliklerini has giňden açylmagyna ýardam berýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan ekologiýa we daşky gurşawy goramak bilen bagly möhüm meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar. Türkmenistan araly halas etmek, howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça geçirilýän çäreler ýeri boldy. Ýurdumyzda tebigatyň öz boluşlylygyny gorap saklamak, suw, ýer we biologiki serişdeleri rejeli peýdalanmak, atmosfera howasynyň hapalanmagyny azaltmak, çölleşmäniň garşysyna göreşmek, ilaty ekologiýa taýdan sowatly etmek ugurlar boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmenistanda däp bolmadyk energiýa çeşmelerini peýdalanmak üçin ähli mümkinçilikler bar we bu ugurda täze tehnologiýalar bilen bagly işleri geçirmäge girişildi. Şeýlelik-de, alternatiw energetika ösüşiň ileri tutulýan ugry hökmünde çykyş edýär. Halkara bilermenleri bilen gün we ýel energetikasyny ösdürmegiň baş meýilnamasy işlenip taýýarlandy.

Gün instituty alternartiw enregetika boýunça ylmy üstünliklere eýedir. Bar bolan tejribäni nazarda tutup, institutyň işgärleri ýel-gün energetika toplumlaryny döretmek boýunça ylmy-barlag we synag işlerini alyp barýarlar. Olaryň düzümine gün fotoelektrik stansiýalar, gün fotobioreaktorlar, suw süýjedijiler, galyndylary gaýtadan işleýän ýel-gün desgalary, gün kollektorlary girýär. Şeýle toplumlar şäherçeleriň, obalaryň ýa-da maldarçylyk hojalyklarynyň kadaly işlemegini üpjün etmäge mümkinçiligi bar. Gün institutynda ýurdumyzda tehniki kremnini öndürmegiň mümkinçilikleri boýunça barlag işleri geçirilýär. Netijede, geljekde gün batareýalaryny çig mal bilen üpjün etmäge hem örän gyt harydyň eksportyny ýola goýmaga mümkinçilik açylar diýip garaşylýar.

Umumy täze Galkynyşyň zamanasynda ylma we bilime döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär. Beýik özgertmeler ýurdumyzda ylmyň galkynmagyna, zehinli ýaşlaryň ylym bilen meşgullanmagyna, täze sepgitlere ýetilmegine gönükdirilendir.

*Saglygy goramak*. Türkmenistanda ilatyň saglygy jemgyýetiň ýokary gymmatlygy hökmünde hemişe döwletiň üns merkezinde durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýas raýatlara saglygyny goraýyş edaralarynyň hyzmatyndan mugt peýdalanmaga hukuk berýär.

1995-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Prezidentiniň "Saglyk döwlet maksatnamasy ýurdumyzda saglygy goraýyşy ösdürmek, ilata berilýän hyzmatlaryň hilini

ýokarlandyrmak we olary dünýä standartlarynyň derejesine çykarmak boýunça esasy ugurlary kesgitledi. Maksatnama şu tapgyrlar boýunça durmuşa geçirilýär: saglygy goramak ulgamynyň düzüm gurluşyny özgertmek we olary dolandyrmagy kämilleşdirmek, saglyk ätiýaçlandyrmasyny, tölegli we hususy lukmançylygy ornaşdyrmak hem ösdürmek.

1995-1997-nji ýyllarda maşgala lukmançylygy ornaşdyryldy, raýatalaryň döwlet meýletin Saglyk ätiýaçlandyrmasy girizildi we häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirilýär. Paýtagtymyzda, şäherleriň we obalaryň hemmesinde saglyk öýleri işleýär hem ilatymyza ýokary derejede hyzmat edýär.

Özgertmeleriň ilkinji ýyllarynda, saglygy goramak ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmek üçin guramaçylyk merkezler durmuşa geçirildi. Welaýat merkezlerinde, paýtagtymyz Aşgabatda kö ugurly we ýöriteleşdirilen hassahanalar, eneleriň we çagalaryň saglygyny goraýyş merkezleri, etraplarda we şäherlerde hassahanalar, şeýle hem häzirki zaman saglyk öýleri döredildi.

“Saglyk” döwlet maksatnamasy boýunça, orta we ýokary lukmançylyk okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamak, düýpli özgerdi.

1999-njy ýylda ýurdumyzda dermançylyk ösümlikleri öwrenmek hem-de olar bilen derman senagatyny çig mal hökmünde üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Milli derman serişdeleri instituty döredildi. Türkmenistanyň döwleti saglygy goraýyş edaralaryny derman serişdeleri bilen doly derejede üpjün etmek maksady bilen “Türkmenderman sanagat” birleşigi döredildi. Onuň düzüminde S.A.Nyýazow adyndaky “Buýan” obasenagat toplumy, bilelikdäki “Türkmenistan Ajanta forma Liimited” türkmen – hindi kärhanasy, “Saglyk” we “Tenekär” derman kärhanasy işleýär. Olar ilaty elýeterli we hili ýokary derman serişdeleri bilen üpjün edýärler.

Häzirki wagtda “Saglyk” döwlet maksatnamasynyň çäklerinde enäniň we çaganyň saglygyny goramak, göňz

keselleri we beýleki ylmy kliniki merkezler ylmy işleri alyp barýarlar.

Ilatymyzda saglyklaryny döwrebap usullarda bejerder ýaly şertler hem döredildi. Munuň üçin paýtagtymyzda we welaýat merkezlerinde döwrebap anyklaýyş hem bejeriş merkezleri gurlup, ulanmaga berildi. Olar ilatyň saglygyny goramak, keseliň öňüni almak we öz wagtynda anyklamaga mümkinçilik berýär.

Welaýatlaryň Esenguly, Serdar etraplarynda hassaganalaryň durky täzelendi, täze açylan Ruhybelent, Döwletli, Altyn sähra etraplarynda bolsa döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen saglyk merkezleri ulanmaga berildi, “Mersedes” “UAZ” kysymly dörebap tiz kömek maşynlar bilen doly derejede üpjün edildi.

Ilatyň arasynda hökmany immunologik öňüni alyş sanjymlarynyň girizilmegi keselçiligiň derejesini azaltdy. Çagalaryň köpçülikleýin sanjym edilmegi netijesinde ýurdumyzda poliomelit keseli doly ýok edildi. 2000-nji ýylda ýurdumyza Drakunkulýoz keselinde azat edilmegi baradaky güwenama Bütindünýä Saglygy Graýyş Guramasy tarapyndan gowşyryldy. 2005-nji ýylda gyzdyrma keseliniň öňüni almak boýunça ýörite maksatnama işlenilip düzüldi.

2002-nji ýylyň iýun aýynda ysmaz keseliniň ýok edilendigi barada ýurdumyza Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň sertifikaty berildi. Soňra ýyllarda otbaşy gökbogma bürme ýaly keseller düýbünden ýok boldy. Hörezek, gyzamyk, gyzylja örgün we beýleki keseller örän seýrek gabat gelýärler.

Türkmenistan GDA döwletleriniň arasynda birinji, dünýä dördünji bolup, halkara standartlaryna laýyklykda duzy çodlaşdyrmagy üpjün edendigi üçin 2004-nji ýylyň oktýabr aýynda BMG-nyň Çagalar gaznasynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň sertifikatyna mynasyp boldy.

Onlarça bedenterbiýe – sagaldyş toplumlarynyň, halkara lukmançylyk merkezleriniň Onkologiýa hem-de Aziýa

sebitinde ýeke-täk Kelle we boýun agzalarynyň kesellerini bejeriş merkeziniň, Gökdepede köp ugurly hassahana bilen “Ene mähri” merkeziniň ulanylmaga berilmegi, halkara Göz merkeziniň düýbüniň tutulmagy adamzadyň bähbidine gönükdirilen işlerdir. Ýaňy ýakynda “Arçman” we “Ýyly suw” şypahanalaryň döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen binalary ulanmaga berildi. Baýramaly şypahanasynda “Farap” şypahanasynyň bejeriş binasy güýçli depginde gurulýar, şeýle hem mekdebiň, ylmy – amaly, usuly işleriň toplumlaýyn amala aşyrylýan Merkez we başgalar gurulýar.

*Medeniýet we sungat.* Türkmenistanda medenýet we sungat garaşsyzlyk ýyllarynda uly uly üns berilýär taryhy milli mirasy gotap saklamak we gaýtadan dikeltmek boýunça uly çäreler durmuşa geçirilýär. Taryhy we medeni ýadygarlikler döwlet tarapyndan goralýar.

Ýurdumyzda ähli ugurlarda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler medenýetiniň hil derejesine we ösüşine uly täsir edýär. Medenýet we sungat türkmen halkynyň ruhy durmuşyny baýlaşdyrmaga we sazlaşykly ösüşini üpjün etmäge ýardam berýär. Şu pudak ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň möhüm şertleriniň biri hasap edilýär, ony häsiýetlendirýän esasy görkezijiler tablisa 19 görkezilýär.

*Tablisa 19*

**Medenýet ulgamynyň esasy görkezijileri.**

| Görkezijiler | 2000ý. | 2007ý. | 2008ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Pudaga degişli hünär boýunça okaýann talyplaryň sany, müň adam | 0.8 | 0.9 | 1.0 |
| Kitaphanalaryň sany | - | - | 1844 |
| Şol sanda | | | |
| Mekdep kitaphanalary | - | - | 1704 |
| Döwürleýin neşirleriň sany | 19 | 20 | 23 |
| Medeni-dünç alyş edaralaryň sany | 764 | 662 | 665 |
| Teatrlaryň sany | 8 | 11 | 11 |
| Müzeýleriň sany | 27 | 31 | 31 |
| Şol sanda | | | |
| Taryh | 13 | 16 | 15 |
| Ülkäni öwreniş | 7 | 7 | 7 |

Häzirki wagtda Türkmistanda müzeýleriň 30-a golaýy hereket edýär. Olara paýtagtymyzda, şäherlerde we obalarda ýerleşýär. Olaryň arasynda Türkmenistanyň Baş muzeý, Türkmenistanyň Milli gymmatlyklary muzeýi, Şekillendiriş sungaty muzeýi, “Ak bugdaý muzeýi, Türkmne halysynyň milli muzeýi bar.

Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýiniň sergi zallarynda türkmen halkynyň ýaşaýyş durmuşy onuň özboluşly medenýeti, ýurdumyzyň tebigaty barada düşünje berilýär. Welaýatlaryň merkezlerinde taryhy –ülkäni öwreniş müzeýleriniň häzirki zaman binalary ulanmaga berilýär. 2009-njy ýylda muzeýleriň sanawyna Gökdepe Milli muzeý hem goşuldy.

Ýurdumyzda teatr sungaty mynasyp ösüşe eýe boldy. Teatr sungaty döwletiň goldaw bermegi bilen täze ugurlar

boýunça ösýär. Teatrlaryň döredijilik işleri täze abadanlaşdyrylan binalarda işlemäge mümkinçilik aldylar.

Paýtagtymyzyň we welaýat merkezleriniň binagärlik toplumyny täze bina edilen döwrebap ajaýyp teatrlaryň binalary bezeýär.

Ýurdumyzda köpçülikleýin maglumatlar serişdeleriniň mümkinçilikleri işjeňlik bilen artýar, bu ugurda elektron serişdeleriň işi kämilleşýär, hususan hem ol telewideniýa we radio degişli, başgalar bilen birlikde olaryň maddy – tehniki binýady pugtalanýar, döwrebap enjamlar bilen üpjün edilýär. Bu bolsa olaryň okyjylarynyň we diňleýjileriniň, diňe ýurdumyzda däl, daşary ýurtlarynda hem artmagyna getirdi.

Mysal üçin, Türkmen radiýosynda şeýle hem milli telewideniýede “Türkmen owazy” ýaýlymlarynyň gepleşikleri olaryň maksady dünýäde türkmen gaz sungatynyň mirasyny, şu gününi we geljegini wagyz etmekden ybaratdyr.

Täze hil derejede ýokary depginli bilen, metbugat işi ösýär, çap edip çykarylýan önümleriň möçberleri giňelýär, olara döwürleýin neşirler çeper, çaga we okuw kitaplary hem degişlidir.

Arheologiýa gazuw işleriniň netijeleri Türkmenistana dünýäde abraý getirdi. Şu wagtda çenli mälim boldyk diňe bäşinji siwilizasiýanyň açylmagy gadymy dünýä taryhyna gaýtadan garamaga mejbur etdi. Gadymy Merw, Könürgenç we Nusaý ýaly taryhy-medeni ýadygärlikler ÝUNESKO-nyň bütindünýä tebigat we medenýet mirasynyň Sanawyna girizildi.

Türkmenistanyň taryhy we meden ýadygärlikleri dünýä siwilizasiýanyň aýrylmaz bölegidir. Milli taryhy medeni mirasy goramak we dikeltmek boýunça ýerine ýetirilýän işlere örän uly zähmet berilýär. Soňky ýyllarda haraba öwrülmeginden Sarahsda Abul Fazlyň gümmezi, Ýolöten etrabynda Talhatan babanyň metjidi, Dehistanyň minaralary, Atamyrat etrabynda Alamberdaryň gümmezi we beýleki ýadygärlikler halas edildi hem gaýtadan dikeldildi.

Türkmenistan bütin dünýäde diňe ýokary ykdysady mümkinçilikleri bilen belli bolman, eýsem ruhy belent we döredijilige çalyşýan ýurt hökmünde hem mälimdir. Dünýä ýurtlarynyň ençemesinde geçirilen çäreler medenýetimiziň milli öwüşgünleriniň dürli görnüşlidigini aýan etdi. Tanymal we ýaş türkmen surat keşleriniň, heýkel taraşlaryň, keramikaçylaryň, zergärleriň döredilmegi, müzeýlerdäki eksponantlar, milli amaly haşam sungatynyň dünýäde uly abraýa eýedigini görkezdi.

Türkmenistanyň paýtagty halkara forumlaryň, sergileriň we festiwallaryň merkezi diýen derejä eýe boldy. Halkara derejede örän wajyp taslama durmuşa geçirildi, bilelikdäki türkmen awstriýa simfoniki orkestri döredildi. Şol ýylyň ahyrynda “Galkynyş” atly türkmen – awstriýa jurnalynyň birinji sany çap edildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda tebigy desgalaryň bir näçesini, şol sanda Garagum çölüni we iri dag massiwlerini öwrenmek boýunça işler amala aşyrylýar.

Türkmneistanyň ruhy Galkynyşy, döredijilik işgärlerini taýýarlamak möhüm ähmiýete eýe bolýar. Şu işde ýokary döredijilik mekdeplerine esasy orun degişlidir. Täze Galkynyşyň zamanasynda teatr, saz, şekillendiriş sungatlarynyň ugurlaryny, täze pikirleri öňe sürmäge we olary durmuşa geçirmäge ukyply, zehinli ýaşlar baýlaşdyrýar:

Milli sungatyň ojaklarynyň biri-Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasydyr. Bu ýokary okuw mekdebi milli döredijilik däpleriniň gaýtadan dikeldilmegine, türkmen medenýetiniň ösüşine mynasyp goşant goşýar. Talyplar bu ýerde binagärlik bezegçiligi, ýadygärlikleriň durnukly dikeltmek, teatr we kino suratpeşi ýaly derwaýys hünärleri öwrenýärler.

Türkmen döwlet medenýet instituty, medenýet edaralary üçin aktýorlary, rejissiýorlary we operatorlaryny, diktorlary we ses rejissiýorlaryny, kitaphanaçylary, muzeý işgärlerini, restawratorlary we başgalar, taýýarlaýar 2009-njy ýyldan

başlap bu ýer-de sirk artistleri taýýarlanylýar, ýagny hakykatda sirk ugurda täze milli mekdep döreýär.

Türkmen milli konserwatoriýasy – ýurdumyzda saz ugurda ýöriteleşdirilen ýeke-täk ýokary okuw mekdebi sazly-drama teatrlary üçin hünärmenleri taýýarlaýar. Türkmen operasyny gaýtadan dikeltmek üçin hünärmenler goýberilýär. Kirişli saz gurallary bölüminiň talyplary simfoniki orkestiriň sazandalarynyň arasyna goşulýar.

Ýurdumyzda milli medenýetiniň çeperçilik, döredijilik ýaly asylly däpleriň nesilden nesle geçmegine we ösmegine uly ähmiýet berilýär. Şunuň netijesinde türkmen medenýeti dünýä siwilizasiýasynda aýratyn orna mynasyp boldy.

Şeýlelik bilen, täze Galkynyşyň zamanasynda ýurdumyzda halyçylyk sungatynyň ösüşi kuwwatly itergä eýe boldy. Häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän täze haly kärhanalary gurulýar. 2009-njy ýylda Esenguly etrabynda gurlan täze haly fabrigi oňa mysaldyr. Halyçylykda ussatlygyň däp-ýörelgeleriň mekany Serdar we Balkanabat şäherlerinde täze haly fabrikleri işe başlar.

Türkmenistanda milli medeni gymmatlyklary aýawly saklamak ugurda toplumlaýyn çäreler yzygiderli geçirilýär. Ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek ahalteke bedewleriniň gözden geçiriliş sergisi gurnaldy. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhammedowyň “Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz we şöhratymyz” kitaby köpçülik we bütin dünýäniň atşynaslary üçin uly sowgat boldy. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda halkara standartlaryna laýyk gelýän döwrebap aýlawlar gurulýar.

Türkmen çapyksuwarlary ahalteke bedewleri bilen halkara bäsleşiklerinde ajaýyp ýeňeişleri gazanýarlar. 2009-njy ýylda Daşkentde geçirilen “Türküstanyň Ýyldyzy” atly halkara bäsdeşiginde türkmen çapyk suwary iň ýokary ýeňiş gazandylar. Şeýle üstünlik Russiýada geçirilen halkara bäsleşiginde hem gaýtalandy, halkara bäsdeşliginde hem gaýtalandy.

Däp bolan lybaslary türkmeniň keşbini we milli ýörelgelerini, däp-dessurlaryny şekillendirýär, türkmen halkynyň medenýetini we durmuşyny beýan edýär. Häzirki zamanyň modasy halk döredijiligi – folklar-bilen oňaýly utgaşdyrylýar. Türkmen lybaslarynyň nusgalary daşary ýurtlarda geçirilen bäsleşiklerde üstünlik gazanýarlar, 2009-njy ýylda Moskwada geçirilen modalar hepdeliginde türkmeniň "Ýüpek ýoly" kolleksiýasy mynasyp bäsdeş hökmünde çykyş etdi.

*Sport we syýahatçylyk.* Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda ilatyň bedenterbiýe we sport bilen köpçülikleýin meşgullanmagyna möhüm üns berilýär. Bede taýdan sagdyn nesil taýýarlamak üçin ähli şertler döredilýär, bu çärä ilatyň dürli toparlary işjeň gatnaşýar. Şol bir wagtda hem ýurdumyzda, şeýle hem halkara sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edýän milli sportsmenleri taýýarlamak wezipese oňaýly çözülýär.

Ýurdumyzda dünýä standartlaryna laýyk gelýän sport toplumlary gurldy we ulanylmaga berildi.olaryň arasynda Buzly köşk, Suw toplumy, Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Olimpiýa sport toplumy, durky täzelenen " Köpetdag" sport stadiony we başgalar bar. Halkara standartlaryna laýyk gelýän döwrebap sport toplumlaryna eýe bolmak bilen ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat sportyň dürli görnüşleri boýunça abraýly halkara ýarayşlaryň merkezine öwrülýär. Türkmenistanyň paýtagtynda her ýylda futbol boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň kubogy ugrunda halkara sport çäresi geçirilýär. Ýurdumyzda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň IV oýunlary geçirildi.

Okuwçylary, talyplary, ýaşlary we uly ýaşly adamlary sporta çekmek üçin täze görnüşler we usullar peýdalanylýar. Etraplarda we 'äherçelerde sport oýunlarynyň spartakiýadasyny, ilatyň ýaşaýan ýeri boýunça ýaryşlar, her ýylda Bütindünýä saglyk gününi sport çäreleri bilen dabaral bellemek däbe öwrüldi.

Milli oýunlara we ýaryşlara hemmetaraplaýymn üns berilýär, olar öwrenilýär we gaýtadan dikeldilýär. “Göreş”, “Düzzüm”, “Ýalyga towusmak” we başgalarda bir topar milli sportyň görnüşleri mundan buýana ösdürilýär we kämilleşdirilýär.

Türkmen sportsmenleri halkara derejede abraýly orunlara eýe bolýarlar. Türkmen sportynyň giň gerimde we ýokary depginde ösmegine oňa güýçli itergi berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň etrap merkezleriniň we şäherleriniň şäherçeleriň we obalaryň ilatynyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy boýunça 212 sport mekdepleri, 72.5müň orunlyk sport merkezleri we 180 sport desgalary gurulýar.

Ilatyň arasynda keseliň öňüni almak üçin adamlaryň arassa howada işjeň hereket etnekleri we sportyň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga peýdaly hasap edilýär. Şeýle çemeleşmek adamlary zyýanly endiklerden daş durmaga, zähmet bilen dynç alşy sazlaşykly alyp barmaga we sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermäge ýardam berýär. Aşgabatda we welaýatlarda “Saglyk” ýollary gurlup ulanmaga berildi.

Ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça gazanylan ösüşler jemgyýetiň täzelenmegine, ilatyň ruhy we maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna, bedenterbiýe hem sport hereketiniň ýaýbaňlaşmagyna gönükdirilýär.

Şu babatda paýtagtymyz Aşgabatda gurylýan “Olimpiýa şäherjiginiň” ähmiýeti uly bolar. Ol ilatyň, esasy hem ýaşlaryň söýgüli mesgeni bolar. Aşgabat ýakyn geljekde sebit we dünýä derejesinde sport bäsleşikleriniň merkezine öwrüler.

Bedenterbiýäniň we sportyň arassa we sagdyn jemgyýeti kemala getirmekde ähmiýeti örän uludyr.

Türkmenistan medeni-taryhy ýadygärlikleri, häzirki zaman binalary, baý yebigaty we onuň özboluşlygy syýahatçylarda uly gyzyklanma döredýär. Ýurdumyzda medenýet, sport syýahatçylyk bilen utgaşykly alnyp barylýar.

Ýurdumyzda syýahatçylytk gurnamak üçin oňa ýardam berýän gulluklaryň giň ýaýlymy hereket edýär. Bu gulluklar hem öz nobatynda rahat myhmanhanalardn, beýleki hyzmat edýän edaralardan ybaratdyr. Hyzmatlar halkara standartlaryna laýyk ýerine ýetirilýär.

Obýektler ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýär.

Türkmenistan döwletli dynç alyşyň we syýahatçylygyň kuwwatly industriýasyny döredýär we ony durmuş – ykdysady syýahatçylygyň strategiýasynyň maksady ýurdumyzda netijeligi ýokary we bäsdeşlige ukyply syýahatçylyk toplumlaryny döretmek. Şu toplumlar ýerli ilatyň we daşary ýurtly raýatlaryň syýahatçylyk hyzmatlaryna bildirilýän isleglerini kanagatlandyrmaga ýagdaý döredýär. Şeýle hem salgytlardan bujete alynýan girdejiniň, daşary ýurt walýutalarynyň iş ýerleriniň artmagynyň, medeni we tebigy mirasy gorap saklamagyň hem ýerlikli ulanmagyň we beýleki ugurlaryň hasabyna ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine goşant goşmaga mümkinçilik açylýar.

Hazaryň türkmen böleginde dynç almak, saglygy dikeltmek hem ekologiki syýahaty ösdürmäge ägirt uly mümkinçilikler bar. Olary tebigatyň özi döredipdir: ýakymly howa, mineral suwlaryň we şipa beriji palçyklaryň çeşmeleri, suwa düşmek üçin amatly uzaklara uzalyp gidýän çögeli zolaklar, özüniň gözelligi bilen haýran galdyrýan deňziň tebigaty, guşlaryň dürli görnüşleri we başgalar.

2007-nji ýylyň iýun aýynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygyna girişildi. "Awaza" ýurdumyzyň ägirt tebigy we ykdysady mümkinçiliklerini düýpden täzeçe çemeleşmek arkaly, ýagny dynç alyş we syýahatçylyk industiýasyna daşary ýurt maýalarynyň uly akymlylaryny gönükdirmegiň hasabyna, durmuşa geçirmek nazarda tutulýar. Onuň maksady ilatyň ýaşaýyş üçin ähli babatda isleg bildirilýän zerur şertleri döredip, Türkmenistanyň durmuş syýasatnyň möhüm ugruny durmuşa geçirmek.

Halkara standartlaryna boýunça uzynlygy 16km-lik syýahatçylyk zolagy deňziň kenarynda 5000 gektarlyk ýer bölegi “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň umumy meýdandyr.

Ýurdumyzyň taryhynda görlüp -eşidilmedik derejedäki bu taslamanyň amala aşyrylmagy täze Galkynyşyň zamanasynda durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleriň netijeleriniň biridir. Dünýä standartlaryna laýyk gelýän kaşaň myhmanhanalar, çagalar sagaldyş merkezleri, pansionatlar, söwda we işewürlik merkezleri gurulýar. Olar işe girizilmek bilen milli ykdysadyýetiň düzüm bölegine öwrülýärler hem-de ýakyn wagtda düşewüntli bolmak üçin ähli mümkinçilikler bar. Binalar we desgalar taslananda, ýerleşdirilende we gurulanda, dürli täzelenende we ulanylanda ekologiýa babatda howupsyzlyga, daşky gurşawy goramaga dünýä derejesinde bildirilýän talaplar doly suratda gürrüňsiz ýerine ýetirilýär.

Syýahatçylyk zolagy iki kontinentiň – Aziýanyň we Ýewropanyň-çatrygynda ýerleşýär. Oňa ulagyň dürli görnüşleriniň – deňiz ýolunyň, howa awtomobil we demir ýol gatnawlarynyň – hyzmat etmäge mümkinçlik bar. Şu sebitde syýahatçylygyň ösmegine gurulýan täze halkara “Demirgazyk-Günorta” demir ýol geçelgesi täze mümkinçlikleri açar.

Milli “Awaza” syýahatçylyk zolagynyň ösmegi bilen daşary ýurtly myhmanlaryň dynç alyşyň başga merkezlerine dünýä meşhur şypahanalaryna mineral suwlara we saglygy dikeldýän palçyklaryna gyzyklanma artar.

Milli syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde daşary ýurtly maýadarlar we işewürler üçin ýeňillikler berilýär. Olar şu çäreler toplumyndan ybaratdyr. Daşary ýurtly maýadarlara biziň ýurdumyzda gazanylan peýdanyň möçberiniň ulanylmadyk bölegini başga ýerlere ugratmaga rugsat berilýär. Ýa-da, milli pulumyzy daşary ýurdyň puluna erkin çalyşmaga mümkinçiligiň döredilmegi. Şeýle hem mille syýahatçylyk zolagynynda işe gelýäke daşary ýurtly hünärmenlere we işçilere rugsat bermegi ýönekeýleşdirmek ýa-da, syýahatçylyk

zolagynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän maýa goýum taslamalaryny, hukuk taraplaryny belli almagy ýygym almazdan resmileşdirmek, ýeri ulanmaga kärendesine mugt bermek, ilkinji 15 ýylyň dowamynda gurulýan binalary we desgalary goşulan gymmat salgydyndan, peýda salynýan salgytdan boşatmak we başgalar.

Şu ugurdaky halkara tejribe syýahatçylykdan başga goňşy sebitlerde oňa ýardam beriji pudaklaryň hem uly ösüşe eýe bolýandygyny we ykdysadyýetde işewürligiň işjeňlik bilen ýokarlanýardygyna şaýatlyk edýär,.

“Awazadan” ýakyn ýer-de ýerleşýän Mollagara şypahanasy şol kölüň palçygy bilen adamlaryň saglygygyny dikeldýär, Geljekde şu şypahana “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň dowamy bolar. Häzirki wagtda dünýä belli Arçmanyň, Durynyň, Baýramalynyň şypahanalarynyň durkunyň abatlanmagy we täze binalarynyňgurulmagy bilen, olaryň ähmiýeti has-da ulaldy.

“Awaza” syýahatçylyk ösdürmegiň esasy ugurlary:

- gyzykly oýunlary we beýleki güýmenjeleri, hem-de dynç almak üçin ýerleri döretmek, hyzmatlaryň hiliniň ýokarlandyrmak;
- sportyň dürli görnüşleri bilen işjeň meşgullanmaga mümkinçlik berýän syýahatçylyk-sagaldyş we şypahana-dynç alyş, syýahatçylyk medenýetini ösdürmek;
- dynç alyş zolagynda syýahatçylygyň dürli görnüşlerini (mysal üçin, deňiňde gezelenç etmek, atly syýahatçylyk, eko-we agro syýahatçylyk we başga hyzmatlar);
- ýurt boýunça ekskursiýalaryň marşrutlarynyň dürli görnüşlerini gurnamak;
- syýahatçylara ýurdumyzyň tebigy we taryhy ýadygärlikleri bilen tanyşmak üçin marşurutlary döretmek (awtomobil, demir ýol we howa ýollary bilen) we başgalar.

## Türkmenistanyň sebitleriniň durmuş-ykdysady aýratynlyklary

- Aşgabat şäheri
- Ahal welaýaty
- Balkan welaýaty
- Daşoguz welaýaty
- Lebap welaýaty
- Mary welaýaty

Häzirki döwürde ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat we welaýatlar Türkmenistanyň Prezidentiniň “Türkmenistny ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamasy, “Türkmenistanyň Prizedentiniň obalaryň şäherleriň, etraplaryndaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy” we beýleki möhüm resminamalar boýunça ösdürilýär.

Türkmenistan administratiw – çäk gurluşdan (Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary) ybarat, welaýatlar hem öz nobatynda etraplara bölünýärler. Türkmenistanda 50 etrap, 25 şäher, 77 şäherçeler, 565 geňeşlik we 1928 oba ilatly ýerler bar. Ähli şäherler, Aşgabatdan başgasy, öz ýerleşýän çäklerindäki welaýatlara degişlidir.

Welaýatlar, paýtagtymyz Aşgabat ýurdumyzyň içerki sebitleri hökmünde hasap edilýär. Olaryň durmuş – ykdysady ösüşine geografiýa taýdan ýerleşişi, tebigy – howa hem-de baýlyklary täsir edýär. Şol bir wagrtda hem ykdysadyýetiň derejesi sebitleriň durmuş ýagdaýy bilen berk baglanyşyklydyr. Welaýatlardaky JIÖ-ň möçberi we ösüş depgini ykdysadyýetiň derejesini häsiýetlendirýän esasy görkeziji hökmünde çykyş edýär. Onda illatyň sany we düzümi, ilatyň durmuş-ýaşaýyş derejesi, iş bilen üpjünçilik we başgalar welaýatlarda ilatyň durmuş derejesini häsiýetlendirýärler.

Ýurdumyzyň ilatynyň 47%-i şäherlerde we 53%-i oba ýerlerinde ýaşaýar.

*Aşgabat şäheri* – Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanyň paýtagtydyr, iri administratiw – syýasy, ykdysady, ylym – bilim we medeni merkezdir. Garaşsyzlyk ýyllarynda ak şäher adyna eýe bolan. Aşgabat düýpgöter özgerdi we dünýäniň iň owadan şäherleriniň birine hem Merkezi Aziýaň iri syýasy ykdysady merkezleriniň birine öwrüldi.

Paýtagt şäheri özüniň administratiw – hukuk derejesi boýunça welaýat bilendeň hasap edilýär, ol bäş etraba bölünýär: Azatlyk, Köpetdag, Prezident S.A.Nyýazow adyndaky, Çandybil we Arçabil.

Aşgabat köpetdagyň eteginde, deňiz derejesinden 214-240metr belentlikde, demirgazyk giňligiň $37^0 31'$, gündogar uzaklygyň $57^0 31'$, ýerleşýär. Şäheriň tutýan meýdany dag etekden Garagum çölüne tarap kem-kemden peselýär.

Aşgabat şäheri geografiýa we ykdysady taýdan ähmiýetli ýerde ýerleşýär. Paýtagtymyz welaýatlary birleşdirýän ulag ulgamynyň çatrygydyr. Şäherden Türkmenbaşy-Balkanabat-Aşgabat-Mary-Türkmenabat-Farap (uzynlygy 1100km). Aşgabat-Garagum-Daşoguz (uzanlygy 560km) demir we gara ýollar geçýär. Aşgabat dünýäniň dürli ýurtlaryny howa ýollaryny birleşdirýän halkara aýropordy ýerleşýär. Paýtagtymyz ýolagçylaryň dolanyşygy boýunça ýurta birinji orun tutýar, 2008-nji ýylda bu görkeziji 29.0% deň boldy. Şeýle geografiki taýdan amatly ýagdaý aşgabadyň durmuş-ykdysady merkez hökmünde ösmegine ýardam berýär.

Aşgabadyň keşbi garaşsyzlyk ýyllarynda özgerýär, kaşaň binalar we desgalar peýda bolýar. Prezidentiň köşgi, Ruhyýet köşgi, teatrlar we muzeýler, edaralar we banklar, metjitler, amatly ýaşaýyş jaýlary, seýilgähler we başgalar. Aşgabady owadan ak mermer şähere öwürdi.

Paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň geljegi uly, onuň ýakyn geljekde million iltly şäher bolmagyna garaşylýar. Ol

ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegi mynasyp goşant goşýar. Aşgabat şäheri boýunça 2009-njy ýylda ýurdumyzda ähli öndürilen senagat önümleriniň 3.7%-i öndürildi. Aşgabat şäheri ýurdumyzyň ähli maýa goýumlarynyň 23%-i özünde jemleýär, ulanylmaga berilýän binalaryň arasynda önümçilige degişli bolmadyk görnüşleri agdyklyk edýär (63.2%).

Häzirki döwürde Aşgabatda amatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluyşy, şeýle hem inžener kommunikasiýalaryň durkuny abatlamak we täzelerini gurmak, şeýle hem ýokary woltly miniýalary hem-de durmuş ugurly binalary gurmak dowam edýär.

Paýtagtyň binagärlik toplumynda abadanlaşdyryş we agaç ekmek, gül ýetişdirmek işlerine aýratyn üns berilýär. Aşgabat ýurdymyzyň iň iri aragtnaşyk çatrygydyr. Bu ýerde pele  we radio kommunikasiýalaryň, sanly ýeriň emeli hemrasy bilen aragatnaşyklaryň ýaýlymlary hereket edýär. Aragatnaşyk kärhanalary ykdysadyýetiň pudaklar, şeýle hem ilat üçin durmuşgörnüşli hyzmatlary ýerine ýetirýärler.

Paýtagt şäheri iri söwda merkezidir. Ýurdumyzyň umumy bölek-satuw haryt dolanşygynda Aşgabadyň tutýan paýy 50.3%-dir 2008-nji ýylda Aşgabat şäherinde ilat üçin edilýän tölegleriň hyzmatlaryň 76.2%-si ýerleşdirildi.

Aşgabat şäheriniň durmuş görkezijileri ýokary depginde ösýär. Aşgabatdyň 16 ýokary okuw mekdeplerinde 2008-2009-njy okuw ýylynda 18.9müň adam okaýardy. Aşgabatda iri ylmy – barlag we taslama institutlary işleýär. Şäheriň 93 orta mekdebinde 86.0 müň okuwçy okaýar. Saglyk öýlerinde maşgala lukmanlarynyň sany 449 adam, ýörüte orta bilimli 3302 lukman işleýär. Hassahanalarda näsaglar üçin 4546 ýer bar. Adam başyna düşýän ýaşaýyş jaýynyň möçberi 16.6 kw.m.

Türkmenistanyň paýtagty – medeni we sport merkezidir, bu ýerde 7 tetr 6 muzeý, ýurtda iň iri Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli kitaphanasy işleýär. Sport desgalary, şol sand Olimpiýa stagiony, Olimpiýa sport suw toplumy, Buzly köşk we aýlaw hereket edýär, bu desgalaryň

ählisi sportyň häzirki zamanda bildirilmeýän talaplaryna laýyk gelýär.

<u>*Ahal welaýaty*</u> ýurdumyzyň günortsynda, Köpetdagyň gündogar we merkezi böleklerine ýanaşýan territoriýada ýerleşýär. Ahal welaýaty demirgazykda-Daşoguz demirgazyk-günbatarda Lebap, günbatarda-Balkan, gündogarda-Mary welaýatlary bilen çäkleşýär. Ahal welaýatynyň günortasy döwlet araçägi boýunça etrap, günorta-gündogarynd owganistan bilen çäkleşýär. Welaýatyň tutýan meýdany 97.2müň kw.km. deňdir. Onuň düzümine 9 etrap, 5 şäher, 15 şäherçe we 104 geňeşlik girýar. Etraplar: Ruhabat, Ak bugdaý, Baharly, Gökdepe, Kaka, Babadaýhan, Sarahs, Tejen, Altyn Asyr, Şäherler: Abadan, Tejen, Gökdepe, Baharly, Änew.

Welaýatyň merkezi Änew şäheri.

Ahal welaýatynyň territoriýasy tebigy gaza, nebite baýdyr. Sarahs we Tejen etraplarynda, Merkezi Garagumda tebigy gazyň uly garlary bar. Döwlet we tejen ýurdumyzyň iri gaz ýataklaryna degişlidirler. Şeýle hem welaýatyň çöllük böleginde (Şyh, Torjulba, Toparjulba, Çemmerli, Goýun, Kyrkguýy, Atasary känlerinde) tebigi gazyň uly gorlary ýüze çykaryldy. Welaýatyň ýylaklym Gurlylyaýak, Mydar ýataklarynyň baý gorlary özleşdirilmäge girişildi. Ýurt boýunça göleg-agtaryş geçirilip, barlag edilen umumy gaz gorlarynyň 44%-i Ahal welaýatynyň çägnde ýerleşýär.

Ahal welaýaty gazylyp alynýan peýdaly magdanlardan gurluşyk materiallaryna hem baýdyr. Esasan hem kars çägesiniň toýunyň, hek we çäge dşlarynyň, dolomitiň, çagyl materiallarynyň uly gorlary bar. Olaryň senagat merkezlerine ýakyn ýerleşmegi welaýatda aýna demir – beton, sement önümçiliklerini ýola goýmaga mümkinçlkik döredýär. Kwars çägesiniň, gipsiň, hek daşynyň Baharlyda, dolomitiň keletede we Kaka etrabynda, çagyl daşlarynyň Gowşutda, Kakada, Duşakda, kwars çägesiniň Babadurmazda uly gorlary bar.

Ahal welaýat ýer baýlyklaryna eýedir. Welaýatyň umumy tutýan meýdanynyň 74%-i oba hojalygynda

peýdalanmaga ýaramlydyr, onuň hemmesi diýen ýaly öri meýdanlarydyr. Welaýatyň ekerançylyk ýerleriniň umumy möçberi 544.2müň gektara barabardyr. Tejende özleşdirilmäge ýaramly ýerler günbatar we merkezi Köpetdag eteginiň düzüminde, Täwere düzlüginde 1.2mln gektara ýetýär.

Ahal welaýatynyň çäginde ýurdumyzyň ilatynyň 14.4% ýaşaýar 32.9% şäher we 67.1%-i oba ýerleriniň ilatydyr.

Welaýatyň ykdysadyýeti oba hojalyk – senagat häsiýetlidir. Welaýatyň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde tutýan ornuna onuň welaýatlaryň arasyndaky zähmet bölünişigindäki paýy, şeýle hem Türkmenistan döwletiniň senagat, ylym, bilim we medenýet taýdan ösen paýtagt şäheri Aşgabadyň hem onuň çäginde ýerleşmegi täsir edýär. Ahal welaýatynyň tutýan meýdany (19.8%) ýurdumyz boýunça Balkan welaýatyndan soň ikinji orny eýeleýär.

2008-nji ýylda Ahal welaýatynda ýurt boýunça oba hojalyk önümleriniň 26.2%-i, sanagat önümçiliginiň 19.52%-i öndürldi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda welaýatyň oba hojalygy ilatyň azyk howpsyzlygyny üpjün etmäge öz goşandyny goşdy. Däneli ekinleriň meýdan artdyryldy, ol 255.7müň ga. barabar boldy hem-de jemi 221.6 müň tonna däne hasyly ýygnaldy. Welaýatyň hojalyklarynda 309.9 müň tonna gök we bakja ekinler, 51.2 müň tonna kartoşka 187.1 müň tonna üzüm öndürildi. Etiň 65.9 müň tonnasy, süýdiň 221.7 müň tonnasy, 239.3 mln ýumurtga öndürildi. Munuň özi azyk bolçylygynyň hem döredilmegine alyp barýar.

Gowaça ekilýän ýerleriň möçberleri artdy, häzirki wagtda gowaça ekilýän meýdan 110.7 müň ga. barabar boldy we 192.7müň tonna pagta hasyly alyndy. Ruhabat, Ak bugdaý, Gökdepe, Baharly etraplarynyň hojalyklarynda gowaçanyň meýdany giňeldildi.

Ýurdumyzda öndürilýän dänäniň üçden biri, pagtanyň 16.6% Ahal welaýatynyň hojalyklary ösdürip, ýetişdirýär.

Welaýatda dowardardarçylyk ösdürrmegiň döwrebap mümkinçilikleri ulanýar. Demirgazygyň Garagum, günortasynda Köpetdagyň etegi, dagly ýerler öri meýdanlarydyr. Ýurdumyzyň dowarlarynyň 25.0%-i (4242.1 müň baş sany) Ahal welaýatynyň paýyna düşýär.

Welaýatyň medeni zolaklarynda gara mallar, guşçylyk, gylýalçylykm ýüpekçilik ösdürilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda däne ekilýän meýdanlaryň giňelmegi, ekin dolanyşygy maldarçylygyň ösmegine ot – iým binýadyň pugtalanmagyna alyp bardy.

Welaýatda gara mallaryň sany 276.3 müň boldy, munuň ýurdumyzdaky gara mallaryň 12.6№-dir. Şonuň bilen birlikde soňky on ýylda düýeleriň baş sany 136.7%, gylýallar 122.4%, guşlar 2.7 esse artdy. Mallaryň baş sany boýunça Ak bugdaý, Ruhabat etraplary tapawutlanýar. Döwletiň goldaw bermegi bilen hususy eýeçilik “Guş toplumyny” döredýärler, olar döwrebap tehnologiýalar, önümçilik usullary bilen tapawutlanýarlar. Düýedärçylygy, gylýalçylyga hem üns uly berilýär. Ahal welaýaty ahal-teke atlarynyň watany hökmünde mälimdir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde mälim bolşy ýaly, eýeçiligiň dürli görnüşleri bilen hususy eýeçilik hem hereket edýär. Oba hojalygynyň pudagynda olar has giň ulanylýar. Muny Ahal welaýatynyň mysalynda hem görmek bolýar, welaýatda oba hojalygynyň jemi önüminiň 75.6%-i hususy hojalyklarda öndürilýär.

Welaýatyň senagaty gaz, elektroenergetika, himiýa gurluşyk materiallary, ýeňil we azyk senagaty pudaklardan ybaratdyr. Etraplar boýunça senagat önümçiliginiň gerimi tapawutlanýar. Öndürilýän senagat önümleriniň 73%-i Sarahs etrabynyň paýyna düşýär. 2010-njy ýylyň başynda Döwletabat-Sarahs-Hangeran, ýagny Türkmenistan-Eýran gazgeçirijisi ulanylmaga berildi. Ruhabat, Baharly etraplarynda köp ugurly senagat önümçiligi ösýä, olaryň welaýat möçberindäki paýy degişlilikde 6.0% we 5.2% - e barabardyr. Sarahs etrabynda

82.5 müň tonna gaz kondensaty we 25.2 mlrd kubametr tebigy gaz öndürildi (2008ý.). Baharly etrabynda 1025.6 müň tonna sement, Ruhabatda asbestli-sementli listrler 22.2şertli mln plita, asbestli sementden turbalar 25km şertli turba 1452.2 mln kWtc elektrik energiýa we beýleki önümler öndürildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyz, şol sanda her bir welaýat, şäherdir oba, gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. 2008-nji ýylda dürli maksatly gurluşyklar üçin ýurt boýunça umumy maýanyň 6.3%-i gönükdirildi, olaryň arasynda önümçilik maksatly binalar agdyklyk edýär (67.2%). Ýurdumyzda öndürilýän ähli sement, gurnamalarynyň we önümleriniň 31%-i magdan däl gurluşyk materiallary senagatynyň ykdysady babatdaky ähmiýetini has-da ulaldýar. Welaýatyň çäginde 24 sany kärhana gurluşyk materiallarynyň senagatyna degişlidir. Olaryň arasynda sement, turba, mermer, metallurgiýa, şifir, kerpiç we beýleki zawodlara bellemek bolar.

Himiýa senagaty Tejeniň karbamid zawodyny we Ýaşlyk şäherçesindäkki kagyz kombinatyny özüne birleşdirýärler. Öndürilýän önümler ýerli çig mala esaslanýar. 2008-nji ýylda 154.2 müň tonna dökün öndürildi. Kagyz kombinatynyň ortaça ýyllyk kuwwaty 30 müň tonna ýokary hilli kagyzy çykarmaga uçyplydyr.

Ýeňil senagat boýunça 21 kärhana işleýär. 2008-nji ýylda 50.7 müň tonna pagta süými, 39.8 müň tonna nah ýüplük, 60.1 kw metr nah matalar 4837 tonna örülen matalar, 5034 müň sany örülen önümler öndürildi. Bu pudak hem ýerli çig mala esaslanýar, dünýä standartlaryna laýyk gelýän önümler öndürilýär, olara ösen ýurtlar tarapyndan uly isleg bildirilýär.

Azyk senagatynda 23 kärhana işleýär. Azyk önümleriniň zerur görnüşleriniň ählisi ýerinde öndürilýär. Ýurdumyzda azyk howpsyzlygyny pugtalandyryp, azyk bolçulygyna tarap ugur alyndy. Bu işde azyk senagatynyň döwrebap kärhanalary uly goşant goşýarlar. 2008-nji ýylda 2.5müň tonna et, 150 tonna mesge, 16müň tonna süýt önümleri, 82.5müň tonna un, 146.2 müň tonna çörek we çörek önümleri öndürildi.

Welaýatyň ulaglar ulgamy awtomobil, demirýol we turbageçiriji görnüşlerde hereket edýär. 2008-nji ýylda olaryň paýyna umumy ýük dolanyşygynyň 10.1%-i, ýolagçy daşamagyň 9.6%-i düşýär. Bölek-satuw haryt dolanşygynyň umumy möçberiniň 10.4%-i Ahal welaýatynyň paýyna düşýär. Şu görkeziji boýunça welaýatlaryň arasynda dördünji orun tutýar.

2008-2009-njy okuw ýylynda Ahal welaýatynyň 240 orta mekdebinde 153.2müň okuwçy okaýardy. Maşgala lukmançylyklaryň sany 389 adama, ýörite orta bilimli lukmanlaryň sany 2320 dama barabar. Adam başyna düşýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdany 16.9kw.m.

Welaýatda tebigy agaldyş resurslar hem bar, dynç alyş we saglygy dikeldiş zolaklar (Arçman, Gökdepe, Ýyly suw) bar.

Welaýatyň çäginde dürli gadymy ekinçiligiň taryhy ýadygärliklerine (Nusaý we Seljuklar) syýahatçylyk marşrutlary hereket edýär (Nusaý, Sarahs, Altyn depe).

*Balkan welaýaty* Türkmenistanyň günbatarynda ýerleşýär, tutýan meýdany boýunça iň uly welaýatdyr. Ol demirgazykda Gazagystan, Garagalpagystan, demirgazyk-gündogarda Daşoguz welaýaty, gündogarda Ahal welaýaty we günortada Eýran, günbatarda Hazar deňzi bilen araçäkleşýär. Meýdany 139.3müň kw.km bolup, Türkmenistanyň territoriýasynyň 28.3% tutýar. Welaýat merkezi-Balkanabat şäheri. Sebitiň düzümine 6 etrap (Türkmenbaşy, Bereket, Serdar, Magtymguly, Etrek, Esenguly) 7 şäher (Balkanabat, Türkmenbaşy, Hazar, Gumdag, Serdar, Bereket, Garabogaz). 16 şäherçe, 40 geňeşlik girýär.

Balkan welaýaty gazylyp alynýan magdanlara baýdyr. Günbatar Köpetdagda az möçberde gurşun, sink, mis, simap, Uly Balkanda demiriň gatlaklary gabat gelýär. Mineral himiki çig mallardan barit, fosforit, ýag-barly suwlar, nahar duzy, mirabilit, natriý sulfat, bişofit, epsomit, glauber duzy, gurlyşyk

materiallary, bentonit, daş kömür, mineral düzümli läbikler we suwlar bar.

Ýurdumyzyň nebit we ugurdaş çykýan tebigy gaz gorlarynyň esasy bölegi Günbatar Türkmenistanda Hazaryň kenarýaka sebitinde we deňziň ýalpaklarynda jemlenendir. Welaýatda tebigy gaz we nebit bilen ugurdaş çykýan gazlaryň uly gorlary bar.

Balkan welaýaty tutýan meýdan boýunça beýleki welaýatlardan tapawutlansa-da ilatyň sany azdyr, welaýatyň çäginde Türkmenistanyň ilatynyň 7.9%-i ýaşaýar. 2008-nji ýylda ähli ilatyň 79%-i şäherlerde we şäherçelerde, galany obalarda ýaşaýar. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň arasynda şäherleşen welaýatdyr. Onuň esasy sebäbi welaýatyň çäginde ýerüsti hemişelik suw akarlaryň (derýalaryň, çeşmeleriň) ýoklygydyr. Soňky ýyllarda Garagum derýasynyň gelmegi bilen Serdar we Bereket etraplarynda täze ýerler açylyp, oba hojalygynda özgerişler bolup geçýär. Welaýatyň ilatynyň esasy bölegi senagat pudaklarynda işleýär.

Balkan welaýaty ýurdumyzyň senagat taýdan ösen sebitleriniň biridir. Onuň ykdysadyýetiniň düzüminde nebit we gaz, himiýa, nebithimiýa, gurluşyk materiallary senagat pudaklary oba hojalyk, balykçylyk pudaklary girýar.

Welaýat maýalary özleşdirmek boýunça öňde barýar, onuň ykdysadyýetini ösdürmäge ýurt boýunça ähli maýa goýumlarynyň 35.7%-i gönükdirildi. Bu serişdeler nebit we gaz ýataklaryny abadanlaşdyrmaga, gysyjy stansiýalary gurmaga, şeýle hem oba hojalygyny, ulag ulgamyny we ýaşaýyş jaý gurluşygyny ösdürmek üçin ulanylýar. Senagat pudagy nebitiň we gazyň, himiýa çig malyna esaslanyp barha ösýär. Welaýat ýurdumyzda senagat önümleriniň 33.3%-öndürýär we bu görkeziji boýunça welaýatlaryň arasynda birinji ýeri eýeleýär.

Welaýatyň çäginde çykarylýan nebitiň 90.5%-i tebigy gazyň 14%-i balyk we beýleki deňiz önümleriniň 94%-i haly we haly önümleriniň 20%-i elektrik energiýanyň 20.1%-i

öndürilýär. Senagat pudagynda nebit we gaz toplumy esasy orun tutýar. Welaýatda 2008-nji ýylda 9.6mln tonna nebit, 12.3mlrd kub metr tebigy gaz 1.8mln tonna benzin, 2.0mln tonna dizel ýangyjy we beýleki önümler öndürildi.

Maşyngurluşygy we metal işläp bejerýän senagat pudagy Gyzylsuwdaky, Türkmenbaşydaky gämi abatlaýyş Balkanabadyň nebit enjamlaryny abatlaýan zawodlardan ybaratdyr. Şäherlerde we etrap merkezlerde dürli maşynlary abatlan kärhanalar işleýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodyň durky gaýtadan, bu ýer-de zawodlar toplumy emele geldi. Nebit önümleriniň hilini ýokarlandyrmak, olaryň görnüşlerini köpeltmek, nebiti gaýtadan işläp taýýarlamagyň çuňlygyny artdyrmak maksady bilen zawod iň täze enjamlar bilen üpjün edildi. Zawodda ekologiki taýdan arassa benziniň görnüşleri çalgy ýaglary, polipropilan öndürilýär, umumy öndürilýän önümleriň görnüşleri 40-a golaýlady. Tebigy gazdan kir ýuwujy serişdeler çykarylýar.

1998-nji ýylda Eýrany hyzmatdaşlar bilen bilelikde uzynlygy 135km Körpeçe (Türkmenistan)- Gurtguýy (Eýran) gazgeçirijisi guruldy, onuň kuwwaty ýylda 8-10mlrd kub metr gazy akdyrmaga ukyplydyr. Bu gaz geçiriji boýunça Eýranyň demirgazyk etraplaryna ýangyç berilýär.

Welaýatyň çägindäki nebitli-gazly ýataklar diňe ýurt derejesinde däl, bütin dünýä boýunça ähmiýetlidir. Hazarýaka ýa-da Hazar üsti boýunça türkmen gazyny dünýä bazaryna çykarmak baradaky taslamalar uly gyzyklanma döredýär.

Energetika pudagy nebit-gaz senagatyna esaslanýar. 2008-nji ýylda 2525.6mln kWt elektrik energiýasy öndürildi. Balkanabatda we awazasa her biriniň kuwwaty 254 megawatt bolan häzirki zaman elektrik stansiýasy 2010-njy ýylda işe girizldi. Olardan başga gaz bilen işleýän Balkanabat DES-i mazut bilen işleýän Türkmenbaşy ÝES-i nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ugurdaş gaz bilen işleýän elektrik stansiýalary, Günorta Gamyşlyjyda gurlan gaz trubinaly

elektrostansiýa bar. Balkanabadyň energetika ulgamy döwletiň ýeke-täk energetika ulgamyna birleşdirildi, onuň üsti bilen Eýrana, Türkiýä elektrik energiýasy iberilýär.

Himiýa senagaty Hazar şäherindäki tehniki uglerod zawody, şeýle hem Balkanabatda, Monjuklyda we Hazarda ýod-brom zawodlary, natriý sulfatyny öndürýän, “Garabogazsulfat” nahar duzyny çykarýan zawody özüne birleşdirýär. 2008-nji ýylda welaýatda 9.4müň tonna natriý sulfaty 203müň tpnna duz çykaryldy, 468.21 tonna tehniki ýod öndürildi.

Balkan welaýatynyň Serdar şäherinde pagta arassalaýjy zawod, ýüplük fabrigi, Balkanabatda jorap trikotaj fabrigi, Magtymguly etrabynda tikin we aýakgap fabrikleri ýeňil senagat pudagyny emele getirýärler. 2008-nji ýylda welaýatda 3.4müň tonna ňagta süýümi, 2098müň jübüt jorap önümleri öndürildi.

Welaýatda maldarçylyk pudagyna esaslanýan azyk senagaty işleýär, ol özüne et kombinantlaryny, süýt zawodlaryny, ýag zawodyny birleşdirýär. Etrek şäherçesinde zeýtun ýagy, Türkmenbaşy şäherinde balyk – konserwa zawodlary işleýär. 2008-nji ýylda 56müň tonna et we onuň önümleri, 0.4müň tonna süýt önümleri, 24 tonna syr we tworog, 2.2mln şertli banka balyk konserwi, 20müň tonna un we başga azyk önümleri öndürildi.

Welaýatda oba hojalyk pudagy ekerançylyk, maldarçylyk, subtropiki ekinleri ösdürmek bilen meşgullanýarlar. Balkan welaýatynda, 2008-nji ýylda, 60.0müň tonna däne, 7.8 müň tonna pagta, 30.0 müň gök-bakja, 6.6müň tonna üzüm hasyly ýygnaldy. Welaýatda gök ekinler esasan Bereket, Serdar, Magtymguly we Etrek etraplarynda ösdürilip ýetişdirilýär. Bu etraplarda suwarymly ekarançylyk bilen ugurdaş maldarçylyk hem ösdürilýär.

Welaýatda maldarçylyk bilen ähli etraplar meşgullanýar. 2008-njy ýylda gara mallaryň sany 40.8müň, dowarlaryň sany 2.7mln, düýeleriň sany 41müň sany boldy.

Balkan welaýatynda ykdysadyýetiň ösmegi üçin amatly ulag we aragatnaşyk ulgamy hereket edýär. Şäherler demir we gara ýolyň ugrunda ýerleşýär. Etrap merkezlerine we obalara gara ýollar çekilýär. Welaýat ulag babatda geografiýa taýdan amatly ýerde ýerleşýär. Welaýatyň çäginde “Demirgazyk-Günorta” halkara demir ýol geçelgesi gurulýar. Häzirki wagtda demir ýol geçelgesi güýçli depginde alnyp barylýar, ýakyn wagtda Russiýanyň-Gazagystanyň – Türkmenistanyň – Eýranyň demir ýollaryny birikdirer we Pars aýlagyna hem-de Hindi okeanyn gatnaw etmäge mümkinçilik dörär. Türkmenistan Balkan welaýatynyň üsti bilen daşary bazara nebit we nebitönümleri, tehniki uglerody, tehniki ýody, çagyly, sementi, duzy çykarýar. Nebitiň we nebitönümleriniň turba geçiriji ulag boýunça akdyrylýan möçberi barha artýar. Türkmenistan Russiýa we Gazagystan bilen Hazarýaka gazgeçirihisiniň durkuny abatlamak we onuň gapdaly bilen täzesini gurmak barada ylalaşyk baglaşdy. Şu taslamanyň durmuşa geçirilmegi welaýatyň nebit gaz çig malynyň çykarylyşyny üç esse köpeltmäge mümkinçilik berer. Häzirki döwürde Türkmenistan özüniň energiýa resurslaryny Halkara bazaryna çykarmagyň başga ugurlaryny hem öwrenýär. Hazar deňzinde iki sany gämi her haýsy 7 müň tonna ýük daşamak bilen halkara sowdasyna itergi berýär.

Şeýlelik bilen, welaýat ulaglaryň ähli görnüşleri bilen ustaşyr ýükleri daşamak boýunça mümkinçilikleri uly 2008-nji ýylda ýurt boýunça ýük dolanyşygynda welaýatyň paýyna 12.5% düşýär, ýolagçy daolanşygy boýunça 14.2%. Aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberi boýunça welaýat ýurtda üçünji orna eýedir. Ýurdumyzyň umumy bölek-satuw harytdlanşygynda welaýat 6.6% tutýar.

Türkmenbaşy şäheri-ýurdumyzyň deňiz derwezesidir. Ol ýurdumyzyň daşary ykdysady aragatnaşyklarynda ýükleriň ustaşyr geçirilýän ýeridir. Bu şäher dünýäniň ösen ýurtlarynda uly gyzyklanma döredýär, çünki ol Ýewropanyň we Aziýanyň

döwletlerini birleşdirýän netijeli we geljegi uly möhüm halkara ulag geçelgesi hökmünde garalýar.

Mundan buýana hem deňizde ýük daşalmagyň möçberini artdyrmak üçin, deňiz duralgasynyň durky abatlanýar, täzeleri gurulýar. Hazar deňziniň Gyýanly şäherçesinde suwuklandyrylan gazy saklaýan terminal ulanmaga berildi. Welaýatda tebigy resurslaryň we ýakymly howa şertleriniň bolmagy halkara syýahatçylygy ösdürmäge ýagdaýda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň ýokary we çalt depginlerde gurulmagy howa ulagynyň ähmiýetini ulaldýar. Şu maksat bilen geçirijilik ukyby sagatda 800 ýolagçy barabar,bir wagtyň özünde 7 reýsi kabul edip bilýän, umumy meýdany 80 gektara golaý Türkmenbaşy şäherinde täze halkara howa menzili ulanmaga berildi. Dünýä standartlary boýunça gurulan bu halkara howa menzili bilen gatnaşyk etmäge ýol açar.

Balkan welaýatynda 2008-2009-njy okuw ýylynda 71.6müň okuwçy 145 orta mekdeplerde okady. Maşgala lukmanlarynyň sany 268 adam, ýörüte orta bilimli lukman işgärleri 2014adam, hassahanalarda ýerleriň sany 2414 birlige barabardyr. Adam başyna duşýän ýaşaýyş jaýynyň umumy möçberi 15.2 kw.m.

Welaýatyň şäherlerinde we etraplarynda medenýet edaralarynyň, sport desgalaryň uly toplumy hereket edýär.

Balkan welaýatynda “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş ýaşaýyş şertleni özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy” boýunça Esenguly etrabynda durmuş ykdysady desgalaryň birinji nobaty işe girizildi. Maksatnama ýurdumyzyň ähli ýerlerinde döwrebap durmuş – ykdysady infrasturukturanyň dünýä standartlaryna laýyk döretmegini nazarda tutýar.

Esenguly şäherde täze ýaşaýyş jaýlary, kompýuter otaglary bolan mekdep, söwda merkezi, edara binalary, haly fabrigi, öýjükli aragatnaşyk ulgamy, medeniýet merkezi we beýleki desgalar bir ýarym ýylda guruldy. Deňiz ýakasynyň

ýaşaýjylarynyň gadymdan gelýän balykçylyk hojalygy döwrebap mazmuna eýe boldy. Balykçylyk hojalygy döwrebap enjamlar, täze motorly gaýyklar bilen üpjün edildi, balyk önümlerini gaýtadan işlemek we balyk köpeltmek boýunça kuwwatly toplum gurulýar.

Etrabyň suw üpjünçiligi oňatlaşdy, kuwwatlygy gije-gündizde 5müň kub metr deňiz suwuny süýjediji ýenede bir desga guruldy. Binalaryň, desgalaryň gurluşygy dowam edýär.

*Daşoguz welaýaty* ýurdumyzyň demirgazygynda, Amyderýanyň gadymy derýasynyň tekiz düzlüginde ýerleşýär. Ol demirgazykda Garagalpagystan, gündogarda Özbegistan, günbatarda Balkan, gündogarda Ahal, günorta-gündogarda Lebap welaýatlary bilen araçäkleşýär. Welaýatyň meýdany 73.4müň kw.km-e. deň bolup, ýurdumyzyň territoriýasynyň 15.2%-i tutýar. Welaýatyň düzüminde 2 şäher – Daşoguz, Könürgenç 9 etrap, 8 şäherçe, 140 geňeşlik we 653 oba ilaty ýerleri bar. Welaýatyň dolandyryş merkezi Daşoguz şäheridir.

Welaýatyň territoriýasynda mermer we granit Gubadagda, gips, hek we çäge daşy-üstýurtlary bar. Alebastryň we gipsiň deregine ulanylýan gipsli toýunlar, kerpiç we keramika önümleri taýýarlamak üçin toýunlar şeýle hem nahar duzunyň gorlary bar. Soňky ýyllarda geologiki gözleg işleri netijesinde welaýatyň Sarygamyş kölüniň töwereginde we Üňüz aňyrsy Garagulda (Tärimgala, Çalçulba, Böwrideşik, Ojak) tebigy gazyň uly gorlary tapyldy.

Daşoguz welaýatynda ýurdumyzyň ilatynyň 21.7%-i ýaşaýar, ilatyň 66.8%-i oba ýerlerinde ýaşaýar. Welaýatda oba hojalyk önümçiligi şonuň bilen birlikde oba hojalyk önümlerini senagat taýdan işleýän pudak hem ösendir.

Ýurdumyzda öndürilýän umumy senagat önüminiň 4.0%-i welaýatyň paýyna düşýär. 2008-nji ýylda 1471.1mln kwt sek elektrik energiýasy, 72.4müň tonna pagta süýümi, 3.7müň tonna et, 101.7müň tonna un we başga önümler öndürildi. Welaýatda ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýanyň 9.4%-

i pagta süýmüniň 24.3%-i jorap önümleriniň 27.5%-i mesgäniň 20%-i, çörek önümleriniň 23.5%-i öndürilýär.

Senagatyň düzüminde ýeňil we azyk pudaklary esasy orun tutýar, welaýatda umumy senagat önüminiň 43.9%-i ýeňil, 52%-i azyk senagatynyň paýyna düşýär. Etrap merkezleriniň 6-synda pagtany gaýtadan işleýän zawodlar, nah ýüplügini öndürýän iki sany dokma kombinatlary işleýän Geljekde etraplaryň her birinde dokma kärhanalary gurlar.

Azyk senagat üçin welaýatda ýeterlik mukdarda çig mal yaýýarlanylýar. Onuň esasy kärhanalary Daşoguz şäherindäki ýag-ekspeller zawody, konditer fabrigi, tomat-konserwa zawody, Daşoguz we Könürgenç şäherlerindäki, un degirmen toplumlarydyr. Olarda başga-da 100-den gowrak kärhanalar işleýär.

2007-nji ýylda Daşoguz şäherinde her biriniň kuwwatlygy 127.1MBts bolan iki sany gaz trubinaly elektrik stansiýalar işleýär. Olar welaýatyň şäherleriniň we obalarynyň, önümçilik pudaklarynyň elektrik energiýasy bilen üpjünçiligini gowulandyrdy.

Welaýatda çagyl, toýun we beýleki gurluşyk materiallaryny çykarýan 3 sany kärhana, daşoguz şäherinde ýaşaýyş jaý gurluşygy we demir beton önümleri kombinatlary işleýär, kerpiç zawodlaryň 14-si bar.

2008-nji ýylda gurluşyk üçin beton gurnawlarynyň ýygnalan böleklerini15.8mln kbmetr möçberi, 36.6mln sany şertli gurluşyk kerpiçi öndürildi. Daşoguz welaýat ýurdumyzda öndürilýän dänäniň 24.2%-ni pagtanyň 34.5%-ni, etiň 42.3%-ni, süýdüň 37.4%-ni öndürýär. Oba hojalygy dänä, pagta, gök-bakja ekinlere, gara mallara we dowardarçylyga ýöriteleşýär. Daşoguz welaýatynda oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany 363.7 müň gektara barabardyr. Onuň 186.2müň gektaryny däneli, 205.8müň gektary gowaça ekinleri tutýar. 2008-nji ýylda 207.3müň tonna däne, 205.7müň tonna hasylyny ýygnaldy.

Welaýatda gök-bakja ekinlerine uly ähmiýet berilýär. 2008-nji ýylda 74.3müň tonna bakja we 118.5 gök önümleri, şeýle hem 67.6müň tonna kartoşka, 53.9 müň tonna miwe iriýmişler öndürildi. Oba hojalyk önümleriniň 95%-i hususy hojalyklarda öndürilýär. Şasenem düzlüginde döredilen Ruhybelent etraby täze ýerleri özleşdirýär we oba hojalygynyň ösmegine ýardam berýär, 2008-nji ýylda Ruhybelent etrabynyň 4098 tonna bugdaý we 3479 tonna pagta hasyly ýetişdirildi.

Ruhubelent etrabynyň merkezi bir ýyldan gowrak wagtyň peýda boldy. Tarp ýerde ösen infrastrukturaly abadanlaşdyrylan häzirki zaman şäheri bina edildi. Onuň gurluşygyna diňe şol ýylda 1 mlrd dollara barabar maýa goýuldy, gysga möhletde dürli maksatly desgalaryň 40-dan gowragy guruldy. Ruhybelent ösen oba hojalyk – senagat pudaklary bolan adamlaryň öndürijiligi zähmet çekmegi we abadan durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertler döredilen täze türkmen obasydyr. Onuň gurulmagy ilatyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagy we azyk bolçylygyny ýurdumyzda, döretmäge goşant goşmaga mümkinçilik döredýär.

Ruhybelentde dolandyryş edara jaýlary, medenýet öýi, lukmançylyk toplumy, orta mekdep, çagalar bagy, iki gatly, iki öýli kottej jaýlaryň 24-si aragatnaşyk kärhanasy, söwda merkezi we başga binalar, desgalar bar.

Daşoguz welaýatynyň ähli etraplarynyň durky täzelenýär, döwrebaplaşýar.

Welaýatda ekerançylyk bilen bir hatarda maldarçylyk pudagy hem ösýär. 2008-nji ýylda welaýatyň hojalyklarynda gara mallaryň 905.1 müň sany dowarlar 2.8mln, düýeler 14.2 müň, guşlar 3.4mln sany boldy. Mallaryň baş sany Akdepe, Köneürgenç, Görogly etraplary tapawutlanýarlar, maldarçylyk önümleriniň ählisi diýen ýaly hususy hojalyklarda öndürilýär.

2008-nji ýylda welaýatyň ykdysadyýetini ösdürmäge umumy maýa goýumlaryň 3.8%-i gönükdirildi, olaryň 73.9%-i önümçilik maksatly binalary gurmaga goýuldy. Welaýatda ykdysady ösüşi çaltlandyrmak üçin mümkinçilikler bar.

Ýurdumyzy ulag ulgamy bilen üpjün etmekde welaýat möhüm ähmiýete eýedir, ýagny Türkmenistana daşarky bazara çykmaga ýol berýär. Welaýatda içerki awtomobil ýollarynyň ýaýlymy hereket edýär, ulag ulgamynda uzynlygy boýunça turbageçirijiler birinji orun tutýar. Gara ýollar arkaly ýurdumyzyň welaýatlary bilen ykdysady gatnaşyklar alnyp barylýar we daşaryky bazara (Gazagystan), Özbegistan, Russiýa we Ýewropa ýurtlary) çykmaga ýol açylýar. Welaýatyň çäginden Russiýa we Özbegistan magistral gazgeçirijiler geçýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabat-Garagum-Daşoguz, uzynlygy 560km, demir we gara ýollar ulanmaga berildi. 2008-nji ýylyň maglumatlary boýunça turba geçiriji ulaga ýurdumyz boýunça ýük dolanyşykda 53.5% paý düşýär. Ýurdumyzda ýolagçy dolanyşygy boýunça welaýat 14.9% düşýär. Sarp ediş bazaryna ösdürmekde ösüş gazanyldy. Ýurdumyzyň umumy haryt dolanyşygynyň 9%-i welaýata degişlidir.

2008-2009-njy okuw ýylynda Daşoguz welaýatynda 508 orta mekdep işleýär, olardaky okuwçylaryň sany 222.3 müň adam. Maşgala lukmanlarynyň sany 432, ýörite orta bilimli işgärler 3419. Bir adamynyň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçilik derejesi 22.0 kw.m.

## Jemleme

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” giň göwrümli we çuň mazmunly makalasy ýurdumyzyň ösüşiniň nazary esaslaryny beýany edýär. Makala diňe ýurdumyzda ýa-da sebitde däl, bütin dünýäde uly gyzyklanma bilen garşy alyndy. Owganystanda we Azerbaýjanda, Russiýada we ABŞ-da, hem-de başga-da daşary ýurtlaryň ençemesiniň habar beriş serişdeleri bu makalany çap edip, oňa örän ähmiýetli neşir hökmünde baha berýärler. Dünýä derwaýyslygy boýunça

tapawutlanýan makalada ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan häzirki we geljekde döwürde ösüşiniň ideýasynyň düýp mazmuny açylyp görkezilýär. Şeýle ideýalar ýurdumyzyň gülläp ösmegini we ilatyň mertebeli durmuşda ýaşamagyny nazarda tutýan beýik we asylly maksatlar bilen aýrylmaz baglydyr, olar hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen "Döwlet adam üçindir" diýen ýurt derejesindäki ýörelgede jemlenýär.

Ylmy taýdan çuňňur esaslandyrylan makala özüniň amaly ähmiýeti bilen hem tapawutlanýar. Çünki bu ajaýyp eser şu ýylyň 14-nji maýynda ýurdumyzyň Ýaşulylar maslahatynda kabul edilen "Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň" binýadyny düzýär.

Täze döwlet resminamasyny – Milli maksatnamany – durmuşa ornaşdyrmaga ähli mümkinçilikler bar. Ýurdumyz tebigy resurslara baý hem-de geostrategiki babatda Aziýa we Ýewropa kontinentleriniň çatrygynda amatly ýerde ýerleşýär. Şeýle hem, mälim bolşy ýaly, Türkmenistan tebigy baýlyklaryny diňe özüniň däl, ähli ýurtlaryň bähbitlerini nazarda tutup, ulanmaga elmydama taýýardyr.

Şeýle hem, Türkmenistanyň garaşsyzlyk ýyllarynda tutulan binýadyň esasynda täze Galkynyşyň zamanasynda uly sepgitlere ýetendigi mälimdir. Mysal üçin, üstümizdäki 2010-njy ýylda hem ençeme ýyllar üçin häsiýetli ykdysadyýetiň durnukly ösüşi dowam edýär, JIÖ-ň ösüşi, geçen ýyla garaňda, 106,3% derejede bolar, şonuň bilen birlikde adam başyna düşýän JIÖ-ň möçberi 15,1 müň dollara ýeter, munuň özi hakykatdan hem ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artýandygyna, ilatyň durmuş-ykdysady derejesiniň ösen ýurtlaryňka has-da ýakynlaşýandygyna şaýatlyk edýär.

Ykdysadyýetde diwersifikasiýa we döwrebaplaşmak önümçilik pudaklarynyň durnukly ösmegine şert döretdi. Ileri tutulýan nebitgaz toplumynda XXI asyryň taslamasy adyny alan "Türkmenistan-Hytaý", Döwletabat – Sarahs

(Türkmenistan)-Hangeran (Eýran) gazgeçirijileriň işe girizilmegi, Amyderýanyň sag kenarynda, Günorta Ýolöten-Osman ýatagynda we Hazaryň deňiz ýalpagyny özleşdirmek boýunça uly möçberli işler başlandy.

Täze Galkynyşyň zamanasynda täze pudaklar, kärhanalar we edaralar döredi. Paýtagtymyz Aşgabatda, Balkanda, Ahalda, Daşoguzda täze dünýä derejesinde iň täze enjamlar, tehnologiýa bilen üpjün edilen gazturbinaly elektrik stansiýalar toplumy ulanmaga berildi. Ýurdumyzda elektrik stansiýalar pudagy emele gelýär, olar ýokary depginde ösýärler we ýurt boýunça ýaýbaňlandyrylýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetine uly möçberli maýalar goýulýar. 2009-njy ýylda ykdysadyýete 22,1 mlrd manat maýa goýuldy, munuň özi öňki ýyla garaňda 2 esse artykdyr. Şu ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda özleşdirilen maýa goýumlaryň möçberi degişli geçen döwür bilen deňeşdirilende 152,9% ýokarlandy, umumy maýanyň möçberiniň 28%-i daşary ýurtly maýadarlara degişlidir. Şeýle ýagdaý hormatly Prezidentimiziň maýa goýum syýasatynyň ýokary derejede işjeň häsiýete eýedigini görkezilýär.

Bu bolsa öz nobatynda gurluşyk toplumynyň tutuş ýurt boýunça güýçli depginde ösmegine ýardam berýär, jemi goşulan bahanyň gymmaty şu toplumda 2.9 esse artdy. Döwletmiziň maýa goýum syýasaty diwersifikasiýa bilen netijeli utgaşdyrylýar, netijede gurluşyk industriýasynyň kuwwatlygy artýar, binýady pugtalanýar. Ýagny sement, karbamid, kaolin, metallurgiýa ýaly täze kärhanalar ulanyşa girilýär. Täze pudagyň döremegine getirýän dag-magdan kärhanalar toplumy bina edilýär.

Gurluşyk işleri hem beýleki pudaklar ýaly maksatlaýyn we tapgyrlaýyn ýerine ýetirilýär. Oba etraplarynyň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-njy ýyla çenli Milli Maksatnama durmuşa geçirilýär oňa goýulýan maýanyň möçberi 14.5 mlrd manada barabardyr. Esenguly, Ruhubelent, Döwletli, Altyn sähra ýaly etraplar merkezleri iki

ýylyň içinde işe girizildi, olarda gurulan ähli binalar we desgalar dünýä standartlaryna laýyk gelýär, durmuşyň talap bildirilýän inžener infrastrukturalaryň ählisi gurlup, hyzmat edilýärler. Obalar, şäherçeler bilen birlikde etrap we welaýat merkezleri hem döwrebap özgerýär: amatlygy ýokary ýaşaýyş jaýlar, çagalar baglary hem mekdepler, “Ene mähri” saglyk merkezi, saglyk öýleri, hassahanalar, ýokary okuw mekdepler, kitaphanalar, ülkäni öwreniş müzeýleri, medenýät öýleri, aýlawlar, stadionlar, saglyk ýodalar we başgalar guruldy. Bu ynsnaperwer ajaýyp işler mundan buýana hem dowam edýär.

Ýurdumyzda ulag we aragatnaşygyň ähli pudaklar bilen sazlaşykly işlemegi ýola goýulýar, çünki olara ykdysadyýetiň “gan damarlary” diýen at ýöne ýerden berilmeýär. Awtomobil, demir, howa we deňiz ýollar çekilýär, olara ugurdaş degişli döwrebap menziller peýda bolýar. Olar täze ugurlar boýunça ýolagçy gatnawyny we ýük daşamagy ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, ýurdumyzyň her künjegine alyp barýan awtomobil ýollaryň uzynlygy ýurt boýunça 1.7 müň km-e barabar boldy. Ýurdumyzyň turba geçiriji ulag ösýär. Mälim bolşy ýaly, nebit-gaz ýurdumyzyň Balkan, Ahal, Mary we Lebap welaýatlarynda çykarylýar. Olary daşamak awto, demir we deňiz ýollaryň ulaglary bilen birlikde turba geçirijiler arkaly hem amala aşyrylýar. Turbageçirijiler obalary we şäherleri doly gazlaşdyrmak üçin hem ulanylýar, olaryň uzynlygy 60 müň km barabardyr. Olardan hem başga hereket edýän halkara gazgeçirijini hem nazarda tutmak gerek, munuň özi täze turbageçiriji ulag pudagynyň döreýändigini subut edýär.

Umumy JIÖ-nde önümçilik pudaklarynyň tutýan paý 72 göterimdir. Şonuň bilen birlikde durmuş ulgamyna hem möhüm üns berilýär. Düýpli özgermeleri, ilkinji nobatda ylymly – bilimli, medenýetli we sagdyn, hünärli işgärleri, ýagny adam faktorynyň hil taýdan ýokary derejesini talap edýär. Şu maksat bilen ýurdumyzda bilim ulgamy ileri tutulýar.

Ulgamyň maddy-tehniki binýady bilen birlikde okuwlar dünýä standartlaryna laýyk getirildi, täze orta, ýokary okuw mekdepler açylýar. Şeýle hem ylym ulgamy özgerýär, ylmy işgärleri taýýarlamak üçin ýokary mekdeplerde, täzeden dikeldilen Türkmenistanyň ylymlar akademiýasynda, beýleki ylmy-barlag institutlarynda aspiranturalar, dokturanturalar açyldy, dalaşgärlik esasda alymlar taýýarlanylýar. Durmuş, şol sanda, saglygy goramak, medenýet, ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek, ýaly meseleler şäher we oba ýerlerinde üstünlikli çözülýär. Adamlaryň intellektual taýdan ösmegine ähli şertler döredildi.

Ýurdumyzda ägirt uly ykdysady kuwwatlyk halkyň ruhy taýdan ösüşi bilen utgaşykly emele gelýär. Ruhy baýlyk türkmeniň taryhy milli gymmatlyklarynyň döwrebap ösmegi netijesinde toplanýar. Ykdysady we ruhy baýlygy özünde jemleýän “Döwlet adam üçindir” ýörelge sazlaşdyryjy mehanizm, ýagny hereketlendiriji güýç hökmünde çykyş edýär.

Ýurdumyzda hususy eýeçilik ösdürilýär. JIÖ-ň 70 göterim bölegini 2020-nji ýyla çenli (ýangyç – energetika pudagy hasaba almanyňda) döwlete degişli bolmadyk ulgam öndürer. Orta we kiçi telekeçilik döwlet tarapyndan goldanylýar, olara esasy serişdeleri satyn almak üçin 10 ýyl, dolanyşyk serişdeler üçin bir ýyl möhlet bilen ýeňillikli döwlet karzlary berilýär

Milli ykdysadyýet dünýäde bolup geçýän maliýe-ykdysady çökgünlige durnukly boldy, ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär, ilatyň ýaşaýyş – durmuş derejesi gowulanýar. Maliýe ulgamda pul-karz gatnaşyklary düzgünleşdirilýär we makroykdysady deňagramlylygy saklamaga netijeli çäreler durmuşa geçirilýär. Milli pul birligi manadyň satyn alyş ukyby durnuklaşýar, karz serişdeleriň elýeterligi üpjün edildi, manadyň hümmeti pugtalanýar. Puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi azalýar, sarp ediş nyrhlar durnuklaşýar. 2009-njy ýylda puluň hümmetsizlenmeginiň derejesi 100,1% boldy.

Türkmenistan halkara ykdysady ulgamyna goşuluşmak bilen netijeli hem-de özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýýar. Türkmenistan taýýar önümleri öndürýän we ýokary tehnologiýaly harytlary eksport edýän ýurtlaryň hataryna goşulmaga çalyşýar. Ýurdumyzda dünýäniň 103 ýurdy bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy alyp barýar. 2009-njy ýylda bilelikdäki we daşary ýurt kompaniýalary bilen 6 göterime çykaryldy. Daşary ýurt kompaniýalary umumy bahasy 11,7 mlrd dollara barabar gurluşyklaryň 530-sany ýerine ýetirilýär. Türkmenistanda gysga wagtda durmuşa geçirilýän beýik özgertmeler we halkara derejede howpsyzlygy üpjün edýän daşary syýasat uly abraýa eýe boldy, ýurdumyz ygtybarly, açyk we howpsyzlygy kepillendirilýän hyzmatdaş hökmünde özüni tanatdy.

Täze Galkynyşyň zamanasynda ýurdumyz ruhy we durmuş – ykdysady taýdan ösýär, döwlet we jemgyýetçilik durmuşy kämilleşýär, kanunçylyk we hukuyk tertibini pugtalandyrmaga gönükdirilen möhüm resminamalar kabul edildi. Häzirki wagtda raýatlara deň mümkinçilikleri kepillendirilýän kanunçylyk ileri tutulýar, halk häkimýetini, raýat jemgyýetini döretmäge ugur alyndy. Köp kanunlar täzelendi, Konstitusiýanyň täze redaksiýasy durmuşa ornaşdyryldy. Demokratiýanyň ýaýbaňlanmagy bilen adamlarda barha kämil dünýägaraýyş döreýär, her bir raýat köpçülik bilen jogapkärçiligi duýmaga çalyşýar. Ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeler ilkinji nobatda şeýle çemeleşmäni terbiýelemäge gönükdirilendir.

Şeýle ýagdaý durmuş ugurly, garyşyk görnüşli ösen bazar ykdysadyýetiniň döredilmegine ýardam berer. Bu bolsa döwletiň kuwwatly, her bir maşgalanyň bolelinli ýaşamagyna alyp barar. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orun tutmaga çalyşýan Türkmenistan önümçilik we durmuş ulgamlaryna uly möçberli maýa goýumlaryny gönükdirmäge çalyşýar. Şeýlelik bilen ösen bazar gatnaşyklary demokratik

özgertmeler her bir maşgalanyň bolelin ýaşamagyna, döwletiň kuwwatly bolmagyna alyp barar.

## Edebiýatlar

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 2-nji tom, Aşgabat, TDNG, 2009.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, 1-nji tom, Aşgabat, TDNG, 2008.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2009.
8. “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgermeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry” Milli maksatnamasy. Aşgabat, 1999.
9. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2003.
10. Туркменистан в цифрах в 1990 году // Кратки стат. сборник. – А.: Туркменистан, 1991.
11. Народное хозяйство Туркменистана в 1995 году // Стат. ежегодник, том 1, А.: 1997.
12. Народное хозяйство Туркменистана в 1995 году // Стат. ежегодник, том 2. – А.: 1997.
13. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2005. – A.: Türkmenmillihasabat, 2006.
14. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2006. – Aşgabat, 2007.

15. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2007. – Aşgabat, 2008.
16. A.Annaýew, A.Annaýew, A.Japarowa “Menejmentiň esaslary”, Aşgabat, Ylham, 1998.
17. A.Annaýew, A.Annaýew, A.Japarowa “Dolandyryş işleriniň esaslary”, Aşgabat, Ylham, 1998.
18. A.G.Annaýew, O.Baýkipçakowa, I.Muhamedowa, A.Japarowa “Kiçi täjirçilik kärhanalarynda dolandyryş zähmetini guramak”, Aşgabat, 2001.
19. A.Annaýew, I.Muhamedowa, A.Japarowa “Dolandyryş zähmetini guramak”, Aşgabat, Ylym, 2001.
20. A.Annaýew “Menejment (dolandyryş)”, Aşgabat, Ylym, 2001.
21. Ç.Ataýew “Bazary öwrenmek”, 1-2 kitaplar, Aşgabat, 2001.
22. J.Ataýew, A.Hydyrow “Ykdysady seljermäniň nazaryýeti”, Aşgabat, 2009.
23. A.Aýnazarow “Statistikanyň nazaryýeti”, Aşgabat, 2009.
24. I. B. Bakyýew “Zähmetiň ykdysadyýeti”, Aşgabat, 2001.
25. B.Berdimyradow “Ykdysadyýetde modelleşdirme we çaklaýyş”, Aşgabat, 2001.
26. Ý.Çarygeldiýew “Salgyt menejmenti dersi boýunça meseleler ýygyndysy”, Aşgabat, 2008.
27. Я.Чарыгелдиев “Фонд биржалары ве гыммат кагызлар базары”, 1995.
28. A.Esenow, A.Allanurowa “Beýik galkynyş we ylmy-tehniki ösüş”, Aşgabat, Ylym, 2010.
29. Ö.Işangulyýew “Dünýä ykdysadyýeti”, Aşgabat, 2001.
30. A.Hydyrow “Pudakda hojalyk işleriniň analizi”, Aşgabat, 2001.
31. B.Lukmanow “Türkmenistanyň halk hojalygynda zähmeti goramagy dolandyrmagyň ýeketäk ulgamy”, Aşgabat, 2001.
32. M.Мамедов “Малие менежменти”, 1994.
33. A.Sopyýew “Ykdysady nazaryýet”, Aşgabat, 2001.

34. B.Taýharow “Pul, karz we banklar”, Aşgabat, 2009.
35. Агропромышленное формирование холдингового типа. М., 2002.
36. Амосов А.И. Экономическая и социальная эволюция России. М.: ИЭ РАН, 2004.
37. Андрианов В.Д. Россия: экономический и инвестиционный потенциал. М., 1999.
38. Андрианов В.Д. Россия в мировой экономике. М., 2002.
39. Анчишкин А.И. Наука, техника, экономика. М.: Экономика, 1987.
40. Анчишкин А.И. Прогнозирование темпов и факторов экономического роста. М.: Макс Пресс, 2003.
41. Бабашкина А.М. Государственное регулирование национальной экономики: учеб. пособие. М.: Финансы и статистика, 2004.
42. Бартенев С. А. Экономическая история: учебник. М.: Экономист, 2004.
43. Белоусов Р. А. Экономическая история России: XX век. М.: ИздАТ, 2003.
44. Бердяев Н. Философия неравенства. М.: ИМА-Пресс, 1990.
45. Ближнее и дальнее зарубежье в геоэкономической стратегии России / ИМЭМО РАН. М., 1997.
46. Бизнес и безопасность / КМЦ «Центурион». М., 1992.
47. Бункина М. К. Национальная экономика: учебник. М: Дело, 1997.
48. Борисов В. Н. Машиностроение в воспроизводственном процессе. М.: МАКС Пресс, 2000.
49. Буданов И. А. Черная металлургия в экономике России. М.: МАКС-Пресс, 2002.
50. Булгаков С. Н. Философия хозяйства. М.: Наука, 1990.

51. Валентей С. Д. Развитие общества в теории социальных альтернатив /С. Д. Валентей, А. Н. Нестеров. М.: Наука, 2003.
52. Виленский А. В. Система поддержки и развития малого предпринимательства. М.: Столичный бизнес, 2002.
53. Виноградов В.В. Экономика России: учеб. пособие. М.: Юристь, 2002.
54. Национальная экономика: учебник / под ред. В.А.Шульги. М.: Российская экономическая академия, 2002.
55. Витте С. Ю. Воспоминания. Таллинн; Москва, 1994. Т. 1,2, 3.
56. Витте С. Ю. Конспект лекций о народном и государственном хозяйстве, читанных его императорскому высочеству великому князю Михаилу Александровичу в 1900—1902 гг. М.: Фонд экономической книги, 1997.
57. Гайдар Е. Т. Долгое время. Россия в мире: очерки экономической истории. М.: Дело, 2005.
58. Гладышевский А. Н. Формирование производственного потенциала: анализ и прогнозирование. М.: Наука, 1991.
59. Инфляция и хозяйственный механизм / отв. ред. С. М. Никитин. М.: Наука, 1993.
60. Глазьев С. Ю. Пути преодоления инвестиционного кризиса // Вопросы экономики. 2000. №11.
61. Глазьев С. Ю. Экономическая теория технического развития. М.: Новое издательство, 2003.
62. Глобализация экономики и внешнеэкономические связи России / под ред. И. П. Фаминского. М.: Республика, 2004.
63. Гранберг А. Г. Межрегиональные сопоставления валового регионального продукта в Российской Федерации: методологические подходы и

экспериментальные расчеты / А. Г. Гранберг, Ю. С. Зайцева // Вопросы статистики. 2003.№2.
64. Деньги, кредит, банки: учебник/под ред.О. И. Лаврушина. М.: Финансы и статистика, 2002.
65. Долгов С. И. Глобализация экономики — новое слово или новое явление. М.: ОАО «Издательство «Экономика», 1998.
66. Дворянков В. А, Экономическая безопасность (теория и реальность угроз) / РАЕН, М., 2000.
67. Европа: вчера, сегодня, завтра / ред. колл. акад. Н. П. Шмелев (пред.) и др. М., 2002.
68. Заславская Т. И. Социальная трансформация российского общества. Деятельностно-структурная концепция. М.: Дело, 2002.
69. Илларионов А. А. Бремя государства // Вопросы экономики. 1996. № 9.
70. Илларионов А. А. Ответ на многие вопросы — либеральная экономическая политика // Рынок ценных бумаг. 1999. № 19.
71. Инновационный менеджмент в России. Вопросы стратегического управления и научно-технической безопасности / рук. авт. кол-ва В. Л. Макаров, А. Е. Варшавский. М.: Наука, 2004.
72. История экономических учений. Современный этап: учебник. М.: ИНФРА, 1998.
73. Концепция национальной безопасности Российской Федерации // Российская газета. 1997. 26 декабря.
74. Кондратьев Н. Д. Проблемы экономической динамики. М.: Экономика, 1989
75. Кейнс Дж. М. Общая теория занятости, процента и денег. М.: Прогресс, 1978.
76. Кондратьев Н.Д. Проблемы экономической динамики. М.: Экономика, 1989.

77. Корнай Я. Социалистическая система. Политическая экономия коммунизма. М. : НП журнал «Вопросы экономики», 2000.
78. Кудров В. М. Советская экономика в ретроспективе. Опыт переосмысливания. М. : Наука, 1997.
79. Курс переходной экономики / под ред. Л.И. Абалкина. М. : Финстатинформ, 1997.
80. Курс экономической теории / под ред. А. В. Сидоровича. М.: ДиС, 2001.
81. Лавров С. В. Геополитические и геоэкономические проблемы России / Сиб. ТОО ТК «Петрономс», 1994.
82. Леонтьев В. Межотраслевая экономика. М.: Экономика, 1997.
83. Леонтьев В. Экономические эссе. М.: Политиздат, 1990.
84. Львов Д. С. Экономика развития. М.: Экзамен, 2002.
85. Лыкова Л. Н. Налоги и налогообложение в России: учебник. М.: Дело, 2004.
86. Мау В. Реформы и догмы. М.: Дело, 1993.
87. Международные экономические отношения: учебник/под ред. И. П. Фаминского. М. : Экономистъ, 2004.
88. Мильнвр Б. 3. Управление знанием, М.: Инфра-М, 2003.
89. Мэнкью Г. Принципы экономики // СПб. : Питер, 2003.
90. Население России. Экономическая и социальная география России / под ред. А. Т. Хрущова. М., 2001.
91. Наука и высокие технологии в России. М.: Наука, 2001.
92. Норт Д. Институты, институциональные изменения и функционирование экономики. М.: Фонд эконом. книги «Начала», 1997.
93. Ойкен В. Основы национальной экономики. М.: Экономика, 1996.

94. Ольсевич Ю. Я. К теории экономических трансформаций. М.: ИЭ РАН, 1997.
95. Орешин В. П. Государственное регулирование национальной экономики. М.: Юристъ, 1999.
96. Очерки истории российской экономической мысли. М.: Наука, 2003.
97. Петраков Н. Я. Антиинфляционная инвестиционная политика — стратегия экономического развития России // Рынок ценных бумаг, 1999.
98. Политика доходов и заработной платы: учебник / под ред. П.Савченко, Ю. П. Кокина. М.: Экономистъ, 2004.
99. Попов Г. Х. Будет ли у России второе тысячелетие? М.: Экономика, 1998.
100. Предпринимательство и безопасность. Т. 1. М.: Универсум, 1991.
101. Природные условия и природные ресурсы. Экономическая и социальная география России / под ред. А. Т. Хрущева. М., 2001.
102. Радыгин А. Д. Корпоративное управление и защита прав собственности: эмпирический анализ и актуальные направления реформ / А. Д. Радыгин, Р.М. Энтов. М., 2001.
103. Рассадин В. Н. Оборонно-промышленный комплекс. Генезис. Конверсия. М.: МАКС Пресс, 2002.
104. Римашевская Н. М. Человек и реформа: секреты выживания. М., 2003.
105. Россия в глобализирующемся мире. Политико-экономические очерки /под ред. Д. С. Львова. М.: Наука, 2004.
106. Роузфилд С. Сравнительная экономика стран мира. М., 2004.
107. Рябушкин Б. Т. Система национальных счетов / Б. Т. Рябушкин, Т. А. Хоменко. М.: Финансы и статистика, 1993.

108. Рязанов В. Т. Экономическое развитие России. Реформы и российское хозяйство в XIX—XX вв. СПб.: Наука, 1999.
109. Савруков Н. Т. Национальная экономика / Н. Т. Савруков, А. Н. Егоров, Е. А. Егорова. СПб.: Политехника, 1999.
110. Савченко П. В. Поиски истины. Избранные произведения. М.: ИЭ РАН, 2001.
111. Самуэльсон, П. Экономика. М. : Прогресс, 1964.
112. Система таблиц «Затраты — выпуск» за 2000 год. М.: Госкомстат России. 2003.
113. Смешанное общество: российский вариант / под ред. Л. В. Никифорова. М.: Наука, 1999.
114. Сорокин Д. Е. Россия перед вызовом: политическая экономия ответа. М.:Наука, 2003.
115. Состояние и меры по развитию агропромышленного производства РФ. М., 2004.
116. Стиглиц Дж. Экономика государственного сектора. М. : МГУ, 1997.
117. Стиглиц Дж. Глобализация: тревожные тенденции. М.: Мысль, 2003.
118. Столерю Л. Равновесие и экономический рост. М.: Статистика, 1974.
119. Столыпин П. А. Нам нужна великая Россия. М. Молодая гвардия, 1991.
120. Стоун Р. Метод «затраты — выпуск» и национальные счета. М.: Статистика, 1970.
121. Стратегический ответ России на вызовы нового века / под ред. Л. И. Абалкина. М.: Экзамен, 2004.
122. Стратегия развития предпринимательства в реальном секторе экономики / под ред. Г. Б. Клейнера. М.: Наука, 2002.
123. Суворов А. В. Доходы и потребление населения: макроэкономический анализ и прогнозирование. М. : МАКС-Пресс, 2001.

124. Суперфин Л. Г. Глобальное и национальное: Специфика взаимодействия глобальных и национальных факторов современного исторического процесса М.: ИЭ РАН, 2003.
125. Технологии безопасности коммерческой деятельности. Т. 1-4. Саратов: Коронель, 1997.
126. Удалов Ф. Е. Прошлое и будущее (анализ и прогноз). Нижн. Новгород, 1997.
127. Фадеев В. Малое предпринимательство в Российской Федерации. М.: Наука, 2000.
128. Федоренко Н. П. Вопросы оптимального функционирования экономики. М.: Наука, 1980.
129. Федоренко Н. П. Россия на рубеже веков. М.: Экономика, 2003.
130. Федорова М. Н. Трансформации институтов некоммерческих организаций в Российской Федерации. М.: ИЭ РАН, 2004.
131. Финансы, денежное обращение и кредит: учебник / под ред. В. К. Сенчагова. М.: Проспект, 2001.
132. Фишер П. Привлечение прямых иностранных инвестиций в России: 5 шагов к успеху. М.: ФЛИНТА ; Наука, 2004.
133. Формирование национальной финансовой стратегии России. Путь к подъему благосостоянию : учебник / под ред. В. К. Сенчагова. М.: Дело, 2004.
134. Хайек Ф. А. Индивидуализм и экономический порядок. М.: Изограф; Начала-фонд, 2000.
135. Хмыз О. В. Международный рынок капиталов. М.: Приор, 2002.
136. Ходжсон Дж. Экономическая теория и институты. Манифест современной институциональной экономической теории. М.: Дело, 2003.
137. Чаянов А. В. Крестьянское хозяйство. Избранные труды. М.: Экономика, 1989.

138. Шмелев Г. И. Аграрная политика и аграрные отношения в России в XX веке. М., 2000.
139. Шульга В. А. Приоритеты развития российской экономики и возможности выхода ее из кризиса, или нужна ли России мобилизационная экономика? / РАЕН. М., 2000.
140. Эггертсон Т. Экономическое поведение и институты. М., 2001.Экономика переходного периода: учебник / под ред. В. В. Радаева, А. В. Бузгалина. М.: изд-во МГУ, 1995.
141. Экономическая безопасность. Производство. Финансы. Банки / Под ред. В. К. Сенчагова. Разд. 1. М.: Финстатинформ, 1998.
142. Экономическая теория национальной экономики и мирового хозяйства. (Политическая экономия.): учебник / под ред. А.Г.Грязновой, Т. В. Чечелевой. М.: ЮНИТИ — Банки и биржи, 1998.
143. Ясин Е.Г. Российская экономика. Истоки и панорама рыночных реформ: учеб. пособие. М., 2003.
144. Яременко Ю. В. Теория и методология исследования многоуровневой экономики. Избранные труды : в 3 т. М.: Наука, 1997.
145. Veblen T. The Place of science in modern civilization and other essays. N.-Y.: Russel & Russel, 1919.
146. Ward L. Improving corporate boards. N.-Y.: John Wiley & Sons. Inc., 2000.

## Mazmuny


| | |
|---|---|
| Giriş | 7 |
| Milli ykdysadyýetiň görnüşleri | 14 |
| Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmek mümkinçilikleri | 24 |
| Türkmenistanyň çig mal resurslary | 33 |
| Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş döwürleri | 37 |
| Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň düzüm gurluşy | 48 |
| Senagat pudagy | 57 |
| Nebitgaz we elektrik energiýa senagaty | 61 |
| Himiýa senagaty | 69 |
| Maşyngurlyşygy we metaly işläp bejerýän senagat | 74 |
| Gurluşyk toplumy | 78 |
| Oba senagat toplumy | 91 |
| Ulag we aragatnaşyk pudaklary | 108 |
| Ilatyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi | 120 |
| Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň önümçilige degeşli däl pudaklary | 131 |
| Türkmenistanyň sebitleriniň durmuş-ykdysady aýratynlyklary | 151 |
| Jemleme | 167 |
| Edebiýatlar | 174 |